ATA GOWŞUDOW



# Dordepel





ATA GOWŞUDOW



# Dordepel

Powest we hekaýa

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2007

UOK 894.361
G 57

Gowşudow A.
G 57 **Dordepel.** Powest we hekaýa. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

Türkmen edebiýatynda öçmejek yz galdyran, ussat ýazyjy Ata Gowşudowyň bu kitaba girizilen eserleriniň tematikasy biri-birine ýakyn bolup, türkmen durmuşynyň aýratynlyklary, däp-dessurlary, gylyk-häsiýetleri, şeýle-de geçmiş taryhy sada dilde beýan edilýär.

Ýazyjynyň «Dordepel» powestinde XIX asyr türkmen durmuşy, daşky duşmanlaryň türkmen topragyna häli-şindi guraýan talaňçylykly ýörişleri, Watan goragyna çykan batyr ýigitleriň edermenligi, ugurtapyjylygy, esasan-da, halkymyzyň göz-guwanjy dal boýun atlary barada gyzyky gürrüňler berilýär.

«Gajar aga» hekaýasynda gürrüňçi ýaşulynyň öz başdan geçiren wakalary bilen bagly berýän gürrüňleri ýaş nesli terbiýelemekde özboluşly durmuş mekdebidir.

TDKP № 111, 2007 KBK 84 Tür 7

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

## DORDEPEL HAKDA DESSAN

Mähriban çagalar!

Siz häzir ullakan şatlygyň, ömürboýy ýatdan çykmajak bir gowy wakanyň bosagasynda dursuňyz. Bu şatlyga, bu gowulyga "Dordepel" diýilýär.

Indi hasaplap otursam, siziň ýaşyňyzdakak, türkmeniň gahryman bedewi Dordepel bilen biziň ilkinji gezek tanşanymyza kyrk ýyl töweregi bolupdyr. Köneleriň aýdyşy ýaly, "Kyrk ýylda bir ýigit kemala gelermiş". Biz şol Dordepel bilen ulaldyk, kemala geldik. Ýöne entegem şol Dordepeliň üstünden ýere düşüp bilemzok, düşesimizem gelenok. Sebäbi, "At münmek – jan üstünde jan beslemekdir" diýipdir könelerimiz. Ony, ynha, özüňizem görersiňiz.

Dordepele atlanmak nobaty indi sizden, eziz çagalar!

"Dordepeli" okarsyňyz. Okarsyňyz-da, şol adybelli Dordepeliň üstünde ýapyrylyp oturan öz ýaşytdaşyňyz, on üç-on dört ýaşlaryndaky dogumlyja oglanyň ýerine özüňiz baryp gonarsyňyz. Gonarsyňyz-da, Seýdi şahyr aýtmyşlaýyn, "Watan üçin, abraý üçin, il üçin" Alla diýip at goýarsyňyz. Şonda yzyňyzdan ýetip ýa-da öňüňizden çykyp, sizi saklap biljek güýç bolmaz. Sebäbi, siziň astyňyzda Dordepel, arkaňyzda bolsa uly umytlar bilen garaşyp galan il-ulsuňyz bardyr.

Soň size ol behişdi bedewiň üstünden düşme ýokdur. Çünki, ol bedew telim-telim asyrlar bäri siziň ata-babalaryňyzy, babalaryňyzyň babalarynam öz üstünde aman saklap, ençe-ençe bela-beterleriň arasyndan sogrup çykaryp, halas edip gelýändir.

Türkmeniň telim müňýyllyklar bäri, ýüzläp-müňläp milletleriň

arasynda ýitip, ýok bolup gitmänliginiň bir sebäpkärem – şol Dordepellerdir.

Biziň hemmämizi bu meşhur Dordepeliň üstüne atarmagy başaran ýazyjy Ata Gowşudow 1903-nji ýylda Ahal welaýatynyň Abadan (öňki Büzmeýin) şäherinde dünýä inýär. Bary-ýogy elli ýaşap, 1953-nji ýylda-da aradan çykýar. Emma bu ussat ýazyjynyň şol aralykda döretmäge ýetişen dürdäne eserleri ("Gandym awçynyň maşgalasy", "Köperdagyň eteginde", "Mähri—Wepa", "Perman", galyberse-de, "Dordepel") entege-bu güne çenli ýigit ýaşynda ýaşap gelýärler.

Munuň syry nämede?

Geliň, ol syryň açaryny ilki "Dordepelden" gözläp göreliň!

Bu eseriň many-mazmunyny öňünden aýdyp bermek meniň niýetimde ýok. Beýtmäniň siziň üçin gyzygam ýok, geregem. Eseri häzir özüňiz okarsyňyz.

Ýöne eserdäki dartgynly wakalaryň haçan, nämeden başlananlygyny gysgaça ýatlamak welin, artykmaçlyk etmese gerek.

Türkmenlerden ahmyrly Nasyreddin şa olaryň küren il bolup ýazlaga çykanyny eşidýär-de, türkmenleri şol ýerde gabap ýok etmek üçin, öz serkerdesi Japarguly hanyň baştutanlygynda agyr leşger ýollaýar. Gabaw başlanýar. Bu agyr goşunyň garşysynda az güýç bilen uzak durup bolmajakdygyna gözleri ýetik türkmenler daş-töwerekdäki türkmen galalaryndan kömek soramak üçin çapar ýollamak hakda karara gelýärler. Ýöne kimi ýollamaly? Ýollaýanyň-da, bu berk gabawy nädip böwsüp geçjek?

Iň soňunda, hemmeleriň umytly nazary gökdepelileriň Dordepel atly iň ýyndam atynda eglenýär. Bu kyn işi şol halasgärden başga başarjak ýok.

— Meniň atym çapara gitjek bolsa, şonuň bilen meniň körpe oglum gitsin, atym näme bolsa, goý, oglum hem şonuň bilen bile bolsun!

Ine, bu hakyky türkmen ýaşulusynyň – Dordepeliň eýesiniň şol kyn pursatda aýdan sözleri! Ol il-günüň bähbidi üçin özüniň janyndan eý görýän iki sany mähribanyny orta goýýar.

"Dordepel" powestiniň baş gahrymany Dordepel eseriň dowamynda bary-ýogy iki-üç gezek orta çykýar. Ynha, biz onuň örän jogapkärli, iňňän töwekgelçilikli ýumşa gitmeziniň öň ýany, başyny dim-dik tutup, talawladyp, alma gözlerini töweregine dikip durşuny görýäris. Ol häzir at däl-de, adam! Şonuň üçinem, öz eýesiniň, onuň oglunyň, küren obanyň, tutuş il-ulsuň başyna niçiksi agyr günüň düşenini, şu giden ilatyň, "Biziň Dordepelimiz!" diýip buýsanyp ýören mähelläniň bar umydynyň häzir özüne dikilendigini, daşyna üýşen uly-kiçi, aýalu-oglan-uşak – barçanyň ykdalynyň köp derejede özüne baglydygyny ol şol wagt ýüregi bilen syzan bolmaly.

Ýöne syzmak, düşünmegem entek ýeterlik däl. Bu ýumşuň hötdesinden gelmek üçin gaty ullakan ýürek, dogum-gaýrat gerek. Emma o-da entek boldugy däl.

Türkmen bedewleriniň hakyky durmuşda hatda gaplaň bilen başa-baş garpyşan halatlaram bolupdyr. Şeýle ýagdaýlarda, ol diňe batyrlygy, ýürekliligi bilen däl-de, akylly-başly, aýgytly hereketleri, başarjaňlygy arkaly üstün çykýar.

Dordepelem daş-töweregi ykjam gabap duran duşman sapynyň arasyndan sap atyp, diňe ýyndamlyk däl-de, hile-al bilen, başarnyk--emel bilen geçmäni başarýar. Ýogsam, onuň üstünde oturan – köpügören bir çapyksuwar ýa-da daglara azy salýan batyr ýigit däl, on dört ýaşlaryndaky ýaşajyk oglan. Emma o-da öz aty ýaly, garadangaýtmaz. Türkmen bedewiniň bir üýtgeşik häsiýetem – onuň adam tanaýanlygy, üstünde oturanyň keýpini, duýgularyny, niýetini bada-bat aňyp, şoňa görä-de hereket edip bilýänligi. Eger-de şol aldym-berdimli pursatda, üstündäki oglanjyk özüni gorka basdyryp, sähelçe ejizlän bolsa, onda Dordepeliňem, belki, toýnak urşy üýtgärdi.

Eýsem, Dordepel ýaly asylly, gylykly, düşbi, "Jynsy – haýwan, akyly – ynsan" bolan bedewler nireden, nädip döreýär?

Türkmeniň ahalteke atlaryna "Arşdan inen behişdi bedewler" diýilse-de, olar Ýerde döräp, esasan, Ahal topragynda önüp-ösýärler. Olaram edil adam ogluny terbiýelän ýaly, terbiýelemek gerek. Bu

kyn işi başarýan, haýwandan ynsan gylykly bir jandar döredýän ussada-da seýis diýilýär. Onuň öz garnynyň açlygy ýa doklugy ýadyna düşmez, emma, seýisleýän atyna bermeli höregini, iýmitine garmaly ýumurtgasyna çenli her-hesip eder tapar, berer. Öz saç-sakgalyny haçan syrdyryp-bejerdeninden habary ýokdur, emma atyny günde bir ýuwup-ardyp, ýallaryny perizadyň saçy ýaly şabyrdadyp daramaga ýaltanmaz. Şonuň üçinem, ata-babalarymyz "Aty at edýänçä, eýesi it bolar" diýipdirler.

Bedew türkmeni gerşinde göterse, türkmen öz bedewini depesinde götermäge taýýar.

Ýöne, türkmen bedewem özüne edilen ýagşylygy, ideg-yssuwadyň gadyryny gaty gowy bilýär. Ol edil asylly adamlar ýaly, şol ýagşylygy gaýtarmaga, ýanaşdyrmaga çalyşýar.

Dordepeliň edermenliginiň, wepalylygynyň, gylyklylygynyň düýp sebäbini indi aňansyňyz.

Şeýle ajaýyp atyň çeper keşbini döreden ussat ýazyjynyň öz ömründe hiç haçan atşynaslyk, seýisçilik bilen iş salşyp görmändigini aýtsam, geň galmagyňyz mümkin. Emma bu – hakykat. Geljekki ýazyjy on ýedi ýaşynda Aşgabatda mugallymçylyk ugrundan okap başlaýar, soň okuwyny Moskwa şäherinde dowam etdirýär. Ondan gelibem, Ýaşlar guramasynda, ýaşlar gazetinde, teatrda işleýär, emma onuň döredijilik ugrundan okuwy, tälimi has aňyrdan, çagalygyndan gaýdýar. Hawa, ýazyjynam edil at seýislän ýaly, seýisleýän, terbiýeleýän, ýetişdirýän adamlar, ýagdaýlar, şertler, sebäpler bolýar. Galyberse-de, ýazyjy hiç haçan görmedik, bilmedik, öwrenilmedik zatlarynyň syryna-da özüniň zehini, duýgulary, akyly arkaly ýetip bilýär.

A. Gowşudowyň ýaşlykdan ýazyjylyga, döredijilige gözükmeginde onuň ejesi Ogulgerek daýzanyň aýdyp beren ertekileriniň, rowaýatlarynyň, goşgularynyň täsirini öň köp alymlar, şejereçiler belläp geçdiler. Soňra A. Gowşudowyň "Görogly" eposynyň yşgyna düşüp, ilden-ile, obadan-oba aýlanyp, bu beýik eseri bapma-bap çöplemäge, ony ýygnap, özbaşdak kitap görnüşinde çap

etdirmäge işeňňir gatnaşyşy hakda-da kän aýdyldy. Şonda Gyratyna "Zürýat dilemedim – seni diledim" diýýän Göroglynyň, "Gyraty bolmasa, Görogly hiç kimdir. O zaňňaryň Gyratyny elinden almak gerek, tagsyr!" diýýän duşmanlaryň sözleri, eýsem, ýaş ýazyjynyň ýüregine müdimilik çümüp galan dälmidir?!

Yene-de Görogla dolanalyň, onuň Arap Reýhana ýesir düşende, Gyratyny Çandybile çapar ýollaýşyny, Agaýunusyň öz gaşyna aglap gelen Gyratyň gözýaşyny süpürip, "Sözle, Gyrat, men gurbanyň bolaýyn!" diýip ýalbaryşyny ýatlalyň.

Şu ýerde, häzirki zamanyň iň uly, meşhur seýisleriniň biriniň atlar hakda söz açyp, "Aý, gaty gyssaberseň, gürlejegem-how şular!" diýşi ýadyma düşýär.

Dordepeliň aňyrsy, zanny, köki, ynha, nirelerden gaýdýar!

A. Gowşudowyň döredijiligine iňňän uly täsir eden türkmen nusgawy edebiýatynda iň gowy işlenen keşpleriň biri – bedewiň obrazy bolsa gerek.

Ata Gowşudowyň " Dordepel" powestem şol ajaýyp nusgalaryň mynasyp dowamydyr.

Dordepel sebäpli başky söweşde paltalary daşa degen duşmanlaryň soňra her-hesip edip, Dordepeli ele salmak üçin edýän synanyşyklaram, bir tarapdan, Gyratyň ogurlanyşyny ýatlatman duranok. Munuň sebäbem, A. Gowşudowyň "Görogludan" gönüleýin täsir almasy däl-de, duşmanyň şol köne duşmanlygy, türkmen üçin bedew atyň niçiksi gymmatynyň bardygyna onuň gowy düşünýänligidir. Emma Dordepeliňem şol öňki Dordepelligi! Ol bu gezegem duşmanyň ät galmagyna sebäp bolýar.

Gepiň gysgasy, Dordepeller bilen türkmenleriň agzy birkä, ýürekleri deň uryarka, olary ýeňmek mümkin däl.

Häzirki Garaşsyzlyk döwründe, Beýik özgerişlikler eýýamynda türkmen bedewine aýratyn sarpa goýluşy, her ýylyň belli güni onuň hatyrasyna ullakan toý-baýram edilmegi hem öz aty bilen taryha giren ata-babalarymyzyň şöhratly däbiniň, türkmen bedewine bolan çäksiz, tükeniksiz minnetdarlygyň dowamydyr.

... Wagt geçer. Gözleri alma kimin Dordepel toýnaklarynyň astyndan ot syçradyp, edil häzirkisi ýaly juwan ýaşynda ýene siziň öňüňizden çykar. Şonda sizem özüňizi edil häzirki ýetginjek ýaşyňyzda ýaly duýarsyňyz.

Ata Gowşudowyň döredijiligine mahsus ýene bir aýratynlygy bellemegimiz gerek. Her bir ussat ýazyjynyň eserlerinde bolşy ýaly, A. Gowşudow at hakda ýazsa-da, tebigat barada söz açsa-da, ol zatlaryň hiç birini adamdan aýry göz öňüne getirenok. Daş--töwerekdäki zatlaryň adama täsir edişi ýaly, adamyň hem daş--töwerege, haýwanata, tebigata ýetirýän täsirini ýazyjy gaty gowy bilip suratlandyrypdyr. Şeýlelikde, ol adam häsiýetiniň döräp, kemala gelşini örän ynandyryjylykly görkezipdir. Şu babatda, ýazyjynyň «Gajar aga» atly hekaýasy has-da nusga alarlykdyr. Bu hekaýada sada, dogumly, ak ýürekli, bir söz bilen aýdynyňda, özboluşly milli türkmen häsiýetiniň kemala gelşi çeper suratlandyrylýar.

*Kömek Kulyýew, ýazyjy.*



# DORDEPEL

## I

Ýaz aýlarynyň hoş howaly günleriniň biridi. Näme-de bolsa, ýadymda däl, bir iş bilen öýden çykyp, Aşgabadyň mähelleli köçeleriniň biri bilen barýarkam, at toýnagynyň sesleri meni çuňňur pikirden oýardy. Kolhozçy ýaş ýigitleriň birnäçesi atlaryny öwüsdirip, giň köçäniň ortasy bilen sürýärdiler. Owadan tohum atlar boýunlaryny talawladyşyp, kellelerini dik tutuşyp, oýnaklaşyp barýardylar. Köçeden barýan köpçülik – ýolagçylar ýörite durup, atlary synlaýardylar. Men hem synladym.

Ýolagçylardan kimdir biri synlap duran ýerinde:

– Gör, nähili gowy atlar? – diýip, öz başyna gürläp, ýüregindäki şatlygyny ýüzüne çykardy.

Başga biri bolsa:

– Owadan atlar eken – diýdi.

Ýaz möwsüminde boljak ýaryşlara taýýarlanyp ýören kolhozçylar atlaryny oýnadyp, geçip gitdiler.

Men garrylardan atlar hakynda gaty köp hekaýalar, rowaýatlar, hatda hakyky bolup geçen wakalar hakynda hem köp gürrüňler eşidipdim. Emma welin men, öz wagtynda ol aýdylan hekaýalary

diňe bir gyzykly ertekiler hökmünde diňläpdim. Dogrusyny aýdanda, şu günki ýaly atlara hyrydar göz bilen synymyň düşen ýeri hem ýokdy. "Atlar hakynda bir zat ýazmak gerek" diýen pikir kelläme geldi. Şunuň bilen birlikde hem atlar hakynda joşup gürrüň berýän garrylary ýadyma saldym. Häsiýetli tohum atlar hakynda joşup, gyzykly gürrüňler berýän garrylaryň her bir obalarda bolşy ýaly, biziň obamyzda hem birnäçesi bardy.

Biziň obamyzyň iň garrylaryndan birine Nyýazmyrat diýerdiler. Il içinde onuň adyny hormat bilen Nyýazmyrat aga diýip tutardylar. Ol uzyn boýly hem ýogyn, süňkbaşy iriden gödeňsiz, satanlary uzyn adamdy. Ol çaklaňrak ýabylara atlananda, aýaklary ýere degýärdi. Şol göwresine laýyk onuň ullakan kellesi hem bardy. Ine, atlary söýüjileriň biri şoldy. Ol togsan ýedi ýaşyndady... Men şol garrynyň ýanyna gitmegi ýüregime düwdüm we şol günüň ertesi otly bilen obamyza, şonuň ýanyna gitdim. Dopba-dogry hormatly garrynyň ýanyna ugradym we ony salamat gördüm.

Çogluja ýaz günleri açyk, tämiz howada tamyň bir tarapynda, kölegede ýazylan ak keçäniň üstünde ol garry ýassyga tirsegini berip, gyşaryp ýatyp, dumly-duşuny synlaýardy. Dumly-duş gök-ýaşyl, gyzyl güller bilen bezelipdir, şeýle wagt töweregi synladygyňça höwesiň göterilýär, göwnüň açylýar. Belki, ýaşuly hem häzir töwereginiň gözel görnüşini synlap, özüniň ýigitlik döwrüni ýada salýandyr, belki, ol bu gözel görnüş bilen hoşlaşýandyr. Näme-de bolsa, häzir ol daş--töweregini hyrydar göz bilen synlap, dymyp ýatyrdy. Çünki, ýaz paslynda adamlaryň hemmesi kolhozyň ekin meýdanynda – iş üstünde, çagalar bolsa mekdepde okuwda bolýardylar. Öýde ýaşulynyň ýeke özüdi. Men öz ýanymdan: "Ýaşuly indi gaty garrandyr, ol indi meni tanamasa gerek" diýip oýlandym. Emma ol beýle bolmady. Men tamyň bir gapdalyndan dolanyp:

– Salawmaleýkim! – diýip, seslenen badyma ýaşuly dik oturdy-da:

– Aleýkim! – diýip, görüşmek üçin maňa iki elini uzatdy. Garrylaryň däbi boýunça iki elimiz bilen gadyrly görüşdik. Ýaşuly

bilen ozallar duşuşamda, ol meniň il arasynda tutulýan adymy tutman, maňa ady dakylan garry atamyň adyny tutýardy, meni özüniň içgin tanaýan garrysynyň deregine gelen adam hökmünde hormatlaýardy. Bu sapar hem ol salamlaşanda, meniň şol adymy tutdy. Men şonda tanamaz diýip, eden pikirimiň ýalňyşdygyny duýdum. Hal-ahwal soraşan wagtymyz meniň:

– Garrylyk bilen nädýäň, Nyýazmyrat aga? – diýip, beren soragyma ol:

– Häli-hä ýagşy, ýogyn iňňä sapagy kömekçisiz sapyp bilýän, hon ýaly ýerden bolsa ýyrtyk ýaprak üzüm bilen gara üzümiň çybyklaryny aýyl-saýyl edip bilýän – diýip, dört-bäş ädimlikde gök pürdek bolup oturan üzüm agaçlaryny görkezdi. Aslynda ýaşulynyň ullakan gözleriniň ýanyp duran ýiti şöhlesi ýaş ýigit wagty uzak ara daşlykdan görnen garany saýgarypdyr, onuň durmuşynda ýiti göreji oňa örän köp kömek edip, ony köp howplardan hem sypdyrypdyr. Häzir onuň gözlerinde ýigitlik çagynyň ýitiligi galmadyk bolsa hem, şöhlesi öçgün däldi. Ol:

– Oglum, her näme-de bolsa gadymkylaryň: "Ölmeseň, garrarsyň" diýenleri dogry eken, agyr ýükleri ineriň gapdalyna ýalňyz özüm çatardym, indi ol güýç-kuwwatdan hiç zat galmandyr, dyzymda ysgyn galmandyr, bu indi göwrämi zordan göterýär – diýdi.

– Nyýazmyrat aga, ýeke özüň otyrmyň? – diýdim. Onda ol:

– Özüňe belli, bu günler ýaz günleri, hemmeler meýdanda, çagalar bolsa mekdepde. Menem ýöne oturamok, başardygymdan kömek berýärin – diýip jogap berdi.

Ikimiziň sorag-jogap gürrüňimiziň arasynda ýaşuly özüniň häzirki idedilişinde kiçi oglundan hem onuň aýalyndan köp hoşaldygyny aýtdy. Soň bolsa ol geçen zamanlardan, öz başyndan geçenlerden hem görüp--eşiden wakalaryndan gürrüň bermäge başlady. Başyndan gaty köp wakalary geçiren bu garry şol wakalary düýp sebäpleri bilen gürrüň bermäge ukyply gürrüňçidi. Emma welin diňe ýyl hasabyny: "Gajarlardan sary top alnandan bäş ýyl öň... on ýyl soň" ýa-da "Näz

çapylandan pylança ýyl öň ýa-da soň..." diýip, bolup geçen belli bir taryhy wakalar bilen ýyl hasabyny kesgitleýärdi. Emma ýaşuly örän ýatkeşdi, onuň ýaş wagtynda başyndan geçiren wakalary hem onuň göwnüne göýä düýn ýa-da öňki gün bolup geçen hadysalar ýaly duýulýan bolmaga çemelidi. Men söz arasynda, ýeri gelende gürrüňi atlara baka öwürdim. Şonda garry meniň ýüzüme çiňerildi-de:

– Senem atlary söýýärmiň, oglum? – diýdi we maňa gürlemäge salym bermän, ýene öz-özüne jogap berdi:

– Hawa-da, atlary sen söýmeseň bolmaz ahyryn, asyl atlary söýmelidir. Öňki zamanda köp ýerlerde bizi ölümden gutaran atlar boldy... Men şu ömrümde örän köp gowy häsiýetli atlary gördüm. Bir wagt bir waka boldy, ine, gulak as – diýip, gürrüňe başlady.

## II

– Bu waka men ýigrimi iki ýaşymdakam bolup geçdi. Özüňe mälim, hemişe Arkaçda däne ýetmezçiligi bolup durýardy. Biziň ýerimiz köp, emma bol suwumyz ýok, dagdan çykýan çeşmeleriň suwuna ekilýän bugdaý bolsa ahallylaryň ýyl boýy iýjek azygyna ýetişmeýär. Şonuň üçin hem ahallylar her ýyl Mara ýa-da Hywa argyşa gatnamaly bolýardylar.

Bir sapar biz on adam bolup, Mara baka argyşa ugradyk. Hatarly çölleri kesip geçdik. Sag-aman Mara ýetip, öz alyp giden harydymyzy bugdaýa çalyşdyk. Ýigrimi ýedi düýäniň bugdaý ýüküni tutup, yzymyza öwrüldik. Ýoluň ýarymyndan köprägini sag-salamat geçdik. Menzilme-menzil düşläp, ýük ýazdyrýarys, düýelerimizi goýberip, naharlanýarys, tapdygymyzdan özümiz hem naharlanýarys. Bu günler sowap barýan güýz günleridi, emma biz gije uly ot ýakman, gündiz uly tüsse çykarman mydar edýärdik. Sebäbi ol wagt howply-gorkuly zamandy. Eýran hanlary türkmenleriň üstüne baka çapawullamak üçin topar-topar atly-ýaragly çapawul iberýärdiler. Hanlaryň ol iberýän garakçylar topary bolsa, uly ýollarda kerwenleri talaýardy, galadan

ýaragsyz çykan ýeke-iki daýhany tutup, elini arkasynda daňyp, ýesir edip, alyp gidýärdi. Bu düzgün eýran hanlarynyň ata-babadan bäri ýöredip gelýän düzgünidi. Şol zamana bolsa türkmenler "ýagyçylyk döwri" diýip aýdýardylar. Daýhanlar ekin işleri üçin galadan çykanlarynda ýaraglanyp, bäş-on adam bolup çykýardylar. Garagumuň jümmüşinde goýun bakýan çopanlar-da ýaragly hem dört-bäş sürini biri-birine ýakynrakda bakyp, güýç birikdirip gezýärdiler.

Biziň kerwenimizde jemi on adam bardy. Ýaragymyz iki sany hyrly, bir-de agzyndan doldurylýan sapança bilen bäş sany hem gylyçdy. Ulaglarymyz ýigrimi ýedi düýe, gezegine aýak galdyrmak üçin ulanylýan üç sany eşekden ybaratdy. Aramyzda reňkli gyr bir at bardy. Bu at tohum atdy, emma welin tanymal – at gazanan at däldi.

Biz iňrik garalan wagty bir golda ýük ýazdyrdyk. Düýeleri töwerekdäki gum depeleriniň ýüzüne goýberdik. Ajygan haýwanlar selin, siňren, gabarçyk, çereten diýen ýaly çem gelen gum çöplerini sümürýärdiler. Eşekler bolsa goşdan arany açyp bilmän, töwerekde aýlanyşyp, agyzlaryna ýakymly çöp agtarýardylar. Çöle düşende eşek ýaly gorkak haýwan bolmaz, ol birdenkä bir gapdaldan möjek peýda bolar öýdüp, öler ýaly gorkýar. Ine, häzir olar bizden bir döwüm gaty tötek ýa-da bir gysym arpa hantama ýaly, biziň töweregimizde ýüzümize seredişip durýarlar. Biz içmegimize dolanyp, gyşaran badymyza bolsa, olar düýeleriň öňüne taşlanýan gysym-penje haşal bedäni ogurlaýarlar. Köplenç wagt düýeler öz öňüne dökülen otuna başga mallary eltmeýärler, eşegi bolsa gerşinden tutup, honda taşlap goýberýärler. Emma welin düýeleriň arasynda hem agzy gowşak ýuwaşlary az däl, eşekler bolsa dessine şeýle düýäniň otuny talaýarlar. Ine, şu kerwende maňa degişli iki sany düýe bar, onuň biri özümiň tüýlek inerimdi. Beýlekisi hem goňşymyzyň arwanasydy. Goňşymyz: "Nyýazmyrat, argyşa gidýän bolsaň, biz elimizdäki bar harydymyz bilen düýämizi ibereli, elbetde, bizden hem gaýdar" diýip, düýesini harydy bilen iberipdi. Eşekler şu düýäniň agzynyň gowşakdygyny aňlap, bir gije onuň öňüne döken haşal bedämi alaman

edipdirler. Eşekler amatly pursat tapsalar, goşdaky çörekleri hem talaýarlar.

Biziň kerwenbaşymyz daýaw bir garry adamdy, onuň sakgaly gunduz ýaly akdy. Bu kerweniň adamlarynyň hemmesi bir obanyň ýa-da, zamanasynda aýdylyşy ýaly, bir galanyň adamsy däldi. Bu adamlaryň her haýsy Ahalyň bir galasyndandy. Diňe kerwenbaşymyzyň ýanynda bir ýaş ýigit bardy, şol ýigit kerwenbaşymyz bilen bir galadandy. Ol wagtda Ahalda köpçülik-il gaty garyp ýaşaýardy, agyr maşgalaly bir öý bir çuwal bugdaý, bir bogdak jöwen edinip bilse, begenjine telpegini ýyrtýardy, "Tegelek ýyl iýjek gallam bar" diýip öwnüp bilýärdi. Onsoň şu dänesiniň gapdalyna et hem selme, narpyz, ysmanak diýen ýaly meýdan otlaryny goşup, mydar edýärdi. Elbetde, baý hem gurgun ýaşaýanlar-da ýok däldi. Ikinji tarapdan bolsa, ol zamanada argyşa gitmek, ýolagçy bolmak örän howpludy. Şonuň üçin argyşa gidermenler tutuşlaýyn bir galadan toplanyp bilmeýärdi. "Pylan galadan pylan adam argyşa gidermenmiş..." diýip, habar eşidilýär, onsoň soraşyk-ideşik üsti bilen tapyşylýardy. Biziň şu kerwenimiz hem şeýlelik bilen toplanypdy. Biziň kerwenbaşymyzdan başgalarymyz garry däldi, iň ýokarysynyňky otuz bäş ýaşdy. Biz her menzilde ýük ýazdyryp düşenimizden soň, degişmek-gülüşmek bilen şorta sözler aýdyşyp, bälçikligimize başlaýardyk. Kerwenbaşymyz bolsa:

– Ýuwaş, ýuwaş, gopgun turuzmaň, gijesine ses örän uzaga gider, bu zamanada ýolagçylyk howply zat... Sag-aman gala ýetmegimizi dileg ediň – diýip, bize käýinýärdi hem:

– Galada çagajyklar siziň geleriňize göz dikip otyrlar, olara çörek ýetişdirmeli ahyryn – diýip zeýrenýärdi. Onsoň biz sesimiz peseldip, ýuwaşjadan gürleşmäge başlaýardyk. Kerwenbaşymyz bäş wagt namazyny yrman okaýardy, namazynyň yzyndan doga sanaýardy, ahyry hem: «Zalymyň zulumyndan, duşmanyň tygyndan özüň sakla, Hudaýym!.." diýip, töwir galdyryp, ämin edip, uzyn sakgalyny sypalaýardy. Ýönekeý oturan wagty hem onuň dodaklary gymyldap durýardy, elbetde, ol dynman doga sanaýardy. Kerwenbaşymyz hatarly

ýoly sag-aman geçmek üçin ätiýajy elden bermän, seresaplylyk bilen ýol ýöreýärdi. Suw alynýan belli atly guýular tanymal ýerler bolany üçin biz olaryň başynda ýük ýazdyrmaýardyk, hatda ol ýerde uzak säginip hem durmaýardyk, çaltlyk bilen aljak suwumyzy alyp, çeleklerimizi dolduryarys-da, mallarymyzy suwa ýakyp, gyssagly ugraýardyk. Suwa mätäçligimiz ýok bolan wagty bolsa, guýudan sowa geçýärdik. Düşlänimizde hem ýoldan sowlup, gum depelerini penalap, ýük ýazdyrýardyk.

Bu gün hem şonuň ýaly uly ýoldan sowlup, ep-esli ýöräp, gum depeleriniň arasynda, aýtdygym golda ýük ýazdyryp düşläpdik.

Kerwenbaşymyz ýassy namazyny okap boldy-da:

– Oglanlar, düýeleri ýygnaň, olar indi geregini edinendirler – diýdi.

Düýeleri ýygnaşdyryp, çuwallaryň köşelerini ilteşdirdik. Ýolagçylyk adaty boýunça içmeklerimize çolanyp gyşaryşdyk. Gije ýarymdan agandan soň, günbatar tarapdan şemal ösmäge başlady. Gum depeleriniň üstünde gögeren gandymlar, ýaş sazaklar şuwlaşyp seslenýärdiler. Ýaşmaga ýakynlaşan Aý hem öňüni ümür tutan ýaly çaňjaryp görünýärdi. Şemal biziň üstümize baka gum sowurýardy. Düýeler ygyna bakyp çökdüler-de, burunlaryny açyşmaga başladylar. Şemalyň kesip barýan ýiti sowuklygy, gara gyşy ýadyňa salýardy.

Daň saz beren badyna garry kerwenbaşymyz bizi örüzip, aýak üstüne galdyrdy. Biz ýük urmak işine başladyk. Kerwenbaşymyz bolsa:

– Haý, oglanlar, gaýrat ediň, indi ýolumyz az galdy, ýolda ýene bir sapar ýük ýazdyrsak, soňky barjak ýerimiz öz galalarymyzdyr– diýip, göwünlik beriji sözi bilen bize goltgy berýärdi. Ýükleri urup, kerwen ýene uly ýola düşdi. Gün dogup, guşluk galdy. Şemal dynman, gum peşeýärdi, tozan-çaň asmana göterilýärdi. Kerwen bir beýik gum depesine dyrmaşyp çykdy. Edil şol ýerde hem biziň alkymymyzyň aşagyndan altmyş-ýetmiş atly "wäh" diýen ýaly pete-pet çykdy. Olaryň Eýran hanynyň nökerleridigi şol demde bize mälim boldy. Olar öz zamanasynyň ýaragy bilen dişlerine çenli ýaraglanypdyrlar. Bu beýik

gumuň üstünde bize bukulmak ýa-da penalanmak üçin hiç bir amatly ýer ýokdy. Eger biz garşylyk görkezsek, biziň hemmämiziň takdyrymyz ölüm bilen gutarjakdy. Sebäbi, olar dessine iki topara bölünip, biziň daşymyza aýlanmaga başlapdylar. Indi diňe şu beýigiň üstünde kellesiz göwre bolup galmaga töwekgellik etmek galdy. Çünki olar öldüren türkmenleriniň kellesini kesip alyp, hanlaryna sowgat äkidýärdiler. Biz öz topragymyzyň üstünde kellesiz meýit bolup galmaga-da razy bolupdyk. Çünki ýaga düşmek, ýesir bolmak ölümden beter bolup, biziň namysymyza degýärdi, emma biziň ak sakgalymyz her haýsymyzyň ýüzümize gamly gözüni gezdirdi-de:

– Ýaraga ýapyşmaň, bu ýeri amatly däl, pursat goldan gitdi, bizi pelek tutdy – diýdi.

Atyň üstünde oturan ýigrimi ýaşlar töweregindäki ýigit kerwenbaşynyň obadaşydy. Şol wagt ol aljyrap, özüni ýitiripmi ýa-da ýaşulynyň buýrugyna garaşýarmy, ýa hem bolsa ýoldaşlaryny ýaga taşlap, gaçmaga namys edýärmi, näme hem bolsa, atynyň başyny çekişine, aňk bolup otyrdy. At bolsa gulaklaryny keýerdip, garşysyna seredýärdi, aýaklary bilen ýer peşeýärdi. Kerwenbaşy oňa baka öwrüldi-de:

– Zaňňar, Durdy, näme doňan ýaly bolup otyrsyň, aýagyň aşagyndaky aty öz eliň bilen duşmana bermek isleýärmiň, bas ata gamçyny, ol seniňem başyňy gutarar, öz başynam gutarar – diýip gaharlandy.

Ýaşuly sözüni aýaklap-aýaklamanka, şarpyldap ýeke sapar gamçy sesi çykdy, at edil gyssanyp uçan guş ýaly, özüni bir zyňdy. Ýigit uýany deňläp ýapyryldy, indi ol gamçy çalmaýardy. Emma atyň toýnaklary ýere degmeýän ýalydy, ol ýerläp uçup barýan laçyn guşy gözüň öňüne getirýärdi. Han nökerleri atyň öňüni gyýyp almak üçin iki tarapdan sozan guýruk bolup at goýdular. Olar iki-üç ýüz ädim biziň öňümizdediler, atyň öňüni aňsatlyk bilen kesip biljekdiler, emma welin göz ýumup-açasy salymyň içinde ol ýigit sapandan atylan daş ýaly bolup, eýran ýabylarynyň arasyndan çykyp gitdi. Olar ýabylaryny



elesledip, bir salym kowdular, emma ýigit barha arany açýardy. Ýetip bilmejeklerine gözlerini ýetirenlerinden soň han nökerleri, syryk boýly uzyn nilli şemhallaryny ýere düşürip, onuň aýaklaryny ýere dikip towhulladyp, birnäçe sapar atdylar. Emma welin at bilen ýigit indi olaryň okunyň hem ýeter ýerinde däldi, aralary örän daşdy. Ol ýigit özüniň gyr aty bilen çalaja görünýän çiş gara bolup, ondan soň hem nokat ýaly bolup, gözden ýitip gitdi. Kerwenbaşymyz uludan demini aldy-da:

– Gyr at Durdyny alyp çykdy – diýdi.

Kerweniň hemme adamlarynyň arasynda iň ýaşy kiçimiz şol ýigitdi. Şonuň üçin hem biz ol ýigidiň sag-aman gutulanyna hetden aşa begenýärdik. Kerwenbaşynyň aýtmagyna görä, ol ýigit ýaş başdan dul galyp oturan garry aýalyň ýekeje ogly ekeni. Bu bolsa biziň öňki begenjimiziň üstesine kuwwat goşdy. Biz öz ýazgydymyz hakynda indi oýlanmagymyzy hem häzirlikçe tüketdik, "Soňy näme bolsa, şol bolsun, başa gelenini göreris" diýip goýduk.

Gyr atly ýigidiň kowguçysy bolan garakçy han nökerleri atlaryny elesledişip, öwrülip geldiler. Öz atlarynyň ýyndamlygyna ynanýan kowguçylaryň iň birinjisi hem hanyň nökerleriniň serkerdesi Aly beg eken. Aly beg uzyn boýly, agaç etli, ullakan burunly, pişge murt adamdy. Onuň gany gaçyk, reňki öçük ýüzi tiryekden habarlydygyny tassyklaýardy. Ol şol görnüş sypaty bilen rehimsiz jellada meňzeýärdi. Häzir bolsa güýjüniň barysyna ýabysyny gamçylap kowup, gyr atyň yzyndan ýetip bilmänine onuň içi ýanypdyr, onuň keşbi bolşundan hem beter üýtgäpdir. Nökerlerden biri:

– Pah, pah, gör nije at imiş, el bermedi, syfdy gitdi – diýdi.

Başga biri:

– Ol at däl, guşdy, guş – diýdi.

Aly beg bolsa:

– Poh ataňyzyň görüne, goýuň, haramzadalar –diýip, ýyndam gyr aty taryplan nökerleriniň başyna gamçy bilen saýgylamaga başlady. Ondan soň bolsa, ol öz atyny gamçysy bilen saýgylamaga başlady.

Tasma gamça çydap bilmän, at janawar asmana bökýärdi. Emma şol demiň özünde ýene Aly begiň özi:

– Şu gaçyp gutulan at kimin bir at edinmesem, ölemde gözümi açyp giderin – diýip ant içdi. Biziň kerwenbaşymyz bolsa:

– Hawa, "Berseler iýersiň ýagly çöregi", onuň ýaly atyň üzeňňisine seniň aýagyň degmese gerek – diýip hümürdedi.

Bu galtaman han lüçjekleri serkerdeleriniň buýrugy boýunça biziň ellerimizi arkamyzda daňdylar. Özümizi we hemme mal-emlägimizi oljalap alyp, öz ýurtlaryna baka sürüp ugradylar. Biziň garry kerwenbaşymyz käte günbatara, käte-de gündogara göz aýlaýardy hem hyrçyny dişleýärdi. Men öz ýanymdan: "Gutulyp giden gyr atly ýigit birinji gala ýetip, habar berer, şol demde hem ýüz sany saý atly ýigit atlanar, han nökerleri çäge ýetmänkä, ýüzlerini ýere basarlar diýip, kerwenbaşy oýlanýan bolsa gerek..." diýip pikir etdim. Meniň eden çenim dogry eken. Dogrudan-da, kerwenbaşymyz şol umyt bilen oýlanýan eken.

Emma welin ol hiç bolup biljek zat däldi, sebäbi diýseň: Mary arkada, örän uzakda galdy, gyr atly ýigidiň giden ugrundaky birinji gala ýetmek üçin iki menzil ýa-da iki ýatak ýol galypdyr. Gyr atly ýigidiň, eger, aty çişmese, özi ýadap kese ýykylmasa, diňe şonda ol şu gün ýarym gije birinji gala ýetip, habar berip biljekdi. Habar berlen mütdetinden* saý atlynyň ýola çykjagy şübhesizdi. Emma atlanan saý atly näme etmeli bolar? Bärden çapar baran ýigit atlylaryň öňüne düşüp gaýtmaga ýaramaz, ony basyryp, derledip, ukladyp, tabyna getirmek gerek bolar. Onuň çapyp baran atyny hem seýisler şeýle tabyna getirmeli bolarlar. Ondan soň salgy bilen saý atlynyň serdary ilki biziň üstümize çozulan belentligi tapar, şondan soň hem biziň alyp gidilen ugrumyzy yzarlap kowar, ol hem giç bolar. Bu wagtyň içinde eýranly galtamanlar näçe haýal ýöreseler hem araçäkden geçip, barjak ýerlerine bararlar we birinji, hanyň ýanynda, ikinji hem, aýallarynyň ýanynda: "Pah, pah, eýle dawa düşdi, at tozundan Gün

* Mütdet – wagt, pursat.

gapyldy. Men eýle gylyç urdum, çoh-çoh baş kesdim" diýip, özleriniň hemişeki öwünjeňlik häsiýetleri bilen öwnerler. Hanyň ýagly naharyndan ýagjaran murtlaryny towlaşdyrarlar. Dogrudan hem, olar häzir özleriniň türk şiweleri bilen öz aralarynda öwnüp gürleşýärdiler.

Biz golumyz arkamyzda daňylgy dokuz adam bolup, özümiziň ýükli düýelerimiziň yzy bilen barýardyk. Şol wagt men öz ýüregimde jemlenen pikirlerimi, bolup biljek zatdan umyt edip, töweregine göz dikip gelýän kerwenbaşymyza assalyk bilen gürrüň berdim. Şonda aksakgal:

– Oglum, bu aýdýanlaryň dogry, bu bolup biljek iş hem däl, ýöne "näumyt şeýtandan" diýipdirler, dünýäde umytsyz geçmeli diňe şeýtandyr, men bolsam uruş-çagyryş islemän ýören adam ahyryn, şonuň üçin hem biz hemişe her bir ädimde umytly bolmaly – diýdi.

"Seniň ýol boýy okan namazlaryň, dogalaryň hem kömegi ýetmedi" diýip, men ýaşula aýtmagy ýüregime düwdüm. Emma ýene birden ol pikirimden döndüm. Şol wagt ýaşuly:

– Boljak iş boldy, indi maňlaýymyzda näme bolsa, mertlik bilen şony görübereliň–diýdi.

Hanyň nökerleri bizi şol sürüp gidişlerine uzyn gije ýatman, daňa golaý çäkden geçdiler. Meniň çak edişim ýaly, gyr atly ýigit birinji gala ýetip, galaň ýaşulusyna habar beripdi, ol habar beren badyna hem ýüz töweregi saý atly ýola düşüpdir. Olar gelip, biziň talanan beýikligimizden yzymyzy yzarlap başlapdyrlar. Onsoň olar bizi alnyp barlan galaň töwereginde peýda bolýarlar. Emma olar galanyň töwereginde näme iş etseler edipdirler, ýöne gala girmek synanyşygyny etmän, ýene yzlaryna serpigipdirler. Üstünden iki gün geçenden soň, bu waka meniň gulagyma ýetdi.

Emma welin men: "Iru-giç hanyň nökerleriniň serkerdesi Aly begiň başyna bir oýun salaryn" diýip, öz ýanymdan ýüregime düwdüm.

Garry hekaýasyny bir dynga eltip, azajyk säginen wagty men:

– Ýeri onsoň, Aly beg bilen soň nädişdiňiz? – diýdim.

Meniň "Hiç azara galmak gerek däl" diýip, aýdan sözüme hem

garaman, ýaşuly garşydaky ojakda kitir oturdypdy. Men hem ynjalyp oturyp bilmän, garra kömekçi bolupdym. Ikimiziň aramyzdaky gyzykly gürrüň şu hysyrdy işiň arasynda-da dowam edýärdi. Häzir şol kitir gaýnady, ikimiziň hysyrdymyz-işimiz indi gutardy. Şol mütdetde ýaşuly meniň soragyma jogap bermeli boldy, ol:

– Dur entek, dur entek – diýip, göýä men gidip barýan ýaly gaýtalady. Ondan soň ullakan elleri bilen kitiriň gulpundan tutdy-da, çaý atyp, taýýarlap goýan gülli çäýneklerini demledi. Demli çäýnekleri öňümize alyp oturanymyzdan soň hem ol:

– Oglum, entek alňasama, Aly bege-de ýeteris, başgasyna-da – diýip, ozalky beren jogabynyň üstüni ýetirdi. Çäýneklerimizi agdaryp, demini berýän wagtymyz, ol çaý hakynda gürrüňi orta sokdy. – Biziň ýaş wagtlarymyzda hem gök çaý bardy welin, muny garamaýak adamlar içip bilmeýärdiler, muny diňe hanlar, baý-döwletli adamlar, onsoň serdarlar içerdiler. Bir sapar Öwezmyrat batyr bilen ýolagçy bolanymyzda, ol maňa bir käse çaý berdi, şonda men otuz ýaşymdadym, hasap et, ol altmyş ýedi ýyl mundan ozal bolýar, şonda men çaýyň tagamyny birinji gezek datdym. Indi ynha bizem çaýhor bolupdyrys, onda-da ýanynyň nogul-nabady bilen içýäris. Siz bolsaňyz dogabitdi çaý bilen bolduňyz – diýdi. Azajyk dymandan soň ol ýene gürrüňini öňki ugruna baka dolady-da:

– Hawa, şeýle boldy... Men ozal hem ýurdumyza çozýan eýranly hanlaryň garakçylar toparyny ýaman ýigrenýärdim. Ýagynyň eline düşenimizden soň bolsa meniň ýüregimdäki ýangynly ýigrenç has hem güýçlendi, öz atlarymyza bolan söýgim bolsa has hem artdy. Şol günden başlap, bir at bilen gylyç edinmegi ýüregime düwdüm – diýdi.

## III

– Hawa, onsoň bizi Eýranyň etek galalaryndan birine eltdiler. Giň galanyň bir çetinde hanyň howlulary ýerleşýän eken, şoňa alyp bardylar. Bizi hanyň mal howlusynyň üsti bilen geçirip, eltip bir

howla saldylar. Ol howlynyň içinde hanyň athanasyna meňzeş, laýdan salnan bassyrmalar bardy. Ýesir düşen türkmenler şol howluda saklanýan ekeni. Biz baranymyzda howlynyň içinde aýlanyşyp ýören, aýagy zynjyrly hem agyr kündeli ýesirler kän ekeni.

Eýran hanlary özleriniň garakçylar toparyny ýaraglandyryp, biziň ýurdumyza günde-günaşa iberýärdi. Olar hem ýeke-iki çykan ýaragsyz daýhanlary, ýolagçylary ýesir edip getirýärler. Onsoň han ol ýesir düşen adamynyň aňyrsyny, onuň kimlerdendigini yzarlaýar. Eger-de, ýesiriň yzy – atasy ýa-da dogan-garyndaşyndan bir baý adam ýa-da bir ady çykýan serdar, ýa-da şoňa meňzeş gurply döwleti bolsa, onda ýesiriň bahasy gymmat bolýar. Şol wagt ýesiriň ýokary – baş bahasy eýran tümeninden iki ýüz, ýüz elli tümen hasaplanýardy. Ýesiriň döwletli-barly adamdygyny anyklap, aňyrsyna gözüni ýetirip bilse, onda hanyň guşy uçýardy. Garyp ýesirleriň bahasy bolsa ýokary baş bahadan tä üç tümene çenli kesgitlenýärdi.

Ol wagtda Eýran bilen arada belli-belli ýörite gatnaýan adamlar bardy, olar adama zyýan bermek maksady bilen däl-de, diňe dynçlyk--parahatçylyk maksady bilen gidip-gelişýärdiler. Han şeýle adamlaryň üsti bilen: "Siziň pylan adamyňyz pylan galada ýesir, bahasy hem şunça, gelip alyp gidip bilersiňiz" diýip habar edýär. Onsoň ýesiriň hossarlary ýörite gatnawly adamlaryň beletçiligi bilen hanyňka gelip, öz ýesirini satyn alyp gidýärdi. Eýranyň hemme hanlarynyň adaty, düzgüni şeýledi. Şu çapawulçylyklary bilen hem Eýran hanlary öz hazynalaryny doldurýardylar. Ikinji tarapdan bolsa, olar öz gol astynda bolan daýhanlardan agyr salgyt-hyraç ýygnap, onuň hem bir bölegini öz hazynalaryna basyp, galanyny şahyň hazynasyna ýollaýan ekenler.

Bardy-geldi ýesiriň hossarynyň gurby ýetmese, öz adamsyny alyp bilmese, ol ýesir aýlap-ýyllap aýagy zynjyrly, hor-homsy, aç-suwsuz şol howluda galybermeli bolýardy. Men adamynyň bahasynyň ýarym batman jöwene deň bolanyny hem gördüm. Geçmän ýatan adamlary işletmäge han iş hem tapanok, çendan bir wagt bolaýmasa, hanyň emläginde iş ýok. Sebäbi diýseň, hanyň soraýan galasynda iş tapman

enteşip ýören, galanyň güneýinde topar-topar bolşup, bitini bitlenişip oturan eýranlylar örän köpdi. Olar her gün galanyň güneýine ýygnanyşýarlar, agşamlaryna bolsa, gündiz çörek bişirilip gyzan tamdyrlaryň töweregine üýşýärler, öz aralarynda derdinişýärler, bolsady ekişýärler hem şol ýerde bükülişip, gijelerini geçirýärler. Han bir döwüm çörek berse, olar ertirden tä gün batýança öler ýaly işleýärler. Eýranyň hemme ýerinde ýagdaý şeýledi, eger şeýle bolmadyk bolsady, onda han geçmän ýatan ýesirleri Tehran diýerdi, Gazwin ýa-da Ispihan diýerdi, hyrydarly ýere satyp goýbererdi, emma ol ýerlerde hem adamyň gadyry-gymmaty ýokdy.

Ine, şunluk bilen biz hem hanyň ýesir howlusyna düşdük. Mallarymyz mal howlusyna, gallalarymyz bolsa hanyň ammaryna girdi. Biziň aýaklarymyza hem zynjyr saldylar. Hanyň artyk kündesi ýok bolara çemeli, bize künde salynmady. Uzyn goňur sakgally bir adam geldi, onuň gözleri içiňden geçip barýan ýitidi. Men ony hanyň özümikä diýip güman etdim. Emma ol hanyň ýesirleriniň üstünden garaýan ýörite adamsy eken. Onuň ýanynda mürzesi hem başgalary bardylar. Ol biziň kimdigimizi, haýsy galadandygymyzy, aslymyzyň kimlerdendigini birin-birin soraşdyrmaga başlady. Ol adam örän ýeserlik bilen sözlerini sogduryp gürleýärdi. Sözlerini arassa türkmençe aýtjak bolup jan edýärdi, emma welin onuň ol islegi çykmaýardy. Biz bolsa ýesiriň iň arzan bahasy boljak bolup, özümiziň aslymyzy bolşundan-da beter garybyň hem garyby görkezjek bolup jan edýärdik, özümizi bolsa samsyk ýa-da şully edip görkezýärdik. Hanyň hadymy bolsa: "Sen pylan galadan, pylanlardan bolsaň, olaryň hemmesiniň elleri hünärlidir, özleri döwletlidir, men gaty ýagşy tanaýan..." diýip, biziň bilen jedel edýärdi. Men bolsam özümiň hemme garyplyk aýbymyň üstüne: "Meniň özüm asyl zyr dälidirin" diýip, dälilik aýbyny hem öz boýnuma ýükledim. Men aýdan wagtym goňur sakgal bir ädim yzyna çekildi-de:

– Däli? Pah, pah, pah – diýip, ýüzüme çiňerildi.

Şu derňewden soň biz bassyrmalarda ozaldan ýatan ýesirleriň arasyna

goşuldyk. Zeýli bassyrmalaryň aşagyna sypal, selin düşelipdir, şonuň üstünde ýaşamaly bolduk. Her gün agşamaralar suwa gaýnan nohut, dary ýa-da başga şoňa meňzeş zatlardan ölmez-ödi nahar berýärler. Gaplary hem itiň ýalagy ýaly küýze, çanak, her çanagyň başynda üç-dört adam bolup oturmaly, şu nahar bilen hem mydar etmelidi.

Hanyň ýesirhanasy iki howly eken. Han bolsa günde-günaşa diýen ýaly özüniň hazyna çeşmesi bolan süri maly hökmünde ýesirhanasyna aýlanýar eken. Biziň eltilen günümiziň ertesi han gelip aýlandy. Ol orta boýly, ter gara sakgalynyň ujy çyrpylan adamdy. Şol wagt onuň kyrk alty ýaşy, dört sany hem aýaly bar eken. Daşyndan göräýmäge ol bir sypaýy adama meňzeýärdi, emma welin ol öz hyzmatkärlerine hapa-hapa sögýärdi, onuň agzy gaty hapa eken. Hanyň ady Hasanaly begdi. Hyzmatkärleriniň aýtmaklaryna görä, tükeniksiz, uly baýlygyň eýesi bolan Hasanaly beg şeýle bir husyt gysganç, hatda ýarym gyran üçin adamyny suwa salma ýençdirip, yzyndan hem at dersine gömdürýän eken. Aýallaryndan gaharlanan wagty bolsa, hyzmatçylaryndan biriniň üstünden düşüp, şony ýençdirip, içini sowadar eken. Ine, şol zalym Hasanaly beg aýlanyp, ýesirleri synlap ýörýär. Men birnäçe agşam ukyny alyp bilmänim üçin geçen gije sypalyň üstünde berk uklapdyryn, häzir hem ýaňy ukudan oýanyp, zynjyrly aýaklarymy öňe baka uzadyp otyrdym. Han ujy çyrpylan sakgalyny eliniň aýasy bilen owkalady-da:

– O dälisi haýsydy? – diýip, ýanyndaky hadymyndan sorady. Goňur sakgal:

– Büdi, büdi, han aga – diýip, meni görkezdi.

Meniň asly ullakan gözlerim ýaňy ukudan açylan wagtlarym bolany üçin hurmaýy gyzyl bolmaga çemeli. Han dogry maňa baka dikilip seretdi-de:

– Päh, päh, dogrudan-da, lap dälidi... Muny ol öz dälimiz bilen döýdüşdirip, tomaşa eýlemek lazymdy – diýdi. Men bolsam öz ýanymdan: "Pahaý, bu doňuz indi meni öz galasynyň dälisi bilen hem uruşdyryp, tomaşa etjeg-ow" diýip, pikir etdim. Şol günden soň ýesirleriň arasynda meniň adymy "Däli" diýip tutdular.

Şu mydar bilen on-on iki gün geçdi. Biziň kerwenbaşymyzyň yzyndan inisi gelip, satyn alyp, agasyny ýesirlikden çykardy. Biziň kerwenimizde bolan ýoldaşlarymyzyň köpüsiniň yzyndan hossarlary gelip, ýesirlikden çykaryp, alyp gitdiler. Men we ýene meniň ýaly yzyndan näumyt bir ýigit galdy. Meniň yzymda galan inilerim ýaşdy, onuň üstesine hem ýarlykly garypdyk, olaryň ýarym tümene hem güýçleri ýetjek däldi, oňa meniň gözüm ýetikdi. Biz yzymyzdan näumyt bolup ýatyrys. Hanyň ýesirhanasy bolsa birden ýesirden dolýar, ýene birden hem gowzaýar, käbir wagtlar ýüz, iki ýüz ýesire ýetýär, käwagtlar hem üç-dört adam bolup galýarys.

Hanyň saraýynda bir gürrüň bolsa, ol habar howly hyzmatçylarynyň üsti bilen biziň gulagymyza ýetýärdi. Şol günleriň birinde şeýle bir habar gulagymyza degdi: Hasanaly han Nasyreddin şanyň ýanyna gitjekmiş, ol şonda şanyň ýanynda beýleki hanlardan has abraýly, has edermen, batyr, iş bitiren adam bolup görünmek üçin, bir gatyr ýüki altyn-kümüş, bir ullakan türkmen kellesi hem-de türkmen atlarynyň iň ýyndamlaryndan birini sowgat alyp gitjekmiş. Türkmenlerde at-owazasy äleme ýaýran bir ýyndam at barmyş. Şol aty alyp gelen adamynyň özüni hem nökerbaşy etmegi Hasanaly han wada beripdir. Şol işi bitirmegi bolsa Aly beg boýun alypdyr. Ol: "Han aga, ol işi menden başga adam bitirip bilmez, men ol aty döwşüp alaryn, hile bilen alaryn, garaz, şol aty men getirerin" diýipdir. Häzir şol ýurtlara belet bir adamyny hem tapypdyrlar. Şol dönük bilen Aly beg ertirden gaýra galman, şol atyň ugruna çykjakmyş. Ullakan kelläni bolsa olar ýesirleriň arasyndan saýlajaklarmyş. Sebäbi diýseň meniň süňkbaşy iri ullakan göwräme laýyk ullakan kelläm bar, ondan soň hem men ýaňy murty taban ýaş ýigit, olaryň gözi meniň kellämde bolar diýip oýlandym. "Nasyreddin şaha sowgat barjak kelle meniň kelläm boljag-ow" diýip, içimi gepletdim. Emma welin şol wagt ýesirleriň hemmesi-de öz kelleleri hakynda pikir edişen bolsalar gerek. Edil şol günler hem hanyň ýesirhanasynyň ýesirden dolan günleridi. Ikinji tarapdan bolsa, Ahalyň iň ýyndam atlarynyň ogurlanjagy-da maňa az howsala salmaýardy.

Gulagymyza degen habar dogry bolup çykdy. Şol günüň ertesi Gün günorta ýakynlaşanda hemme ýesirleri jaýdan daş çykardylar. Ikinji howludaky ýesirleri hem getirdiler. Hemmämiz iki ýüze ýakyn adam bolduk. Giň howlyň ortarasynda bizi birsydyrgyn edip, hatara oturtdylar, ondan soň hemmämiziň kellämizi ýalaňaçlatdylar. Hasanaly hanyň özi başga birnäçe hadymlary bilen biziň kellelerimizi synlap başlady. Ahyrynda olar adamlaryň ol başynda bir kellä baka nazarlaryny dikdiler. Olar öz aralarynda şol kelläni makullan bolmaga çemeli, ýyndam at ogurlanyp getirilip, şahyň ýanyna ugraljak gün hem şol kelläni kesip, horjuna salyp, alyp gitmegi unaşyp, kararlaşyp, çykyp gitdiler.

Şol wagtyň özünde biziň hemmämiz ýaňky ullakan kelleli adamyň töweregine üýşdük. Adat boýunça belli bir uly işi bitiren ýa-da görülmedik bir batyrçylyk wakasyny döreden bir äriň töwereginde şeýle şüweleň, üýşmeleň guralýardy. Indi sen özüň bir oýlanyp gör, bu adam biziň ýaly ýesir, şu goly bagly bigünä ýesiriň kellesi hem bir bigünäniň kellesi bolany üçin, Nasyreddin şanyň ýanynda ýurt talaňçysy bolan Hasanaly hanyň abraýyny, onuň "batyrçylyk" şöhratyny ýokary götermelimiş. Elbetde, biz onuň töweregine şatlykly dabara bilen ýygnanyşmadyk, gam bilen, gaýgy bilen dolan göwnümizi diňe boşadyp galmak üçin ýygnanyşdyk.

Dogrudan hem, synçylaryň saýlaşy ýaly, bu adamynyň kellesine barabar geljek kelle, bu ýatan ýesirleriň arasynda ýokdy. Onuň kellesi dört-bäş adam üçin palaw bişirilýän gara gazana meňzeýärdi. Ol adam kyrk bir ýaşynda eken. Onuň kellesine görä göwresi-de bardy. Ol adam tegelek garaýagyz ýüzli, gyrymsyrak gara sakgallydy. Onuň murtlary gyrymsydy, haýbatly däldi. Onuň düýäniň bagry ýaly irimçik ýüzüniň sag ýaňagynda ullakan meňi bardy. Bularyň hemmesiniň ýokarsynda onuň çat maňlaýynda bolsa, gylyjyňmy ýa-da eýranly lüçjekleriň aý paltasynyňmy, haýsy-da bolsa, şolara meňzeş bir ýaragyň salan köne ýarasynyň yzy ullakan tyga bolup durýardy. Onuň ýüz keşbiniň üstesine ol ýara tygasy-da goşulyp, bu adamyny şeýle

bir bethaýbat, gyňyr hem garadan gaýtmaz, batyr sypatynda görkezýärdi. Hasanaly han sowgat äkitmek üçin şeýle sypatdaky türkmeniň kellesini tapanyna çenden artyk begenen bolsa gerek. Emma welin ol adamynyň ullakan goýun gözlerine hem onuň özüni alyp barşyna seredende, ol edil bir dünýä düşünmeýän haýwana meňzeýärdi. Ynha, onuň kellesiniň kesilmegi hakynda karara gelnip gidildi. Hanlar üçin adam kellesini kesmek, towugyň bogazyny kesenden arzan hem aňsat ahyryn. Biziň hemmämiz oňa ýüzlenip, ýerli--ýerden: "Ertiriň özünde seniň kelläňi kesýärler, sen öz najatyňy gara, bir ýol tap" diýip, ýüregimizden syzdyryp gygyryşýarys. Emma welin ol dymma adam äwmän-alňasaman perwaýsyzlyk bilen, goltugyndan bir döwüm gatan çörek çykaryp, gemirmäge başlady. Ýöne welin biz ýüregimizden syzdyryp aýtsak hem oňa ölümden gutulmak üçin belli bir çykalga, belli bir ýol görkezip bilmeýärdik. Ol dymyp, gaty çöregini gemrip tüketdi-de, öňki perwaýsyz arkaýynlygy bilen:

– Gyssanyp darykmak nämä gerek, "Almany göge okla, ýere düşýänçä ýa pelek" diýen nakyl bardyr, bular şu gün at ogurlygyna öz "batyrlaryny" iberdiler, emma ol ýerde baryp, gazygyndan çözüp alyp gaýdybermeli at ýok, diňe biz bu ýerde aýagymyz zynjyrly bendiwan otyrys, ol ýerde müňlerçe laçynlar haýbat bilen ganat kakýar, olar her ýeten gargany öz töweregine eltmezler. At gelmese, meniň kellämiň hem entek ýerinde galjagy aýdyň ahyryn... Bardy-geldi erte ýa soňky gün olar meniň kellämi gerekleseler, ondan soňkyny-da göreris-dä, hawa, "Çykmadyk janda umyt bar" – diýip, ol adam bir hili ýogyn ses bilen gürläp, sözüniň ahyryna hem nakyl tirkedi. Onuň sözleri assady, emma öz göwresine laýyk ýognasdy. Onuň şu sözünden soň biziň hemmämiz dymyşdyk. Ol ýene goltugyndan bir döwüm çörek çykardy-da agzyna saldy, bir çeýnemini ýuwudandan soň, ýene ol:

– Siz maňa "Ölümden gutul" diýip aýdýarsyňyz. Ýöne "gutul" diýmek aňsat, emma nädip gutulmalydygyny aýdyp bilýäniňiz ýok – diýdi.

Ýene hemmämiz dymdyk. Birdenkä men:

– Indi diňe gaçmak ýoly galdy, şondan başga ugur ýok – diýip, öz ýüregime gelenini aýdyp goýberdim. Aramyzdaky ýaşulularymyzdan biri hem:

– Hawa, şondan başga çäre ýok – diýip, meniň aýdanymy tassyklady. Emma welin gaçmak üçin beýik howlulardan, ondan soň hem beýik galadan ogrynlyk bilen hiç kime duýdurman aşmalydy. Bu işi aýagyň agyr kündeli hem zynjyrly nähili başaryp bolarka? Ine, şu mesele örän kyn. Her näme hem bolsa, bu hakda ol adam hiç zat aýtmady, üýşmegimiz hem şunuň bilen çaşdy. Ol adamynyň ýüzünde meňi bolany üçin, ýesirler "Meňli" diýip, onuň adyny tutýardylar. Belki, ata-enesiniň dakan ady hem şol bolsa, biçeme däldir.

Agşam garaňky gatlyşan badyna her kim yşyksyz garaňky bassyrma girip, öz ýerli-ýerinde gyşardy. Meniň ornum ortarakda bir sütüniň düýbündedi. Gabsasyz açyk işikden dolan Aý üstümize ýalkym salýardy. Sowuk şemal hem köwsarlap urýardy. Sowukdan hem beter bu gije pikir maňa uky bermedi. Özüm hakynda oýlanýaryn, ondan soň kellesi alynjak adam hakynda, ondan soň ogurlanjak at hakynda, garaz, pikir-pikiriň yzyndan gelip, kelläme dolýar-da, ukudan ökde çykýardy. Ahyry men uklap bilmän, dik oturdym. Edil şol demde bir gapdalymda zynjyr şagyrdap, bir agyr el meniň omzumyň üstüne düşdi.

Şonuň bilen birlikde hem ol:

– Näme, Däli, ukyň tutmaýarmy? – diýip, çalaja hümürdedi. Men onuň şol kellesi alynjak adamdygyny sesinden dessine tanadym-da:

– Hawa, Meňli aga, pikir ýatyranok – diýdim.

Meňli hiç zat sözlemän, meniň gapdalymda oturdy-da dymdy. Bir salym oturandan soň ol:

– Sen "Gaçmakdan başga ýol ýok" diýdiňmi, Däli? – diýdi.

– Hawa, şondan başga ýol ýok, Meňli aga.

Meňli gaçmak barasynda hem şundan artyk sözlemedi. Ol başga ugurdan söz açyp, öz başyndan geçiren wakalaryny gürrüň bermäge başlady. Ol ýaş ýigit wagtynda bir ahunyň gapysynda talaban bolupdyr, şonda zehinlilik ukyby bilen hat-sowat öwrenipdir. Bir sapar ahun

haja gidende, ahunyň ýanynyň hyzmatçysy bolup, Mekge-Medinä hem gidip-gelipdir. Ondan soň bolsa ol çarwa baýlaryň çopançylygyny etmäge başlapdyr. Baýlaryň malyny talaňçylardan gorap, şol mallaryň üstünde ol eýranly hanlarynyň talaňçy çapawullaryna, Hywa hanynyň garakçylar toparyna garşy gaty köp saparlar söweşipdir. Maňlaýyndaky tagma hem şol söweşleriň birinden galypdyr. Ol ozal hem birnäçe sapar Eýran hanlaryna ýesir düşüpdir, şonda hiç bir wagt onuň malyny bakýan baýlar ony ýesirlikden çykarmak hakynda çigit ýaly hem alada etmändirler. Hemişe ol öz ukyby bilen ýesirlikden gaçyp gutulýan eken. Bir sapar ol Hywa hanynyň berk zyndanyndan hem sypyp gaçypdyr. Ol garyplyk derdinden tä otuz bäş ýaşaýança öýlenip bilmän gezipdir, ahyry ol bir garyp çopan gyzyna öýlenipdir. Häzir onuň iki sany ýaşajyk ogly bar eken, ýaňy-ýakynda hem bir gyzlary bolupdyr. Häzir hem ol çopançylyk edýän eken. Bir gün baý ony iki düýe bugdaýy üwetmek üçin Arkaja iberipdir. Garagumuň jümmüşinden etege çykan ýerlerinde hem Hasanaly hanyň garakçylar topary sataşyp, ony ýesir edip, alyp gaýdypdyr. Bu sapar hem ol şeýle bolup düşüpdir.

Men Meňliniň başyndan geçirenlerini gyzykly erteki eşidýän ýaly diňledim. Ol ýatmak üçin öz ýerine gitmekçi bolup turdy-da:

– Dünýäni pikir etme, hiç zady gaýgy etme-de ýat, ukyňy al. Gaçmak hakynda bolsa ertir oýlanyşaly – diýip, zynjyryny şaňňyrdatmajak bolup, örän ukyplylyk bilen darajyk ädimläp gitdi.

Emma welin ogurlanjak ýyndam at hakyndaky pikiri men hiç kellämden çykaryp bilmedim. Men pikiri bütinleý kellämden çykaryp ýatjak bolup jan etdim. Ýatdym. Ýöne welin tä daň atýança şol at hem şol atyň başyndan geçýän gyzykly hadysalar düýşüme girip, uzyn gijämi geçirdim. Düýşümde käte ol atyň üstünde oturan özümi görýän, ol meni ýesirlikden gutarýar. Käte bolsa ol at ganat baglap uçýar, üstünde oturan batyr bolsa ýurdumyza çozup giren Eýran şasynyň goşunyny derbi-dagyn edýär. Şeýle gyzykly düýşler bilen men şol gijämi geçirdim. Aýaklarymda şaňňyrdan zynjyryň sesine gözümi açanymda, diňe şonda men gören gyzykly hem süýji

hyýallarymyň gury bir düýş ekenligini aňladym we tukat boldum. Ol at gökdepelileriň atydy. Ol ata Dordepel diýýärdiler, ol uly ile belli bolup, ady-owazasy ýaýran Dordepeldi – diýip, ýaşuly sözüne bir dyngy berdi. Soň ol Dordepeliň taryhynda bolup geçen wakalary aýtmak isledi. Şol ýerde ýaşuly:

– Başymyzdan örän kän waka geçdi, men gürrüňden gürrüň çykaryp barýarkam, gürrüň arasyna özümiň gotur geçim hakynda ýa-da goňşymyzyň gulagy jonnuk eşegi hakyndaky gürrüňi-de aýdyp goýberiberýärin. Belki, men seniň gulagyňy kamata getirýändirin, belki, bu gürrüňler saňa asla gerek hem däldir? – diýip, maňa seretdi.

– Ýok, hiç beýle däl, seniň berýän gürrüňleriň meniň üçin boýdan--başa örän gymmatly, çünki şol döwri men görmändirin hem eşitmändirin. Seniň şu gürrüňleriň meniň üçin erteki diňländen hem gyzykly. Nyýazmyrat aga, eger-de men şu gürrüňleri başga bir nätanyş adamynyň agzyndan eşiden bolsamdym, onda men: "Beýle düzgün bolup biljek zat däl, bu bir toslama-hyýaly rowaýatdyr" diýip ynanmazdym. Emma welin geçmişde bolup geçen täsin galmaly wakalary, ýowuz günleri, agyr ýagdaýlary häzir men öz söýgüli garrymyz bolan seniň agzyňdan eşidip otyryn, seniň bu gürrüňleriň ýeke bir meniň üçin däl, eýsem, ençeme meniň ýalylar üçin gymmatlydyr – diýdim.

Şonda ýaşuly:

– Bu gürrüňlerde çigit ýaly hem hyýaly goşandy ýokdur, bularyň hemmesi özümiň gözüm bilen gören hem öz başymdan geçiren wakalarymdyr – diýdi.

Şondan soň ol gürrüňini Dordepeliň taryhyna baka burdy.

## IV

– Bu waka bolup geçende, men ýigrimi ýaşymyň içindedim. Indi meniň togsan ýedi ýaşym bar, şu waka näçe ýyl mundan ozal bolup geçipdir, indi galam öz eliňizde, ýyl hasabyny özüňiz gowy taparsyňyz–diýdi. Ýaşuly bu sözüni, "Siz ýaşlar, indi ylymly-bilimli

bolduňyz, men şoňa guwanýaryn. Emma biziň zamanymyzda hat ýazyp, okamagy bilýän adamyny tapmak hem örän kyn muşakgatdy" diýen manyda aýtdy. Soň ol öz hemaýyn sözüni dowam etdi:

– Biziň Hasanaly hana ýesir düşenimizden iki ýyl ozal ýazymyz ýagynlyk-ygallyk boldy, meýdan sonar ot, doýumlyk boldy. Hemişe öz mallaryny etege ýakynlaşdyrman, Garagumuň jümmüşinden otarýan çarwa baýlar şol ýyl agyz birikdirip, etege ýakyn bir ýerde ýazlamagy öz aralarynda karar edipdirler. Ýazlaga çykmaly ýer hem Bäherden ýeňsesinde bolan bir guýynyň töweregi bellenipdir. Bu habar bütin Kesearkaja ýaýrady. "Sagymçylyk ederis, süýt-gaýmak iýeris, bir küýze-de saryýag edineris" diýen pikir bilen arkaçlylaryň ýarysy ýazlaga çykdy. Biziň maşgalamyz ýazlaga çykman, galada galdy. Ýöne men göçen goňşularymyzyň göçlerini eltişmek işi bilen ýazlaga çykylan ýere bardym.

Ýazlaga baran ilatyň öýlüleri öýlerini, çatmalysy çatmasyny sydyrgyn hatar-hatar edip dikipdirler, agyr küren oba bolupdyrlar. Agyr küren obanyň guralan ýeri hem eýlesine-beýlesine ses ýetmejek çägelteň, giň, seleň meýdandy. Ol meýdan hem dyza çykýan gök, ýaşyl ot bilen bezenipdi. Bizde şeýle boldumly ýazlar ýylda ýa ýyl aşa bolup durmaýar, negada bir ýyl bolýar, şonuň ýaly bu ýyl hem boldumly ýazlaryň biri boldy. Giň meýdanyň ortarasynda hem birnäçe guýular bardy. Bu guýular ajy suwly gum guýulary ýaly ýigrimi-otuz gulaç çuňlukda däldi, bu guýularyň ýeri Garagumuň etegi sepgitde bolany üçin, bularyň iň çuňy gulaç* ýarym, bir gulaçdy. Suwy hem süýjüdi. Küren oba hem şu guýularyň töwereginde syrgyn-syrgyn bolup oturdy.

Giň meýdanyň dört töweregini bolsa beýik gum depeleri gabap durýardy. Bilip bolmaz, duşmanlar çozaýsa hem ýüzüniň ugruna giribermesin diýip, depeleriň üstüne gandym, çerkez, sazak ýaly çöpler dikip, onuň öňünden hem garym gazyp, seňňer gurapdyrlar. Şol seňňerden günorta tarapy gum etegidi, demirgazygy bolsa Garagumdy.

---

* Gulaç – iki goluňy giň gereniňdäki uzynlyk.

Arkaçly türkmenleriň ýazlaga çykan habary Nasyreddin şanyň gulagyna ýetipdir. Şanyň jansyzlary: "Ahally türkmenleriň köpüsi bir ýere üýşdi, özleri hem ýaragsyz, şu häzir wagty, eger şolaryň daşyny gabap, dady hiç ýere ýetirilmän ýok edilse, şondan soň Kesearkajy eýeledigimiz bolýar" diýip habar berýärler. Nasyreddin şa hem kyrk müň atlyny jemläp, oňa özüniň baş serkerdelerinden Japarguly hany başlyk edip belleýär we "Eger sen, türkmenleriň şol ýygnanan ýerine gan çaýkap, ýok edip, Kesearkajy eýeleseň, seni Kesearkaja han edip, şol ýurduň ygtyýaryny hem öz eliňe bereýin" diýip wada berýär. Şunuň bilen birlikde: "Özüňiziň hemme nöker atlylaryňyz bilen Japarguly hana goşulyp, türkmenleriň üstüne baka atlanmaly" diýip, öz gol astyndaky hemme Horasan hanlaryna perman ýazýar. Japarguly han Kesearkaja gan çaýkap, külli türkmeniň üstünde han bolup, ýurt soramak arzuwyny edip, deb-debe dabara bilen, topy-tophanasy, ok-ýarag gorhanasyny süýräp, goşun çekip ugraýar. Ownuk galalaryň hanlary-da öz nökerleri bilen muňa goşulyp, bile gaýdýarlar.

Bir gün daň ýagtylan wagtlary dünýäden habarsyz oturan obanyň dört töweregini agyr goşun gurşap aldy. Bu goşun hemişeki tanyş duşman Nasyreddin şanyň ýygnydy. Ol görnen badyna hemmeler dessine tanadylar. Emma welin agyr küren oba gabawda galdy. Arkaç galalaryna habar ýetirmäge hem ýol galmady. Şol mütdetiň özünde oba aýak üstüne galdy. Indi goranmalydy. Bu mesele oglandan-ula hemmämize düşnüklidi. Şol demde iki ýüz töweregi hyrlyly mergen dumly-duşa ylgaşlaşyp, seňňerleriň öňünde orun tutdular. Saý atly, ýabzal atly, ýoz atly – hemme jemlendi. Olaryň hemmesi üç ýüz töweregi boldular. Ondan galany pyýadady. Pyçakdan başlap, bar bolan hemme ýarag ele alyndy. Aýallar bolsa goýun gyrkylýan gyrkylyklary syrygyň ujuna sarap, naýza edindiler. Guralan seňňeri öňküsinden hem berkleşdirmegiň ugruna çykdylar. Bu işde oglandan--ula, aýal-erkek hemmeler gatnaşýardylar. Indi goranmaly, tä ýagyrynişligiň dagaýança, tä iň soňky demiňe çenli şu seňňerleriň

öňünde bolmaly, duşmanlara ýesir bolmaly däl. Ulynyň-kiçiniň bar düşünjesi, maksady şoldy...

Ýazlaga göçüp gelenleriň arasynda hemişe goşuna ýolbaşçylyk edip ýören belli serdarlardan, tanymal batyrlardan hiç biri ýokdy. Diňe öz ýanyndan özüne göwni ýetip: "Indi goşuna serdarçylyk etmegi hem başaraýsam gerek" diýip pikir edip ýören adamlar bardylar.

Şunuň ýaly agyr küren obanyň ýa-da bir galanyň üstüne ýagy dökülip, agyr howp abanan wagty howsala düşýän iki-ýeke ýel ýürekler hem tapylýar. Köplenç wagt şeýle adamlar syr saklap, öz gorkaklygyny ile duýdurmajak bolup jan edýärler. Emma welin olaryň käbiri özüniň gowşaklygy ýa-da syr saklamaga özüniň ukypsyzlygy sebäpli, ýüregindäki howsalany daşyna çykaraýar. Şonuň ýaly şu agyr küren obanyň içinde hem molla Guty diýen elli ýaşlarynda bolan bir adam bardy. Haçan-da bolsa bir wagt ol adam Buharada okap gelipdir, şonuň üçin hem oňa molla Guty diýýärdiler. Çarwa baýlaryndan biri: "Molla Guty, şu ýyl Kesearkaj-a maslahat bilen ýazlaga çykýar, sen hem maşgalaň bilen ýazlaga çyk, sen özüň biziň ölimize-dirimize ýararsyň. Maşgalalaryň bolsa sagymçylyk eder, süýt-gaýmakdan horram bolarlar. Bularyň üstesine-de meşik-meşik ýag edinip gaýdarsyňyz, saňa mundan gowy näme düşewünt gerek" diýip, molla Guta maslahat beripdir. Molla Guty hem aýaly, ogly, gelni, gyzy bilen göçüp, ýazlaga çykypdyr. Ine, molla Guty indi uly howsala düşüpdir, ol aýagy bişen ýaly, bir ýerde durup bilmän zowzuldaýardy, ol şol bolup ýörşüne hem seslenip hüňürdeýärdi: "Aý, molla Guty, başyna turşy çykan molla Guty, heý seniň ataň-babaňda baýlaryň sagymçysy bolup, bir jyzzyk ýag dişine degreni barmy, sen bu ýere nä görüňe gelýärsiň, tapanjaňy iýip, hemişekiň ýaly galanyň derwezesinden boýnuňy uzatman otursaň bolmaýarmy?" diýip, öz-özüne käýinýärdi. Ondan soň bolsa, ol ýazlaga çykmaga özüne maslahat beren baýyň ýeňsesinden oňa hem "Köpük-gaýmagyň-da gura, goýnuň-da, üstüne öliň-diriň hem, talabyň hem gursun!" diýip sögýärdi. Käte bolsa ol maşgalalaryna baka ýüzlenip: "Bular hem meniň başyma köpük-

3 Sargyt № 3035

-gaýmak iýjek adammyş, ýazlaga çykalyň-da, çykalyň bolşup, gulagymy kamata getirdiler, ine, size köpük-gaýmak" diýip hüňürdeýärdi. Onuň göwnüne eýranlylar molla Gutynyň diňe bir özi üçin çozup gelen ýalydy. Onuň ýigrimi bäş ýaşly ogly: "Kaka, bu ýerde agyr küren oba otyr, biziň janymyz hem ala-böle iliňkiden süýji däl ahyryn, ýurdy gorap saklarys" diýip, onuň howsalasyny köşeşdirjek bolýar. Ol bolsa: "Ejeň gyrkylygy bilen saklajakmy?" diýip gygyrýardy. Gepiň gysgasy, molla Guty ýel ýürek adam eken.

Märeke obaň ortarasyna ýygnandy-da, maslahata başlady. Açyk howada gök otuň üstünde aý berip tegelenen märekäniň kimsi şahly hyrlysyny somaldyp, çommalyp otyr, kimsi gök otuň üstünde aýbogdaşyny gurap, egri gylyjyny öňüne kese basyp otyr. Kimseleri bolsa ör aýak üstünde durlar. Maslahatyň çözmeli meselesi hemme kişä mälimdi. Biziň ýaly ýetginjekler hem çagalar bolsa, märekäniň daşynda seslerini çykarman, diň salşyp otyrlar. Ine, ýaşululardan biri oturan ýerinde söze başlady:

– Adamlar, duşman özüniň ymgyr kän goşuny bilen gapyllykda biziň daşymyzy gurşap aldy, biz bu taýdaky güýjümiz bilen agyr goşuny gaýtarmagyň hötdesinden gelip biljek däl, haýal etmän, galalara baka biziň çapar göndermegimiz zerur – diýdi.

Kimdir-de bir ýigit murtuny sypalady-da:

– Biz şu ýerdäki güýjümiz bilen hem ýaýlamyzy gorap saklap bileris, biz öz güýjümize daýanmasak, çapardan bize peýda bolmaz –diýip, örän buýsançly gürledi. Onuň uly gürrüňine ýaşulularyň biriniň gahary has gaty gelen bolmaga çemeli, ol ýerinden galdy-da:

– Yaşulular maslahat edip duran wagty seniň ýaly ýigitleriň gulak asyp oturmagy gerek... Biz çapar göndermän, asmana garap oturyp, agyr maşgalany gyrgyna berip, gala gan çaýkatmak islämzok, biz parahat oturan ilimiziň üstüne çozup gelen Eýran şasynyň goşunyny derbi-dagyn etmek isleýäris, han ogul – diýdi. Ol ýaşuly şeýle gaharly gürledi welin, hatda onuň elinde tutup duran şahly hyrlysy hem sandyrap gitdi. Geçirilen gysgajyk maslahatda mesele çözüldi, hökman çapar

ibermekçi bolup synanyşmak meselesi çözüldi. Çapar ibermeli boldy. Oňa birinji ugradylan at duşmanlaryň halkasyny böwsüp geçip bilmese, ikinjini ibermeli, eger ol hem başa barmasa, üçünjini ibermeli. Eger ol hem başa barmasa, "Üçden soň puç" diýenleri ýaly, çapar ibermeklik puja çykdy hasap edilmelidi. Şondan soňky görmeli çäre hakynda hem şol ýeriň özünde maslahat edildi. Eýran şasynyň leşgeriniň ýakyn ýerinde guýy ýok, olar gatyrlara ýükläp getiren suwlary bilen mydar etmeli, onuň bilen hem köp bolsa, üç-dört gün mydar ederler. Şoňa görä hem olar bizi tizräk almakçy bolup, ýygy-ýygydan çozarlar. Olaryň şu çozuşlary hem özleri üçin gyrgyn bolar. Ýöne welin şunda bize köp gurşun hem gurak däri gerek boljak, biziň şol ýagdaýymyz agyr. Bardy-geldi şol tarapdan biziň ýagdaýymyz howp astyna düşse, onda biz Keýmir körüň edişi ýaly, suwdan bir garyş ýokardan agaç germeşdirip, selin-siňren düşäp, guýulary gömeris, tapmaz ýaly ederis, duşmanlar näbeletdir, bu ýeriniň suwunyň ýakyndygyny hem bilmezler. Ondan soň bir gije "urdy çykdy" urşa başlap, saý atlyny, ýabzal atlyny, ýoz atlyny tapgyr-tapgyr goýberip, ýeňsede ýatan duşman halkasyny böwseris. Gylyç bilen goranyp, aýal, oglan-uşak maşgalany ýararly goş hem azyk bilen birlikde Garagumuň jümmüşine baka aşyrarys. Şunda bolsa biziň uly umytly daýanjymyz atlylar bolmalydy, emma pyýadalar hem ýalaň gylyç bilen atlaryň yzynda bolar. Maşgalalar bilen goşlar hem azyk-suwluklar duşmanyň halkasyndan geçirilen badyna atlylar yzyna öwrülmeli-de ýene duşmanyň üstüne çozmaly, şeýle çozuşlyk birnäçe sapar gaýtalanmalydyr. Ýalaň gylyç pyýadalar, hyrlyly mergenler özleriniň iň soňky oklary bilen maşgala göçünden arany gaty üzmän, örän seresaplyk bilen ýöremeli. Gabaw halkasyndan çykan gijämiz daň atýança sag-aman ýöresek, "Gyrmyldan gyr aşar" diýen ýaly, duşman bilen ara uzaklaşar. Daň atandan soň bolsa atlylarymyz hem göçüň yzyndan ýeter. Şa nökerleri Garagumuň jümmüşine burunlaryny uzadyp bilmezler. Elbetde, bu söweşde ölen-ýitenimiz köp bolar, ýöne tutuşlaýyn gyrylmak hem bala-çagalary ýesir galdyrmak howpundan



gutularys... Ýaşulular hemme tarapyny ölçäp-çenäp, öz aralarynda gürleşdiler. Ahyry olaryň biri:

– Geliň, indi çapar göndermekde bagtymyzy synap göreliň, birinji çapar gitmek üçin iň ýyndam aty saýlalyň hem gylyç urmaga ökde, çalasyn ýigidi ibereliň – diýdi. Atlar synalyp-çeneldi. Ahyry hem gökdepelileriň Dordepel diýen atyny çapar ibermegi hemmeler makul gördüler. Şol wagt Dordepel dört ýaşyny doldurypdy. Ýaşulular: "At dört ýaşyny doldurandan soň, ýetmejek menzili bolmaz" diýişdiler. Dordepeliň eýesi selçeňräk sakgalyndan ýaňy ak görnen daýaw adamdy. Ol atynyň uly il üçin çapara gitmegine guwanç bilen razylyk berdi. Töwerekde duran ýigitleriň arasynda: "Men gideýin... Men gideýin..." diýenler hem köpeldi. Emma atyň eýesi:

– Meniň atym çapara gitjek bolsa, şonuň bilen meniň körpe oglum gitsin, atym näme bolsa, goý oglum hem şonuň bilen bile bolsun– diýdi.

Ol özüniň on dört ýaşly körpe oglunyň boýnuna ullakan gyzyl ýaglyk daňdy. Ýüzi bugdaý reňk togalajyk ýaş oglanyň ýanyp duran tegelejik gözleri onuň dogumlydygyny aňladýardy. Ol kellesine geýen telpegini aşak basyşdyrdy, egnindäki düýe ýüňünden dokalan çogda çäkmeniniň iki syýyny çalyp, biline sarap, ak biz guşagyna gysdyryşdyrdy. Ýagşy çuslandy-da, çokaýly aýagyny üzeňňä eltip, çalasynlyk bilen eýeriň üstüne atlandy, ol oglan at münmäge örän ezber bolupdyr, birnäçe ululardan hem ökdeläpdir. At eýesi Dordepeli jylawlap, seňňeriň bir çetine eltdi. Dordepel kellesini dim-dik tutup, talawladyp, alma gözlerini töweregine dikýärdi. Ol göýä şu hereketleri edip, töweregine üýşen märeke bilen iň soňky gezek hoşlaşýan ýalydy. Şol wagt ol bir kişňedi welin, ol hem biziň gulagymyza soňky gamly hoşlaşyk bolup eşidildi. Ol oglana birinji haýsy gala, kimiň ýanyna barmaly, näme diýmeli – hemmesini aýtdylar. Sözüň ahyrynda hem: "Biz üç günden artyk saklanyp bilmeris" diýdiler. Indi on dört ýaşly oglan Dordepel bilen duşmanlaryň agyr goşunynyň üstünden urup geçmelidi, iň gorkuly ýeri hem şoldy. Ýazlaga çykan agyr küren obanyň

oglandan-ula ýazgydyny çözjek hem şu oglan bilen atdy. Atyň eýesi Dordepeliň jylawyny gönükdirdi-de:

– Bar, oglum, Alla ýaryň – diýdi.

Dordepel ýiti gözlerini garşysyna dikip, özüni bir oklady-da, laçyn guşuň uçuşy ýaly, okdurylyp gitdi. Biziň hemmämiz ylgaşyp, bir gapdalymyzdaky beýik gum depesiniň üstüne üýşdük. Şahyň goşunynyň baş serkerdesi Japarguly han hem öz töwereginde bolan hanlar bilen bir beýigiň üstünde çadyr-çemenini dikip oturan eken, olar hem şol ýerden tomaşa edýärdiler.

Dordepeliň çykarylan ugry etekdi, ol ugurda beýik gum depesi ýokdy, kiçijik tümmejikli düzlükdi. Dordepel seňňerden çykyp, atylan ok ýaly bolup ugran badyna dört töwerekden Eýran şasynyň leşgerleri onuň üstüne baka at goýdular. Dordepel hem düşgür aňly ýaly, häzir ol özüniň näme ýumuş bilen barýanyna düşünýän ýaly, yzly-yzyna topar-topar bolup, garşysyndan hem gapdalyndan çykýan duşman ýabylaryndan sap atyp, olary topar-topar edip, yzda galdyryp geçýärdi. At eýesi garry telpegi elinde bir oturyp, bir turýardy. Şol ok ýaly bolup barşyna Dordepel şa goşunlarynyň iň aňyrky toparynyň hem arasyndan böwsüp, geçip gitdi. Şondan hem aňyrda, ýönekeý gözüň çala ýetip duran ýerinde bir beýik alaň bardy. Dordepel şa atlylaryndan arany örän uzak açyp, bat bilen barşyna dazlap, şol beýik alaňa çykdy, şonda atyň ýelginine üstünde oturan oglanyň boýnuna daňlan gyzyl ýaglyk galgady. Ondan soň at aşak inip, gözden ýitip gitdi.

Dordepeliň eýesi uludan demini aldy-da:

– At duşmanlardan gutuldy, indi duşmanlaryň oky Dordepeliň yzyndan ýetip bilmez, ol şu gidişini ýitirmän hem barjak ýerine ýeter– diýdi.

Ol garry atynyň çişip, öz tabyny ýitirmän, duşmandan sag-aman sypyp, şol beýiklige ýetenini kesgitlemek üçin oglunyň boýnuna şol gyzyl ýaglygy daňypdy. Şa leşgerleri näumyt bolup, ýabylaryny elesledip, hellewleşip, yzlaryna dolandylar. Çapar iň hatarly geçitden sag-salamat geçip gitdi. 'Indi säwlik bilen ýolugan bir bela uraýmasa,

at şu gidişini kemeltmän, barjak ýerine ýeter, men ony şol taba hem salypdym" diýip, Dordepeliň eýesi arkaýynlanyp, berk ynanç bilen aýtdy.

Ol zamanda adamlarda atlara ynanç hem bil baglamak örän güýçlüdi. Dordepeliň eýesi hem türkmenleriň iň ökde seýisleriniň biri hasaplanýardy. Ýazlaga çykan ýaýlanyň oglandan-ula hemmesiniň ýüreginde giden çapara uly umyt döredi, hatda indi olar ozal jelladyň hanjarynyň astynda duran kelleleri ölüm howpundan gutuldy diýip hasapladylar. Hemmeleriň ýüregi suwlandy, güýçlerine güýç goşuldy, batyrçylyklary öňküden hem artdy. "Heý, bu agyr goşunyň içinden hem çapar geçip gidermi?" diýip, öz başyna hüňürdäp oturan molla Gutynyň hem ýüregindäki howsalasy ýatyşdy. Şol wagt ýaşululardan biri:

– Zambirek atdylar, üýşüp durman, pese düşüň! – diýip gygyrdy. Biz ylgaşyp, beýikden pese indik. Iň daşa atýan ýaragynyň oky hem birnäçe ýüz ädim bize ýetmän, bir depäniň üstüne düşüp, tozan turuzdy. Depäniň düýbüne üýşen ýaşulular goranma urşuny nähili alyp barmak hakynda gürrüň edişmäge başladylar. Kimdir biri:

– Gadymkylaryň aýdyşy ýaly, "Urşuň geňeşi bolmaz", ýurduňa çozup giren duşmany eliňe ilen, tapan-tupan ýaragyň bilen urubermeli bolar. Biz şanyň goşunynyň çozup gelşini diňe şu gün görmeli däl, ony ozaldan hem göre-göre gelýäris, şalaryň, hanlaryň goşunlarynyň gylyk-häsiýetleri-de, urşuşlary-da bize mälim, olar özleriniň janlaryny örän süýji görýärler, biz bolsak öz ýurdumyzyň üstünde, maşgalamyzyň garşysynda gara kelläni orta goýýarys, bu gün hem hemişeki urşumyz ýaly şahyň goşunyny urarys, olaryň gijeligi bolmaz, garaňky gatlyşandan beýläk, tä daň agarýança dumly-duşdan üstlerine çozarys, ganymlary parahat ýatmaga goýmarys – diýdi.

Başga biri bolsa:

– Şanyň ynamdar goşun serkerdeleri, hemişeki edişleri ýaly, toplaryny, zambireklerini, hemme tüpeňlerini bize baka gurap, ýene gümmürdi-zenzele turzarlar, emma welin öz dogan ýurdumyzy taşlap,

ürküp gaçar ýaly, biz towşan ýürek däl ahyryn... Bular öz aýagy bilen özi gelen oljadyr, ata-babalarymyzyň "kowdy-gaçdy" urşuny edip, biz bulary pytradarys – diýdi.

Şu maslahatda atlylara, mergenlere, pyýadalara ýolbaşçylyk etmek üçin aýratyn adamlar bellendi. Iň garrylardan birisi hem gol göterip:

– Gylyjyňyz kesgir bolsun, öz ýurduňyň üstünde gan döken ýigidiň hiç bir armany ýokdur, üstüňize çozup gelen duşmanlary gyryň, siziň çigit ýaly hem günäňiz ýokdur – diýip, pata berdi.

Ozal aýdylyşy ýaly, gün öýleden agandan soň, Japarguly han hemme ýaragy bilen parahat oturan obany oka tutmaga başlady. Emma welin, dogrudan hem, boş gümmürdi bolup çykdy. Toplarynyň oky sapandan atylýan daşça hem ýokdy. Olar wazlaşyp, uzak daşlykdan görnüşip gelýärdiler, onuň öňünden arkaýynlyk bilen sowulmak hem boljakdy. Olaryň oklary obanyň jümmüşine ýetmeýärdi, zordan seňňerimiziň bir çetine gelip ýetýärdi. Olar ara kesip, birnäçe sapar gaýtalap atdylar. Şol arada biziň mergenlerimizden bir topary gum depelerine bukulyşyp baryp, olaryň atyjylaryny oka tutdular. Japarguly hanyň gümmürdisi hem şonuň bilen kesildi. Men diňe şonda topuň sesini birinji gezek eşidipdim.

Garaňky gatlyşdy, şonuň bilen birlikde hem dumly-duşumyzda ot yşyklary ýalpyldaşmaga başlady, hatda oduň töwereginde aýlanyşyp ýören adamlary hem görmek bolýardy. Käbir wagtlarda bir öýe üýşen çagalar öz aralarynda gatyrak şowhun-galmagal edäýseler, garrylar: "Bolşuňyz nähili, şa goşuny düşen ýaly" diýerdiler. Şonuň hem hakykat ekenligini men, diňe şu ýerde birinji gezek gördüm. Dumly-duşumyzdan şowhun, gykylyk sesler eşidilip durdy. Şa goşunlary öz aralarynda parsylaşyp, gaty ses bilen gürleşýärdiler. Biziň agyr küren obamyzyň hiç bir ýerinde uçgunjyk hem görünmeýärdi, adam sesi hem çykmaýardy. Hatda atlar hem kişňemeýär, itler hem üýrmeýärdi. Şu häzir uly obanyň bir çetinde durup synlasaň, göwnüňe oba eýýäm göçüp giden ýa-da obada jan biten jandar galman, gyrlan ýaly

duýulýardy. Emme welin oba diridi. Uly obanyň eli taýak tutany aýak üstündedi. Häzir diňe ýaşajyk çagajyklar uklapdylar, şolardan başga hemmeler söweşe taýýardylar.

Seňňeriň bir çetinde iki ýüze ýakyn adam depäniň öňünde ýygnanyşyp otyrdylar. Olar agzynyň giňligi bir arçyn bolan gök mawut balaklarynyň gonjuny çyzgap, dyzlaryna ýetiripdirler, giň hem uzyn köýnekleriniň ýeňini çermäp, tirsekden geçiripdirler. Billerine bolsa uzyn ak guşaklaryny çekip sarapdyrlar. Ullakan pyçagy hem guşaklaryna gysdyrypdyrlar. Häzir olar eginlerine ýasgynjak atynan agar çäkmenleriniň içinde gynsyz, ýalaň gylyjy tutup, hemme ünslerini ýatan ýaga baka beripdirler. Häzirlikçe gulak bilen göz işleýärdi. Azajykdan soň bolsa aýak bilen el işlemeli bolara çemeli. Şahyň leşgeri hemişe haýbat üçin edýän bolara çemeli bu gezek hem şonuň ýaly top, tüpeňlerini gümmürdedip, iki sapar atdylar, ýaraglarynyň ody garaňkylygy ýagtyldyp gitdi. Emma oklarynyň nirä düşenini hiç kim hem bilmän galdy. Japarguly hanyň goşunynyň gopguny peselip başlady. Ahyrynda hiç bir ýerden ses çykman, dym-dyrslyk bolup galdy. Otlarynyň yşyklary hem öçüp gitdi. Şamlan Aý dogup, tegelenip ýokary galyp başlady. Bu taýýarlanyp duranlaryň arasynda ýigrimi bäş ýaşdan tä kyrk ýaşa çenli adam bardy. Kimdir-de biri:

– Serdar aga, wagt geldi öýdýärin – diýip, ýuwaşja hümürdedi.

Pyýadanyň serdary aýagy giň biz balakly bir ak sakgal adamdy, ol:

– Meýdanyň gurtlary hem hemişe şunuň ýaly Aý dogup, ýokary galyp başlanda goýun sürüsine daraýarlar, baryň, siz hem duşmana aç gurt ýaly daraň, duşmanyň birini kemeltmek bir peýda, baryň, biri-biriňizi goldaň – diýdi we ak sakgalyny sypalady. Bu ýönekeý söz – berk buýrukdy.

Iki ýüze ýakyn taýýar bolup duran pyýada eginlerindäki ýasgynjak çäkmenlerini hem başlaryndaky çiş telpeklerini taşlap, öňe baka eňdiler. Olar özlerine päsgel bermesin üçin, gylyjyň gynyny hem dakynmandylar. Olar ýalaň aýaklary bilen pişik basyşyny edip, şeýle

bir ädimleýärler welin, hatda tä baryp gylyç salýançalar hem duşman olaryň baranyny duýman galjakdy. Taşlanan geýimleriň ýanynda meniň ýaly ýaş ýigitlerden on-ýigrimisi hem bäş-alty sany ýaşuly bardy. Biz gerek ýerinde haýsy-da bolsa bir kömege ýaramaly adamlardyk. Biziň hemmämiziň bar pikirimiz hem gözümiz, gulagymyz giden pyýadalaryň yzyndady. Bir meýdan garaşyp oturanymyzdan soň, ýatan agyr goşunyň tüpüniň dikilen ýerinde gykylyk gopdy. Onuň yzy bilen öňki gykylyk çykan ýerinden beýleräkde bir ýerden zenzele turdy. Onuň yzy bilen üçünji ýerden gowur turdy. Soňa baka uly gowga bolup, gykylyk asmana göterildi, iki-ýeke tüpeň sesleri hem çykdy. Ýaşulular bir oturyp, bir turýardylar. Ylaýta-da serdarlyk edýän ýaşuly gaty gopgunlydy, ol bir ýerde durup bilmeýärdi. Ep-esli salymdan soň gidenler gelmäge başladylar. Bularyň kimsi ýaby, kimsi gatyr, kimsi ýesir, kimsi şemhal alyp geldiler, gidenleriň boş gaýdyp geleni ýokdy.

– Hemmäňiziň sanyňyz tükelmi? – diýip, ýaşuly sorady. Bular bäş topardy, her toparynyň başlygy öz adamsynyň ýerbe-ýerdigini aýtdy. Emma aralarynda ýeňil-ýelpaý ýaraly bolanlar bardy welin, beýle ýaralar ýara hasap hem edilmedi. Şa leşgerleri ýatan ýerde gopgun turşy ýaly, ýene kem-kemden zenzele ýatyşyp, ol ýeri dym-dyrslyga öwrüldi.

Bu gije çozan pyýadalar Japarguly hanyň ýatan goşunyndan köp adamyny gyrypdyrlar. Tutan ýesirleriniň aýaklaryna atlaryň aýaklaryna salynýan zynjyrlary saldylar. Şol gije daňa golaý saý atlylar hem ýatan goşunyň üstüne çozup, çapawullap gaýtdylar. Olar hem köp oljalar hem ýesirler alyp geldiler. Şol ýesirleriň hemmesi diýen ýaly: "Aga, biziňki biçäre adam, han buýrar, etmese, dara çeker" diýip, özlerini zoraýakdan gelen adam edip görkezýärdiler. Emma şularyň arasynda biri bar welin, kiçiräk serkerdelerden biri bolsa gerek, ol: "Şehin şahy älemiň leşgeri ýeňilmezdir... Japarguly han altmyş müň leşger bilen geldi, siziň baryňyzyň atańyzy ýandyrar, öýleriňizi otlar, toplarynyň hamysy ataş açsa, ýerler lerzana geler, göwreli arwatlaryňyz

uşak taşlar" diýip azym urýardy. Onuň urýan lapyna hiç kim üns hem bermeýärdi welin, kimdir biri hyrlyň teýi bilen ýeňsesine gelşirdi-de: "Näme ýaňraýarsyň, lal bol, lap urma... Seniň şehin şahyň goşunynyň güýjüni ozal telim sapar synap gördük" diýdi.

Şol günüň ertesi obanyň on-on iki ýaşly oglanlary şol öwünjeň ýesiriň töweregine üýşüp: "Häý, biziň serdarymyz seniň murtly kelläňi kesip, ony hem naýza dürtüp, hanymyza baka iberjek" diýip, el hereketleri bilen oňa düşündirýärdiler. Ol bolsa öz ýanyndan çagalar eşidendir öýdüp: "Meniň kelläm alajaklarmy?" diýip aglaýardy.

Japarguly han agyr küren obany çaltlyk bilen kül-peýekun etmegi ýüregine düwen bolmaga çemeli, Gün günorta ýakynlan wagtlary ol goşunyny iki topara bölüp, seňňerimiziň iki tarapyndan hüjüm etmäge başlady. Emma welin, seňňere girmek üçin oňaýly tarapy diýip, olaryň saýlap alan ugurlary, tersine, olar üçin ölüm, gyrgyn bolup biljekdi. Sebäbi diýseň, ol ugurda pyýada mergenlerimize penalanmaga ýer kändi. Atlylarymyz hem oslanmadyk ýerden çozup, "degdi-gaçdy" söweş edip biljekdiler. Şeýle hem boldy. Biziň ýaşulularymyz bar güýjümizi ikä bölüp, hüjüm edip gelýän duşmanyň garşysynda goýdular. Atlylar gum depeleriniň arasynda bukuda garaşýardylar. Her mergeniň ýanynda iki hyrly, boşan hyrlyny doldurmak üçin hem kömekçi goýuldy. Aýallar bolsa çoýun gazanda gurşun eredip, ok guýýardylar. Çagalar ok daşaýarlar. Mergenler sessiz-üýnsüz ýatmak bilen, hüjüm edip gelýän duşmany örän ýakyna goýberdiler. Olaryň köpüsi ýabyly hem gatyrlydy, pyýadasy yzyndady. Olar bogazlaryna sygdygyndan gykuwlaşyp gelýärdiler. Birdenkä duşmanlaryň edil alkymynyň astyndan diýen ýaly gümmürdi peýda boldy, hyrlylar tüsse bilen dem almaga başladylar. Mergenleriň atan oklarynyň ýekejesi-de biderek gidenokdy. Birinji okda duşman leşgeriniň öňüne düşüp gelýän serkerdeleri ýok edildi. Duşmanlaryň gatyrlary, ýabylary ürküp, arkan serpdiler. Mergenler bir hyrlyny raslap atýança, kömekçisi ikinji hyrlyny dolduryp ýetişdirýärdi. Hyrlylar yzba-yz atylýardy, duşman yzly-yzyna ýabysyndan, gatyryndan agyp ýykylýardy. Indi uýanyny

süýräp ýören palanly ýabynyň, gatyryň sany köpeldi. Gykuwlaşyp gelýän duşmanlaryň seslerine suw guýlan ýaly boldy. Indi olar ýaraga ýapyşmakdan bizar, gaýta, ürken ulaglaryny oňaryp bilmän, çek otur-da-bek otur bolup, gapba garyşyp, hatarlary bulam-bujur boldy. Duşmanyň leşgeriniň sapy bozuldy. Biziň atlylarymyz üçin hem geregi şoldy. Olar wagty ýitirmän, çalasynlyk bilen duşmanyň üstüne çozdular. Emma welin bu hemmesi däldi, bu diňe bir bölegidi. Ol wagtyň urşunda atlar örän ullakan orun tutýardy. Ahal atlarynyň iň pesi hem şa leşgerleriniň sussuny basýardy. Elbetde, ýarag işletmegi-de başarmak gerekdi, häzirki çozan türkmenleriň atlary ok ýaly atylýardy welin, olaryň egri gylyçlary-da ýalpyldaşyp, dynman inip-çykýardy. Her inip çykanda hem bir kelle togalanýardy. Duşman leşgeriniň hemmesiniň bar ünsi bir uçlaryndan gyran salyp gelýän topar atla baka öwrüldi. Şol wagt arka tarapdan ikinji topar çozup, gyran salyp başlady. Ondan soň üçünji topar çozdy. Mergenler bolsa çemini aňtap, dynman atýardylar. Duşman leşgeriniň ikinji tarapyndan çozan ugrunda hem edil şunuň ýaly söweş alnyp barylýardy. Bu bolsa ýaşulularyň tabşyrygydy. Serdarlyk edýän garrylar beýik gum depeleriniň üstünde bir ýerde durup bilmän, iki-baka ylgaşýardylar.

Duşman leşgeri arkanjaklap barmaşa, birden ýeňsäni berip, "Sen gitdiň-de, men galdym" bolşup, gaçmaga başladylar. Şeýle oňaýly wagtda ýyndam atlynyň diýeni gelýär, olar ýabyly, gatyrly duşmanyň syrtyndan kerçäp gidip barýarlar. Duşmanyň bir toparynyň basgy bolanyny görüp, ikinji topary hem ýeňsäni berip gaçdy. Atlylarymyz seňňerimizden arany uzak açman, yzyna öwrüldiler. Japarguly hanyň leşgeri köp maslyklaryny hem ýaby, gatyr we başga zatlaryny biziň seňňerimiziň öňünde galdyryp, öňki ýatan ýerlerine çekildiler. Gan döküşikli gazaply söweşi, men şu ýerde birinji gezek gördüm. Japarguly han leşgeriniň öňüni-soňuny ýygnap, öýleden soň ýene hüjüm etmäge başlady. Özünden näçe köp adam gyrylsa hem, onuň garny-böwri agyryp, ýüregi gyýylp durmaýan bolara çemeli, onuň maksady diňe biziň ýaýlamyzy derbi-dagyn etmek bolara çemeli.

Emma welin bu saparky hüjümlerinde olar öňkülerinden hem beter wejera bolup, yza çekilmeli boldular. Bu günki günümizi şunluk bilen geçirip, agşama ýetdik.

Şa goşunlarynyň gijeligi ýok, olar gijäniň adamsy däl. Bize bolsa gije bilen gündiziň ikisi hem deň, gaýta, bize gije urşy oňaýlydy. Şoňa görä hem biziňkiler ýene öňki agşamky çapawulçylyk uruşlaryny gaýtaladylar, emma bu gije öňki agşamky çozulan ýerden däl-de, başga, oslanmajak tarapdan duşmanlar çapawullandy...

Çarwa baýlaryň goýun sürüleri entek ýeňsede – Garagumuň jümmüşindedi, olar şu gün-erte ýazlaga çykylan guýularyň töweregine gelip çykmalydy. Emma "Geçä jan gaýgy, gassaba ýag" diýen ýaly, "Çopanlar entek sürüleri bäri ýakynlaşdyrmasynlar, ýeňsä sürsünler" diýip, giden habarçydan sargyt iberipdirler.

Her näme hem bolsa biziňkileriň seresaplylygy goldan bermän, ikinji gije geçiren çapawulçylyk daryşlary-da şowly geçdi. Ölen--ýiten ýene bolmady, diňe ýeňil-ýelpaý ýara bilen sypyldy. Şol gijäniň ertesi daň ýagtylan badyna töwerekde üýtgeşiklik göründi. Biziň seňňerimiziň demirgazyk-gündogar tarapynda, duşmanyň ýatan leşgerinden hem aňyrdaky beýigiň üstünde bir baýdajyk galgap otyrdy. Dikilgi baýdagyň ýanynda birdir, ikidir adam hem görünýärdi. Iki aranyň uzak bolmagyna görä, baýdagyň reňki saýgartmaýardy. Ol goşantsyz sap gara reňkde ýaly görünýärdi. Emma welin onuň duşman leşgeriniň baýdagy däldigi, reňkiniň hem gara bolman, tutuşlaýyn gyrmyzydygy açyk mälimdi. Iki aradaky meýdan uzak bolandan soň, gyrmyzy reňk gara ýaly görünýärdi. Şol zamanda biziň göterýän baýdagymyz gyzyldy. Her bir atly başy serdaryň, batyryň özüniň kiçiräk gyzyl keteni baýdagy bolardy, ýaşulularyň öz aralarynda saýlaw bilen tutýan hanlarynyň baýdagy bolsa, olaryň hemmesiniňkiden uludy. Baýdaklaryň depesi galaýydan ýasalan bäş barmak penje nyşanlydy. Şu görünýän hem şol baýdaklardan biridi. Adamlar öz aralarynda:

– Bu baýdak Gara batyryňkydyr – diýişdiler. Her kim hem bolsa, ol daň atmazyndan öň gelip, öz atlylary bilen şol ýerde düşen bolmaga

çemelidi. Bu bolsa duşman leşgeriniň arasyny böwsüp geçen çaparyň sag-aman baryp, galalara habar ýetirenini aňladýardy. Gün dogup barýarka ýene bir baýdak pasyrdap göründi, onuň yzyndaky atly iki müňe ýakyn bardy. Olar aňyrdan atlaryny ýuwaşja sürüp, dogry duşman leşgerine baka ýüzlendiler, tüpeň atym meýdana ýetdiler-de, birdenkä gylyçlaryny ýalpyldadyp, duşmanyň üstüne baka eňdiler. Şa leşgerleri şemhallarynyň aýaklaryny ýere dikip nazar alýançalar, eýýäm gylyç gelip, olaryň depesinden inipdi. Olar şeýle ýyndamlyk bilen hem çalasyn hereket edip, bir salym dabrap, ýatan leşgeri gyrdylar. Ondan soň ýene göz ilmez ýyndamlykda atlaryny çapyp, duşmanyň üstüne çozuşlary ýaly söweşden çykdylar-da, atlaryny ýüzin salyp gitdiler. Şol baryşlaryna hem olar ozalky pasyrdap oturan baýdagyň ileri ýanynda at başyny çekdiler we düşüp baýdaklaryny dikdiler. Özüni ýitirip, başly-barat bolan duşmanlaryň atan oklary-da olara kär edip bilmedi.

Syn edip duran ýaşulular:

– Bu Däli batyrdyr – diýişdiler. Gele-gelmäşe at goýup, duşmanlara bir darap çykmak Däli batyryň häsiýetidi. Men ozal hem Däli batyr hakynda ululardan köp gürrüňler eşidýärdim, bu sapar bolsa, ynha birinji gezek gözüm bilen gördüm. Gün dogup, ýokary galyberende, ýene bir serdaryň baýdagy göründi. Onuň yzy bilen ýene iki baýdak gelip, beýigiň üstünde dikildi.

Hemmesinden soň saýlanan hanyň otagaly ullakan baýdagy tegelenip göründi. Ol baýdak hem bir beýigiň üstünde dikildi. Bu baýdak bilen Öwezmyrat batyr hem Çopan batyr ikisi dört müň atla baş bolup gelipdirler. Gelip düşen biziň ýygnymyz indi duşman leşgeriniň bir tarapyny tutup durýardy. Emma welin ýygyn yzly-yzyna gelip başlanyny görenden soň, Japarguly han rejäň geň däldigini bildi, ol hem kernaý-surnaýyny çalyp, özüniň ýaýraň ýatan leşgerini ýygnap, tijenmäge başlady. Biziň seňňerimiziň daşy indi gabawdan boşapdy. Şol wagt biziň ýaşulularymyzdan iki sanysy atlanyp, gelen ýygyna baka gitdi. Olar urşy nähili alyp barmak hakynda edilen maslahaty

eşidip gaýtmakçydylar. Ondan soň biziňkiler hem şol maslahat boýunça söweş etmelidiler.

Maslahat uzaga çekip durmandyr. Gün heniz günorta ýakynlaşmanka, hereket başlandy. Otagaly uly baýdak duşmanlaryň ýakynynda bolan bir belent depäniň üstünde dikildi. Däli batyryň atlysy öz baýdagy bilen biziň seňňerimiziň ýeňsesinden aýlanyp, günbatar tarapa geçdi. Gara batyryň atlylary bolsa edil seňňeriň öňüne geldiler. Biziňkiler hem Gara batyryň atlysyna goşuldylar. Bu ikisi sag ganaty tutdular. Çep ganatda bolsa üç serdaryň atlysy bardy. Olar ýaý ýaly bolup, duşmanlaryň arka tarapragyny hem gyýdylar. Öwezmyrat batyr bilen Çopan batyr bolsa ýazzy maňlaýdan urmalydy. Japarguly han gyssandy öýdýän, ol topuny, zambireklerini dynman atmaga başlady. Şol wagt Däli batyryň atlylary göýä gum depelerini ýaryp çykan ýaly boldy-da, duşmanyň oslamadyk tarapyndan üstüne döküldi. Şol demiň özünde hem Japarguly hanyň ýaraglarynyň sesi sem boldy. Az salymdan soň çep ganatdaky serdarlardan biri öz atlylary bilen çozdy. Demgir duran täze güýç yzba-yz çozýardy, edil dünýäni tutup ýatan çekirtgäniň üstüne topbak-topbak bolup çozýan sar ýaly gyryp-gyrjaşdyrýardylar. Şol barmaşa duşmanlaryň maňlaýynda duran dört müň atly bilen Öwezmyrat batyr, Çopan batyr birden at goýdular. Gylyçly söweş şeýle bir gyzyşdy welin, çaknyşýan gylyçlardan ot çykyp, şaňňyrdysy göge göterilýärdi. Gatyrlar ürküp, dükürdini urýardylar, aýylganç gygyryşýardylar. Atlaryň toýnaklary ýere degmeýän ýaly, dumly-duşuna çarp urup daraýardylar. Goýy tozan tüweleý ýaly bolup asmana galýardy. Indi söweş Japarguly hanyň çadyryny diken depesiniň töwereginde barýardy. Käýarym, her wagt örän seýrek tüpeň sesi hem çykýardy.

Iki-üç sagada çeken gazaply söweşden soň, Japarguly han çadyryny taşlap gaçdy. Onuň agyr leşgeri hem "Gaçan gutular, duran tutular" diýen ýaly, sozan guýruk bolup gaçmaga başlady, şehin şahyň şiri-hurşit nyşanly ala-beder baýdagy hem gylyç bilen çapylyp, atlaryň aýagynyň astynda galdy. Emma welin ýaby bilen gatyr ýyndam ahal

atlarynyň öňünden gaçyp, gutulyp bilmeýärler. Biziňkiler başly-barat basgy bolup gaçyp barýan leşgeriň yzyndan ýetip, gyrmaga başladylar. Japarguly hanyň özi hem uzak gaçyp gidip bilmedi. Onuň gaçyp barýan ugrunda serdarlaryň biri atlysy bilen bukuda goýlan eken. Japarguly han özüniň ölümden sypyp gaçanyna begenip barýarka, birdenkä, onuň çat maňlaýyndan atly çozupdyr. Japarguly han yzyna dolanyp, basgy tapan goşunyna barmaly hem alaçsyz söweşmeli bolupdyr. Garaňky gatlyşandan soň Japarguly han ýanynyň azajyk adamy bilen sap tapyp, ýene bir ugurdan gaçypdyr. Emma onuň agyr leşgeri durşuna heläk boldy, gyrlany gyryldy, gyrylmadygy hem ýesir düşdi. Soň eşidişimize görä, Japarguly han hiç bir iş bitirmän, hemme leşgerini gutarandan soň, şahyň gazabyndan gorkusyna Nasyreddin şanyň ýanyna baryp bilmän, tä ölýänçä gizlenip gezipdir.

"Uruş gansyz-hunsuz bolmaz" diýen ýaly, bizden hem okdan ölenler, ýaralananlar köp boldy. Ýöne welin biziň her ölimiziň deregine duşmandan onlarçasy öldürildi. Eger olardan ýesir galanlaryny hasap etseň, onda has hem köp boljakdy.

Ine, ol zamanyň urşy şeýledi. Parahat oturan wagtyň üstüňe agyr leşgeri bilen çozýan duşmanlara garşy söweşde atlaryň bitirýän işleri örän ullakandy. Biziňkilerden ölen adamlaryň az bolmagyna-da birinjiden, atlaryň daýaw hem ýyndamlygy sebäp bolan bolsa, ikinjiden hem, biziňkileriň at sürmekde ökde ezberligi we gylyç urmakda çalasynlygy, başarjaňlygy sebäp boldy. Eger sen atyňy oňarman aljyrasaň, özüňi ýitirip çalasynlyk bilen sap atyp, gylyç işletmegi başarmasaň, duşman çemini tapyp, seniň kelläňi alýar. Biziňkileriň oglandan-ula oýnagy gylyç bolardy, atlaryň arasynda has belli-belli ýyndamlarynyň bolşy ýaly, adamlaryň arasynda-da belli-belli gylyç urşuna ökde adamlar bolardy. Sebäbi ol zamanyň tüpeňini doldurmak üçin köp wagt gerek bolýardy. Sen tüpeňiňi bir boşadyp, täzeden doldurýançaň, çalasyn adamynyň golundaky gylyç, pesinden ýüz sapar inip-çykyp biljekdi. Her näme bolsa-da, hyrlylary çalasynlyk bilen doldurýan mergenler hem soňkurak wagtlarda köpelipdi. Bir tarapdan

Eýran şasynyň leşgeriniň günde-günaşa ýurdumyza çozup durmasy, beýleki tarapdan bolsa Hywa hanynyň, Buhara emiriniň talaňçy goşunlarynyň üstümize dökülip durmasy ýaraga ökdelemegi, iner ýaly çydamly bolmagy, gurt ýaly çalasyn bolmagy, keýik ýaly duýgur hem ukyňa sak bolmagy, at saklamagy adat edinmegi bize mejbur edipdi. Ine, biziň parahat ilatymyzyň üstüne agyr leşgeri bilen çozan Japarguly hanyň basgysy şeýle gutardy. Eger-de Dordepel – çapar gidip, galalara habar ýetirip bilmedik bolsady, onda biziň ýaýlamyzda ýaşaýanlaryň ýazgydynyň näme bilen gutarjagy aýdyň görnüp durýar. Köpimiziň gyryljagymyz mälim zat ahyryn... Şundan soň Dordepeliň dabarasy dag aşyp, bütin Eýrany tutdy. Şehin-şahyň toplary ýeri lerzana getirip bilmedi, gaýta Dordepel lerzana getirdi.

Meniň Hasanaly hanyň goluna ýesir bolup düşenim şu wakadan iki ýyl soň boldy. Hasanaly hanyň Nasyreddin şaha sowgat ibermekçi bolup, Aly begi ogurlyga ibereni hem gökdepelileriň şol Dordepel atydy. Indi soňy näme bolýarka, hany göreli bakaly – diýip, ýaşuly gürrüňine dyngy berdi we ikinji çäýneginiň iň soňuny käsesine sarkyrdy. Ol hekaýasyny gürrüň berýän wagty, şol waka edil häziriň özünde gözüniň öňünde bolup duran ýaly edip, gürrüňine el hereketlerini hem baş hereketlerini goşup sözleýärdi. Käwagtlar bolsa bir zady el hereketi bilen görkezmekçi bolup, elindäki içip oturan käsesini ýerde ýörite goýýan mahallary-da bolýardy. Onuň gürrüňiniň käbir ýerlerini has anyklamak üçin, meniň berýän soraglaryma bolsa, ol gürrüňiniň ugrundan daşa çykman, ugurdaş düşündiriş edip gidýärdi.

– Hawa, ol wagt şeýle zamana boldy – diýip, gürrüňçi garry sözüni dowam etdi.

## V

– Biz Hasanaly hanyň ýesirhana howlusynda otyrys. Aly beg bolsa dabarasy külli Eýrana ýaýran Dordepeli ogurlamaga gitdi. Sebäbi agramyna tylla çekip berseler hem türkmenler diňe ol at däl, hatda

heniz şöhrat gazanmadyk atlaryny hem satmajaklary açyk aýdyňdy. Meniň gazan kelle Meňli bilen oturyşan gijämiň ertesi uzyn gün ol meniň ýanyma gelmedi, daşda-içde görende hem ol maňa habar gatmady. Meniň bolsa ýene Meňli bilen duşuşasym gelýärdi, onuň başyndan geçiren gyzykly wakalaryny eşidesim gelýärdi. Onuň ýanynda iň bolmanda gulaga ýakymly söz hökmünde gaçmak hakynda gürrüň gozgasym gelýärdi. Emma welin ol günüň ertesi-de, soňkusy güni-de gazan kelle bilen gürrüňdeş bolmak maňa miýesser bolmady. Dördünji gün öýleden soň, men howlynyň güneýinde güneşläp otyrdym. Meňli uly bassyrmanyň gündogarky agzyndan çykdy hem zynjyrly aýagyny şakyrdadyp, haýal-haýal ädimläp, maňa baka ugrady. Onuň ýüzi bir hili ýylgyrýan ýalydy. Emma onuň ýüzi garaýagyz hem hyrsyz bolandan soň, onuň ýüzündäki şatlygyň belgisimi ýa-da gaýgy--gamyň belgisimi, ony aýyl-saýyl etmek kyndy. Ol gelip, meniň gapdalymda zynjyrly aýaklaryny öňüne baka uzadyp oturdy-da:

– Däli, otyrmyň? – diýdi.

– Hawa, oturmasam dagy nädeýin, başga edip biljek alajym ýok– diýdim.

– Alaç tapyldy, Däli – diýip, ol şondan başga üstüne söz goşman, aýagyndaky zynjyrlara seredip dymdy. Men bolsam tapan alajynyň nämedigini tizräk bilmek isläp alňasaýardym. Bir salym dymandan soň, ol tagaşyksyz bir hili ýyldyrdy-da:

– Däli, bilýärmiň näme bar?– diýdi.

– Ýok, hiç zat bilemok.

Onda ol:

– Bilmeseň, şol gün men "Almany ýokaryk okla, ýere düşýänçä ýa pelek" diýipdim, şol iki arada hem bir dem almaga pursat bar diýipdim, ýadyňa düşýärmi?– diýdi.

– Hawa, ol aýdanyň ýadymda.

– Däli, ýadyňda bolsa, şol meniň aýdanym boldy, at ogurlygyna giden Aly beg galypdyr – diýdi.

– Bä, gyzyk zat, ol nirede galypdyr?

– Pah, muňa seret, ol nirede galar öýdýärsiň, ogrularyň galjak ýeri özüne belli, ogrular ahyry bir gün ogurlyklarynyň üstünde tutulyp galmaly ahyryn –diýip güldi. Soň ol Aly beg bilen bolan işi gürrüň bermäge başlady:

– Haýsy-da bolsa biziň galalarymyzyň birinde onuň hem aýagyna ikimiziň aýagymyzdaky ýaly zynjyr salyp goýupdyrlar, Aly beg murtuny pişge ýaly edip, aýagy zynjyrly otyrmyş. Ýöne welin onuň ýanyna göteren atlylarynyň biri hem onuň bilen galman, hemmesi öwrülip gelipdir, diňe Aly begiň ýeke özi ele düşüp galypdyr, men şu bolşa gaty geň galýaryn, onuň ýeke ele düşmesiniň sebäbini heniz açyk bilýän ýok bolara çemeli, ol meniň gulagyma heniz ýetenok... Hasanaly han bolsa iki adama müňkürmiş, onuň müňkür bolýanlarynyň biri Aly begiň öňüne düşüp, ýurda belet bolup giden dönükmiş. Beýlekisi hem hanyň öz nökerbaşylaryndan birimiş, ol nökerbaşylygyň üstünde Aly beg bilen hemişe basdaşlyk edýär eken. Ol Aly beg bilen dawagär bolup, köp saparlar hanyň ýanyna hem barypdyr. Şoňa görä-de Hasanaly han şu gün giçden soň şol ikisini dara çekjekmiş. Goý çeksin. Öz ýurduny satan dönük öldi, goýun iýýän guduz möjek öldi, ol ikisiniň tapawudy ýok, ar-namysyny satan şeýle dönükleriň müňüsinden özümiň wepaly goýunçy köpegimiň birini gowy görýärin. Ol gomparyp ýören nökerbaşy hem goý ölsün, guduzlaryň biriniň öleni bir peýda... Görýän welin, entek meniň kelläm öz egnimiň üstünde durjak öýdýän – diýip güldi.

– Ol ikisiniň dara çekileni jähenneme-le. Ýöne at nätdikä, Dordepel şularyň eline düşmedik bolsa ýagşy?–diýip, men howlukmaçlyk bilen soradym. Onda ol başyny galdyrdy-da:

– Päheý, munuň aýdýanyna seret-le, "Durna gökde, duzak ýerde". Ol ýerde heý bularyň eline at berip goýberilermi? Seniň taryplaýan Dordepeliň häzir öz gazygynda aýlanyp durýar, şoňa görä meniň kelläm hem öz ýerinde dur ahyryn–diýdi.

Soň ol assyrynlyk bilen töweregini garanjaklady, ondan soň ol örän assalyk bilen sözlemäge başlady:

– Men gaçmagyň ýoluny tapdym, ikimiz hökman gaçmaly, ikimiziň yzymyzdan gelip aljak gylyçly-gaýratly hossarymyz ýa-da puldar baý hossarymyz ýok, onsoň biz tä bir batman jöwene deň bolýançak bu taýda aç-suwsuz ýatmaly bolarys. Açlykdan sumugyp, gurbumyz gaçyp ýykylmankak, aýak üstünde durmaga, ýöremäge kuwwatymyz barka gaçaly... Özüň görüp dursuň, Eýranda özüni Hasanalyça görýän ýüzlerçe-müňlerçe adamlar bir gara şaýa geçmän, bir döwüm jöwen çöregine zar bolup, köçelerde enteşip ýörýärler. Dirileriň mazarçylygy bolan bu ýurtdan biz tizräk gaçaly, düşündiňmi? – diýdi.

"Gaçmak üçin aňsat ýol tapypdyr-ow, bu" diýip, men çendenaşa begendim we öz ýanymdan: "Gaçmaklyk, hiç bir gan çykarman, ölümsiz-ýitimsiz başardaýjak ýaly" diýip oýlandym. Emma ol beýle däl eken. Meňli ýene assyrynlyk bilen töweregine ýaltaklady-da:

– Ikimiziň gaçmak hakynda etjek gürrüňlerimizi hiç kim eşitmeli däl, seniň dostum diýip hasaplaýan adamyň hem diňe derwezeden çykjak bolanymyzda bilip galmaly... Sebäbi, diýseň, bir adamyny "ýesir" edip getiren bolup, bu hilebaz goňur sakgal aramyza şugullar goýberýär. Şu wagt ýesirler köpelipdir, şuguly seljermek hem örän kyn– diýip, ol gaçmagyň ugruny, şol ugurda etmeli işleri aýdyşdyrdy. Ýesirlikden gaçmak üçin biz bir adamyny öldürmeli, iki adamyny hem daňmalydyk. Ýesirlikde oturan howlymyzyň derwezesinden hanyň mal howlusyna baka çykmalydyk... Mal howlusynyň derwezesinden çykyp, laýdan diwarly pessejik tamjagazlaryň arasy bilen beýik galanyň ilerki derwezesine ýetmelidik. Onsoň galanyň derwezebanyny turzup, ony ýalandan horlan bolmalydyk. Bu işleriň hemmesini gazan kelle Meňlä öwreden hem şol garry derwezeban eken. Aslynda galada hanyň saraýynda bolýan gürrüňleri Meňliniň gulagyna ýetirýän hem şol garry derwezeban eken. Ol nähilidir bir ýol bilen gatnaşyk saklaýan eken. Muny maňa Meňli aýtmady, ýöne özüm güman etdim...

Ol derwezeban haçan-da bolsa, öz süňňüne gowy gurp edip bilýän wagtlary, özüniň daýaw eşegine nohutly kişmiş, hoz, aýna-başdarak, iňňe-temen, ýene şoňa meňzeş harytlary ýükläp, galaba-gala aýlanyp,

türkmenleriň arasynda satygçylyk edýär eken. Ol öz harydyny hama, derä, ýüňe, ýene şoňa meňzeş zatlara çalşyp gezer eken. Ol ýerden ýygnanja harytlaryny-da Eýrana getirip satyp, şunluk bilen öz gününi dolandyrýan eken. Şol zamanada uruşparaz bolman, diňe özüniň satygçylygy bilen aýlanyp gezýän pukara eýranlylara hiç zat degmeýärdiler, ol haýsy gala barsa-da ony myhmanlaýardylar. Şol derwezeban hem şonuň ýaly satygçylardan biri bolupdyr. Meňli bu derwezeban satygçylyk edip gezýän wagty onuň bilen tanyş bolan eken. Ol adam ahyry garrap, uzak ýollara ýöremekden galypdyr, satygçylyk kesbini hem ol şonuň bilen birlikde taşlapdyr. Onsoň ol Hasanaly hana salama gatnamaga başlaýar, her baranda sowgat-sala, halat-serpaýlar eltýär. Şeýle ýol bilen ol derwezebanlyk emeliniň eýesi bolupdyr. Ol häzir hanyň ýanynda ynam gazanypdyr. Emma welin hanyň ýüreginde dary ýaly müňkürlik emele gelse, ýagşy niýetli şu derwezeban garryny şol demiň özünde dardan asdyrjagy açyk aýdyň zatdy.

Biziň ýatan howlymyzyň derwezesiniň öňünde her agşam bir nöker garawul bolýardy. Şu işde hemişe iki sany nöker nobatly işleýärdi. Olaryň biri arryk köseleç sakgally adamdy. Ol ilki agşamdan aýdyma hiňlenip başlaýardy-da, uzyn gijesini ýatman, hiňlenip geçirýärdi. Ikinjisi bolsa orta boýly, gyzyl ýüzli semiz adamdy, onuň hyna urlan gür sakgaly bardy. Gijesine onuň hiç sesi çykmaýardy. Meňli sözüniň ahyrynda:

– Biziň gaçmaly agşamymyz hökman erte agşam bolmaly. Erte agşam hol burçda garaş–diýip, ýerinden turdy-da, aýagynyň zynjyryny şagyrdadyp, agyr kündesini süýräp, ýuwaşja ädimläp, bassyrma baka gitdi. Men hem gazan kelläniň aýdan gürrüňlerinden indi birnemejik umydygär bolup, öz ýatak ýerime baka gitdim. Ol gijämi süýji hyýal, umyt, arzuwlar bilen geçirdim.

Hasanaly han ýyndam aty ele salyp bilmänligine içiniň ýangynyna Aly beg bilen gidenleriň arasyndan müňkür bolan iki adamsyny dara çekdiripdir. Ondan soň hem ol: "Aly beg hem goý ölinçä ýesirlikde

galsyn, ol eger bir söý bilen geläýse, ony hem dara çekerin" diýipdir. Bu habar gazan kelle bilen gürrüň eden günümiziň ertesi biziň gulagymyza ýetdi.

Men agşamyň düşerine alňasaýardym. Ine, ol hem gelip ýetdi...

Garaňky goýalyşyp, ýassy boldy. Ýesirleriň hemmesi ýerli-ýerine geçip gyşardylar. Men gazan kelle Meňli bilen belleşen burçuma bardym. Şol ýerde ep-esli garaşyp oturdym. Şamlan aý indi ýary gijeden hem soň dogmalydy. Garaňkylygyň içinde birdenkä bir gara üstüme abandy, şol demde men onuň gazan kelledigini tanadym. Emma onuň aýagynda indi zynjyr-da şagyrdamaýardy, agyr künde-de süýrenip aslyşmaýardy. Ol:

– Aýagyňy bäri uzat–diýdi.

Men zynjyrlary şagyrdatman, aýagymy uzatdym. Onuň elinde açar bar eken, ol şakyrdadyp, açjak bolup urundy, emma zynjyr hiç açylmaýardy. Birden ol eglip seretdi-de:

– Päheý, bi içigar asyl ýabyňmy, gatyryňmy zynjyry bolsa nätjek, meniň elimdäki bolsa adam zynjyrynyň açarydy... Iň gowusy bu zynjyryň ortasyny iki daşyň arasynda goýup owradaly, aýaklaryňda galan halka böleklerinem şagyrdamaz ýaly guşaklarymyz bilen saraşdyryp, injigiňe daňarys – diýip, bir hili ýaýdandy-da:

– Onda-da düňküldisi boljak, bu ýeri çola ýer däl – diýip, azajyk sagyndy. Birdenkä ol goltugyndan ullakan pyçak çykardy, tygyny gynyndan sogurdy-da, pyçagyň biz ýaly ujy bilen açmaga synanyşdy. Men bolsa indi zynjyrym açylmasa-da, gaçmagy ýüregime düwdüm. "Galadan arany birneme açanymyzdan soň zynjyry owradarys" diýip pikir etdim. Emma ynha pyçagyň ujy kömek etdi, zynjyr birden şykyrdap açylaýdy. Şondan soň Meňli derwezä baryp, gapynyň aňry ýüzünde oturan garawula diň salyp gaýtdy. Ol bu iki arada birnäçe sapar gatnady. Gatnaw arasynda hem ol:

–Bu goňur sakgal aç gatyr ýaly, bu gije näme ýatmaýarka?– diýýärdi. Men hem Meňliçe howlugýardym, göwnümize bolmasa, gije geçip barýan ýaly, bir gapdaldan daň agaryp gelýän ýalydy. Emma

welin ol beýle däldi, heniz irdi. Goňur sakgalyň ýatýan wagty heniz bolmandy. Bu gyssanmaklygyň hemmesi biziň howlukmagymyzdan peýda bolýardy. Meňli ahyry bir sapar gidip gelende:

– Eşek, ahyry ýatdy, goňur sakgal ýaly horruldap hor çekýär...Emma goý kellesi ýassyga berk ýapyşsyn, ýene azajyk sabyr etmegimiz gerek–diýdi.

Edil şol wagt ýatan ýesirlerden biriniň zynjyrly aýagynyň sesi eşidildi. Biz howlyň ganatyna gyslyşyp bukuldyk. Ol aýak ýoluna çykan eken, işikden uzak gitmän oturdy, ýene tiz turup, yzyna öwrüldi. Meňli agar çäkmeniň daşyndan guşanan ak guşagyny dartyşdyrdy, iki saýyny guşagyna gysdyrdy. Pyçagyny hem guşagyna gysdyrdy-da, ýeňlerini çermäp, tirseginden geçirdi, aýagyndaky köne çokaýyny hem çykardy. Şu taýýarlykdan soň, ol arkanjaklap, maý alyp, bar güýji bilen howlynyň diwaryna baka ylgap gitdi. Ol şol barşyna bady bilen el urman, diňe ýalaňaç aýagyň kömegi bilen howlynyň beýik ganatynyň gap bilinden ýokaryk geçdi. Ondan soň iki el hem kömege ýetişip, edil çalasyn pişik ýaly, laýdan salnan haýadyň ýüzünden dyrmaşyp, ýokaryk çykdy. Beýik howlynyň üstünde atlaýyn oturyp, düşjek ýerlerini synlady. Howlynyň aňry düýbünde mal daňylýan dalan bardy. Ol dalan howlyň diwaryndan pesdedi. Meňli ilki dalanyň üstüne syrylyp düşdi, ondan soň hem dalanyň agaç sütünleriniň birinden syrylyp, aşak düşdi. Ine, şonda dalanyň astynda daňyldy mallar, ylaýta--da gatyrlar ürküşip, uly güpürdi turuzdylar. Meňli hanyň goş öküzleriniň arasynda gizlenipdir. Emma goňur sakgal şol güpürdä hem oýanmady. Biziň galalarymyzda ýigrimi bäş ýaşy dolduryp, ýüňi ýeten goç ýigitler, her gün gijara galaň bir gapdalyna ýygnanyşardylar. Onsoň beýik galaň üstünde telpek goýýardylar hem maý alyp ylgap, el degirmän galaň başyna ýetip, telpegi hem aýak bilen pyzyp gaýtmaly edişerdiler we gezekme-gezek ylgap çykyp, telpek pyzyşardylar. Men ozallar şol işe diňe ýigitleriň özara güýç synanyşyk ýaryşy hem gyzykly tomaşa hökmünde garaýardym. Haçan Meňliniň bäş-on arçyn beýiklikde bolan diwardan aşanyny görenimden soň bolsa, ol işiň

nirede gerek ekenligine akylymy ýetirdim. Meňli eli ýalaňaç nyçakly goňur sakgalyň baş ujunda baryp durupdyr. Goňur sakgal diňe ýeke sapar hyklapdyr, şondan başga ondan bir ses hem çykmandyr.

Meňli indi galan işleri çaltlandyrmak bilen boldy, ol dessine goňur sakgalyň endamyny sermeläp, iki derwezäniň hem açaryny tapdy. Ondan soň onuň bilindäki gylyjy çözüp, öz biline guşandy, şemhalyny hem alyp, öz omzundan asdy. Şu işleri bitirdi-de, derwezäniň gulpuny açdy. Derwezäniň taslanmadyk gödensiz agaçdan ýasalan, büdür--südür bolup duran köne mähnet agyr gabsalaryny açanda, jygyldap aýylganç ýiti sesini çykartmajak bolup, jan etdi.

– Ine, ýol açyk. Dalanyň aşagynda birnäçe arryk ýaby, birnäçe gatyr, sekiz jübüt hem goş öküzi bar. Hanyň semiz gylýallary öz howlusynda bolara çemeli. Aýby ýok, şol ýabylardan gowuragyny saýlaýarys. Onsoň indi sen ol öz argyşçy dostuňy turuz, ony hem bile alyp gideli, emma gopgun turuzmaň –diýdi.

Men oňa çokaýlary bilen dolagyny berdim-de, ylgap bassyrma baka gitdim. Ýesir düşen dokuz sany argyşçydan galan men we meniň ýaly bir ýaş ýigitdi. Men baryp, ony ukudan turuzdym, ol meniň "Ýol açyldy" diýenime ynanman, aňka-taňka bolup oturýardy. Howa-da sowuk welin, ukudan oýanan adam has hem üşek bolýar, meniň dostum gagşaýardy. Ýene men ýuwaşlyk bilen oňa häzirki pursat çigit ýaly hem haýal gymyldamagyň wagty däldigini aýtdym. Biz baranymyzda Meňli ýaňy çokaýyny geýip bolan eken. Ol özüniň tapyndy açary bilen dostumyň hem aýagynyň zynjyryny açyp aýyrdy. Meňli özi bilen ýanaşyk ýatyp-turýan bir ýaşulyny turuzdy-da:

– Agam, hoş, sag boluň, biz gidýäris, siziň üçin hem gitseňiz ýol açyk, emma sessiz-selemsiz iş ediň. Daşardaky howluda-da ulag bar– diýip, hemme etmeli işleri, ilerki derwezä nireden nähili barmalydygyna çenli aýtdy. Ahyrynda-da ol:

– Zynjyrlaryňyzy açmak üçin hem, ine, açar, adamlary bir ýan ujundan turuz hem zynjyrlaryny açyň-da, ýola salyberiň, derwezeleriň ikisi hem açyk–diýip çykyp gitdi. Biz baryp daňyldy palanly ýabylaryň

üç sanysyny saýladyk we mal howlynyň derwezesini çalaja açyp çykyp gitdik. Elbetde, Meňli bu açary hem garry derwezebanyň kömegi bilen tapypdyr.

Galanyň derwezebany derwezäniň bir taýyndaky burçuň astynda darajyk sümelgede uzyn gijesini geçirýän eken. Meňli ýabydan düşdi-de, ol sümelgäniň kiçijik gölensiz gapysyny çalaja kakdy. Şonuň bilen birlikde hem ol:

– Gulamaly aga! – diýip, ýuwaşja seslendi.

– Hä, Meňli – diýip, içerden jogap berildi we işik açyldy.

– Hä, Meňli, geldiň?

– Geldim.

– Iş bitdi?

– Bitdi, Gulamaly aga.

Gulamaly uzyn boýly, deşli hem ak sakgal adam eken. Ol bu hütdügiň kiçijik işiginden hem deşikden sümýän ýaly bolup, iki bükülip çykdy. Bu ikisi assalyk bilen sorag-jogap alşanlaryndan soň, Gulamaly:

– Ol goňur sakgal, bu galada pisiň-de pisidir, şugul haramzadadyr, lap murghor şuguldyr, ol çoh adamlaryň atasyny ýandyryp, dara çekdirdi. Meňli, sen köp ýagşy iş bitirdiň–diýip, içerik girip, iki gözi hem çörekden we başga iýmek-içmekden doldurylan eýran horjunyny çykardy we:

– Bu zatlar size ýolda iýmek üçin azyk bolar–diýdi.

Ondan soň öňden edilen dildüwşükleri boýunça işe başladylar. Gulamaly aga galanyň derwezesiniň iki gapysyny hem giňden açyp goýdy we biziň öňümize düşüp, ilerligine baka ugrady, ol örän gaty ýöreýärdi. Biz ilerden gelýän suwuň boýundaky degirmeniň bosagasyna ýetip durduk. Şol ýerde Gulamaly aga bilen ilki hoşlaşdyk, bize ýesirlikden gutulmaga kömek edeni üçin, oňa köp sag bol aýtdyk, "Bir gün biz hem seniň şu eden ýagşylygyň astyndan çykarys" diýdik. Ondan soň hem Meňli ikimiz ýabydan düşüp, onuň ellerini arkasynda daňdyk.

Gulamaly aganyň öz ýaglygyny öz agzyna gowşagrak dykdyk we ýeňsesinden çalarak itekläp, degirmen tamyna saldyk. Kilwan tamyň bir burçunda ýatan eken. Meňli ony aýagy bilen debsiledi-de:

– Häý, tur aýak üstüne! – diýip gygyrdy. Kilwan ýerinden laňňa galdy. Öler ýaly gorkan kilwan titreýärdi. Meňli:

– Ellerini arkasyna daň!–diýip, maňa buýruk berdi. Muny hem daňdyk. Ýöräp gidip bilmez ýaly, kilwanyň aýaklaryny hem birikdirip, seýiklenen ýaly edip saradyk. Ondan soň Meňli pyçagyny çykaryp, gözlerini alardyp:

– Men bu hanyň gapyçy köpegi bolan derwezebanyň başyny kesip alyp gitjek. Aýyr ol köpegiň agzyndan ýaglygy, indi goý näçe gygyrsa gygyrsyn–diýip, şeýle bir gazap bilen dyzaýar. Men bolsam onuň goluna ýapyşyp:

– Goýsana, kelle kesmek külli günä–diýip, ony tutýaryn.

Gulamaly aga-da ýaglyk aýrylyp, agzy boşan adam bolup, çyna berimsiz edip, dyza çöküp ýalbarýardy.

Meňli:

–Han meniň atamyň kellesini aldy, şonuň deregine menem şunuň kellesini aljak, garynlarynda-da degirmen daşyny goýup gitjek–diýip, köp dyzap gygyrdy. Men hem oňa töwella edýärin. Ahyry ol:

– Ýagşy, seniň üçin men bu derwezebanyň ganyny geçýärin... Ýöne bularyň ikisini hem şu ýerden butnamaz ýaly etmeli–diýip, ol Gulamaly aga bilen kilwany çatyp daňdy. Ondan soň çykyp, palanly ýabylarymyza atlanyp, demirgazyga baka ýüzümizi öwürdik.

Şu degirmen iki doganyň şärikli degirmeni eken. Kilwanyň agasy Hasanaly hanyň iň ýakyn hem örän abraýly adamsy eken. Ýesirleriň gaçmagy barasynda hanyň göwnüne çigit ýaly müňkürlik gitse, şol sagadyň özünde han ol adamyny dara çekdirjekdi. Hanyň ýüreginde özüne müňkürlik döretmezlik üçin hem Gulamaly aganyň özi şeýle etmegi öwüt beripdir. Sebäbi, Gulamaly aganyň daňlyp getirilenini hem onuň kellesiniň alynjak bolnanlygyny kilwan gözi bilen gördi. Onsoň tä daň atýança hem ikisi bile daňyldy ýatansoň, elbetde, indi

kilwan Gulamaly agany aklamaly bolar. Gulamalynyň umydy hem şeýledi.

Biz sag-aman galalarymyza ýetişdik. Şondan birnäçe gün geçenden soň, biziň bilen ýatan ýesirleriň hemmesiniň gaçyp çykanyny, olaryň köpüsiniň gutulanlygynyň habaryny eşitdim. Gulamaly aganyň hem öňki derwezebanlyk emelinde sag-salamat galanlygyny eşitdim.

Emma welin at ogurlygyna gelen Aly begiň ele düşüşini eşidenimde bolsa, Dordepel atyň bitiren işine geň salyp, agzym açylyp galdy–diýip, ýaşuly gürrüňini Dordepeliň başyndan geçiren soňky wakasyna baka burup goýberdi.

– Hawa, Dordepel şeýle bir häsiýetli atdy–diýip, Nyýazmyrat aga gürrüňi dowam etdi.

## VI

– Oglum, Dordepel başyndan gyzykly wakalar geçirdi...

Gadym wagtlarda ekerançylyk bilen özbaşdak iş salyşýan adam azdy. Suwuň gytlygy özüňe mälim. Suw paýyny almaga bolsa, diňe nikasy bolanlar haklydy. Özüne ýetýän suw paýyny ekmek hem köp adama başartmaýardy. Özbaşdak ekerançylyk işini alyp barmaga köp adamlarda ulag, gural, serişde tapylmaýardy. Ilat gaty garyp ýaşaýardy. Yene bir tarapdan bolsa, ol döwürde hemişe köpçülik bolup gezmelidi. Şonuň ýaly hem Dordepel atyň eýesi şol ýyl on-on iki adam bilen birleşip, obanyň güýzlük ak ekinini–arpa-bugdaýyny ekipdirler. Ekilen bugdaýa birinji nobat suw bermek işi başlanypdyr. Dordepeliň eýesi bugdaýa suw tutmak işi bilen her gün meýdana çykanda, Dordepeli hem özi bilen bile alyp çykýan eken. Ýurda belet bir dönük bu ýagdaýy Hasanaly hana habar berýär. Aly beg Hasanaly hanyň sylagyny almagy, işi bitirmegi boýun alyp gaýdýar.

Köpetdagyň öňünde giň giden ekerançylyk meýdany ýatyr. Dordepeliň eýesi Gün ýokary galyp başlandan soň, öz ýoldaşlary bilen meýdana çykýar hem işine başlaýar. Olar münüp baran

ulaglaryny örkleşdirip, ekerançylyk meýdanyna ýaýrap, özleriniň suw tutmak işlerine başlaýarlar. Dordepeliň eýesiniň körpe ogly, Dordepel bilen Eýran leşgeriniň içinden urup geçen ýaş oglan hem şol ýerdedi. Emma welin häzir ol on dört ýaşynda däl-de, on alty ýaşyndady.

Gündogardan kesip barýan sowujak şemal ösýärdi. Asmanda bölejik aksowult bulutlar gaýyşýardylar. Birdenkä edil ýerden çykan ýaly, elli-altmyş atly peýda bolýar. Şol meýdanda dagdan inen siliň gazan çuň jarlary kändi. Ol atlylar şol jarlaryň birinde bukup oturypdyrlar hem edil Dordepeliň örklenen ýeriniň gapdalyndan örüp çykypdyrlar. Häsiýetli janawar uzyn tanapynyň ýetdik boýuna horguryp aýlanmaga başlaýar. Bu atlylaryň hanyň nökerleridikleri şol demiň özünde mälim bolýar. Olar örklenen ulaglaryň başga hiç birine hem ýakynlaşmandyrlar, dopba-dogry baryp, Dordepeliň tanapyndan ýapyşypdyrlar. Eýlesine-beýlesine ses ýetmez giň ekerançylyk meýdanynda her haýsy bir gapyda aýlanyp ýören daýhanlar şol wagt özleriniň bar ünsüni bir damja suwlaryny hem biderek gidermezlik ugruny beripdirler. Bular birdenkä ýerden çykan ýaly bolup çykan eýranly hanlaryň garakçy toparyny görüp üşerişýärler. Emma welin garaşylmadyk ýerden garakçylar toparynyň çykmagy, olar üçin geň-taň bir zat hem däldi, bu her günde-dünaşa bolup duran hadysady. Ýöne welin häzir Dordepel elden gidip barýar, ine şu iş örän agyr düşjek. Eger at eýranly garakçylaryň eline düşüp gidäýse, oglandan-ula Kesearkaç arman çekip, hyrçyny dişlejekdi. Ekerançylyk meýdanynda suw tutup, aýlanyp ýören daýhanlar pillerini eginlerine atyp, at eýesi ýaşulynyň ýanyna baka ylgaşypdyrlar. Adamlar Dordepeliň eýesiniň töweregine jemlenipdirler. Onýança bolsa eýranly garakçylaryň biri Dordepeliň üzeňňisine basýar-da atlanýar we elli-altmyş atly Dordepeliň çar töweregini gallaýarlar-da, garşyda abanyp duran daga baka ugraýarlar.

Daýhanlar: "Göz-görtele aty giderdik" diýip, gyssanýarlar we ýaşula baka ýüzlenip:

– Indi näme iş etmeli, durmaklyk wagty däl ahyryn–diýip, ýerli-

-ýerden gyssanmaç gürleýärler. Şol arada hiç bir maslahata hem garaşyp durman, suw tutýanlardan bir ýigit örkli duran iş ýabylaryndan birini münüp, gala baka ýüzin salyp gidýär. Elbetde, ol gala baryp ýagdaýy habar bermek üçin çapyp gidipdi. Emma onuň hiç kim bilen maslahatlaşman gidişi ýaly, bu duranlaryň hiç biri hem oňa hiç zat diýmändi. Daýhanlar gyssanýardylar. Emma bularyň arasynda iň gyssanýan at eýesiniň on alty ýaşly körpe ogly Myratdy. Myrat eneden bolup, on ýaşyna girip başlandan beýläk Dordepel bilen höwür bolup ugrapdy. Iki ýyl şundan öň Myrat Dordepel bilen birlikde Nasyreddin şanyň agyr leşgeriniň içinden böwsüp geçip gidipdi ahyryn. Ynha, indi Myrat özüniň söýgüli ýoldaşyndan göz-görtele aýrylyp barýardy. Onuň şol wagtky bolşuny söz bilen aýdyp görkezmek hem aňsat däl, ýöne onuň reňki öçüp, ýüzi ak tam bolupdyr, bir ýerde durup bilmän zowzullaýardy, telpegini hem bir çykaryp, bir geýýärdi. Dordepeliň eýesi – ýaşuly özüni parahat saklap, ýoldaşlarynyň gyssanyp aýdan sözlerini diňleýän ýalydy, emma welin ol hem parahat däldi. Nähili çäre tapmaly, näme etmeli? Ine, şuny tapman oýlanýardy. Birden pikirinden açylan ýaly bolýar-da ol:

– Ýigitler, gala bilen biziň aramyz daş, ol ýere habar ýetenden soň, kömege ýetişilýänçä, bu galtamanlar daga urup gitjekler, biziň ýanymyzda-da dört sany hyrly bilen on sany gylyç bar. Biz bu ýaraglarymyz bilen hem awuny gola salyp gidip barýan elli-altmyş atla kär edip bilmeris. Ýöne diňe bir ýol galdy, indi atyň özüne bil baglamaly bolduk... Siziň hemmäňiz şol depejigiň üstüne üýşüp, bir ýere jemlenişip duruň, bagtymyzy bir synap göreli–diýip, bir gapdaldaky kiçijik depejigi görkezýär. Ýaşulynyň nähili bagt synajak bolýanlygyna ýoldaşlary dessine düşünýärler we özlerine görkezilen depejigiň üstüne üýşüp, aýak üstünde çugrugyşyp durýarlar.

Türkmenlerde bir ýerde toý bolsa, Dordepel ýaryşda çapylýar, oňa toýlarda çapmak indi halys endik bolupdyr. Türkmen toýlarynda atlar çapylanda göz ýetim ýa-da göz ýetimden hem daş bir ýeri gaýdyş pelle bellenýär. Atlaryň gaýtmaly ýerinde bir adam gapdalda

gözegçi bolup: "Pelläňize bardyňyz, gaýdyň!" diýip gygyrýar we telpegini bulaýar. Şol demde atlar hem gaýdyş pelleden yza dolanyp, ok ýaly atylyp, öňe baka myçýarlar we toýhana ýeri bolan toýçy märekesine biri-birinden öň ýetjek bolşup, bar güýçleri bilen çapýarlar. Dordepel hem şeýle çapuw bilen ýaş başyndan beýnisi berkişen atlardan biridi.

Häzir öz aljak awlaryny gola salan han lüçjekleri örän arkaýyndylar, olar ýabylaryny ýöredip diýen ýaly ýuwaş sürüp barýardylar. Dordepeliň eýesi telpegini eline alyp, toplanyp gidip barýan atlylaryň yzyndan ylgady. Han nökerleri: "At eýesi hem öz aty bilen bile biziň elimize düşmegi ýüregine düwdi" diýip, çaklap şatlanyşýarlar. Şol wagt bar güýji bilen ylgap barýan ýaşuly bir gapdalraga sowulýar we bir tümmejigiň üstüne çykýar-da:

– Haý, pelläňize bardyňyz, gaýdyň, haw!–diýip, bogazyna sygdygyndan yzly-yzyna gygyrýar hem eliniň ýetişip bilşinden telpegini bulamaga başlaýar. "Gaýdyň, haw!" sesi gulagyna ýeten badyna Dordepel jylawy bir silkeýär-de, arkanlygyna baka özüni oklaýar, ol şol gaýdyşyna edil atylan ok ýaly bolup gelýär. Han nökerleri elewreşip, nätjeklerini bilmän, duran ýerlerinde aňta-taňka bolup galýarlar.

Dordepeliň üstünde oturan galtaman bolsa, at bat bilen arkan zyňan wagty aljyrap, özüni ýitiripdir. Ondan soň hem özüni raslap bilmän, eýeriň gaşyndan berk ýapyşyp, özüni zordan saklapdyr. Dordepel şol ýyldyrym çaltlygy bilen gelşine, hemişeki adat edinişi ýaly, özüni toýhana ýetdi hasaplap, üýşüp duran daýhanlaryň öňüni kesip geçýär-de, arka tarapdan aýlanyp, olaryň öňlerinde keserip aýak çekýär. Dordepeliň üstünde oturan murtlary bir penje pişge murt lüçjegiň ýüzünde gan-hundan nyşan galmandyr, onuň reňki üç ýuwlan ak esgä dönüpdir, gorkudan ýaňa dili hem basylypdyr. Dordepel aýak çeken badyna, ýigitleriň biri ony dessine sakaklaýar. Onýança hem başga bir ýigidiň hyrlysynyň teýi pişge



murtuň ýeňse çukuryna jaýdar gelişýär. Dessine ol pişge murty atdan agdaryp, elini arkasyna daňýarlar. Şu pişge murt Hasanaly hanyň nökerbaşysy Aly begdi. Aly beg aty ýeňillik bilen ele salanyna çenden artyk begenip, onuň üstüne hem keýp edip münüpdi. Ol şu dabarasy bilen baryp hanyň ýanynda hem öwünjekdi. Emma onuň niýeti başa barmady. Aly begiň atlylary bolsa şol duran ýerlerinde bir salym säginýärler, olar özara maslahat edişenlerinden soň, yza dolanmakdan gorkup, ýabylaryny ýüzleriniň ugruna baka sürüp, Aly begi ýesir taşlap gidýärler. At eýesi Dordepeliň boýnundan gujaklap: "Öz häsiýetliligiň bilen bütin ili ölümden gutardyň, bu gün bolsa öz başyňy beladan sypdyrdyň" diýýär we begenjinden gözünden ýaş dökýär.

Garry gürrüňçi sözüniň yzyny dowam edip:

– Men Hasanaly hanyň ýesirliginden gaçyp, oba gelenimden soň, şu habary eşidip, Aly begiň ogurlykda tutulan galasyna baka gitdim. Gökdepä bardym, Dordepeliň eýesi garry seýsiň öýüne bardym, saglyk-amanlyk soraşanymyzdan soň, garry seýis meniň nireden, haýsy galadandygymy we adat boýunça meniň kimlerdendigimi sorady. Men hem adat boýunça: "Pylan galadan, pylan obadan, pylan tireden. Özüm hem Nyýazmyrat Hudaýberdi ogly" diýip, bolşumy gürrüň berdim.

Baran badyma meniň öňümde çörek bilen agaran goýdular, onuň gapdalynda hem bir çanak çal goýdular. Şu hezzet-hormat öz zamanasynda türkmenleriň myhmana edýän iň ýagşy hezzetlerinden biridi. Bu zamanada bolsa ilki gök çaý, onsoň gaýnatma ýa-da palaw goýýarlar. Siz bolsaňyz, indi çakyr, aragyny hem onuň bir gapdalyndan aýraňyzok. Gadym zamanda bu zatlar tapdyrmaýardy, olar diňe han--beglerde bolýardy.

Hawa, garry seýis nahar başynda meniň habarymy aldy. Onuň öýüniň daş işiginde bir kümesi bardy, ol özüniň at-esbabyny, ýene şoňa meňzeş aňry-bärisini şol kümede goýýan eken. Ine, häzir bolsa ol kümede Hasanaly hanyň nöker başysy Aly beg aýagy zynjyrly

murtuny pişge ýaly edip oturan eken. Men başymdan geçen wakany garry seýse gürrüň berip, Aly begiň edýän işlerini hem aýdyşdyrdym. Garry seýis geň galdy hem:

– Bu adam: "Men bir biçäre nökerdim, han meni zor bilen iberdi" diýip aýdýar-la, bu nähili kezzaplyk? – diýdi.

Men onuň tüýs baryp ýatan kezzapdygyny, özüniň hem hanyň nökerbaşysydygyny hem ýol urýan garakçydygyny aýtdym. Men bulary Aly begiň hut öz ýüzüne aýtdym. Onuň özüne hem: "Häý, ýol urýan garakçy, Aly beg, indi özüň gapana düşen ýaban pişik ýaly bolup otyrmyň?" diýdim. Aly beg sesini çykarman otyrdy.

Şol sapar ýesir düşüp, horluk çekenimden soň, men hem at--ýarag edinmegi ýüregime düwdüm. Gowy atlardan saýlap almaga güýjüm ýetmedi. Ondan soň ýetim galanja bir taýy satyn alyp idetmäge başladym. Bu taý ahal atlarynyň tohumyndandy, emma ýaş wagtynda eneden galyp, göýdük bolupdy. Men ýigrimi bäş, ýigrimi alty ýaşlarymdan söweşlere gatnaşyp başladym. Eýranyň şasy özüniň agyr goşunyna uly serkerdesini başlyk edip türkmenleriň üstüne çozdurdy. Garrygaladan çapar gelip, habar beren badyna, biz atlandyk, iki günde Garrygala baryp ýetişdik. Bu uruşda külli türkmen ýygnandy, uly söweş boldy. Şahyň agyr goşuny derbi-dagyn edildi. Soň şahyň goşuny Ýaňgala çozanda-da, Mara çozup baranda-da, Änew tarapyndan Aşgabadyň ýokarsyndan inende-de bolan söweşlerde men boldum, olardan hem başga köp söweşlerde gatnaşdym.

Parahat otyrkaň, birden bir tarapdan çapar gelýär: "Biziň galamyzyň üstüne Eýran şasynyň pylança müň atlysy çozdy, kömege ýetişiň" diýip ýa-da "Hywa hanynyň atlysy döküldi, kömege ýetişiň" diýip habar berýär. Onsoň biz hem duran-duran ýerden atlanmaly bolýarys.

Bir sapar, haýsydyr, şonuň ýaly bir söweşden gaýdyp gelşimize Öwezmyrat batyr: "Häzir gün hem gijikdi, bu agşam

bizde bolaý, öz galaňyza ertir ötäýt" diýdi. Şol agşam men Öwezmyrat batyryň öýünde galdym. Demini alan çaýly mis tüňçäni Öwezmyradyň öňünde goýdular. Ol bir käse çaýy maňa hem uzatdy-da:

– Nyýazmyrat, ýagdaýymyz örän agyr, çydar ýaly däl – diýip, söze başlady. – Biz aýagymyzy uzyn salyp, öýümizde arkaýyn ýatyp bilemzok, taňryň güni näçe bolsa, her gün atlanha-atlan, bir tarapymyzdan Eýran şasynyň goşuny çozup durýar, ikinji tarapdan Hywa hany öz garakçylar toparyny biziň üstümize küşgürip durýar, üçünji tarapdan Buhar emiri nökerlerini çozduryp durýar. Bu haramzadalar bilen ýakalaşa-ýakalaşa halys juldan çykdyk, etimizden ötüp, süňkümize ýetdi, biziň atymyza, itimize, özümize--de hiç bir rahat ýok. Heý, şu ýagdaýdan bir dynmak bolmazmyka? – diýdi.

Men öz ýanymdan: "Öwezmyrat batyryň näme pikiri barka, Eýran şasyna ýa-da Hywa hanyna raýat bolaýmakçymyka?" diýip oýlandym-da:

– Batyr aga, ýagdaýymyzyň agyrlygyna söz ýok, gaty agyr, akyldar ýaşulularymyz bu ýagdaýdan gutulmagyň ýoluny oýlaşyp tapsalar, örän ýagşy bolardy. Ýöne welin türkmenler zulumkeş Eýran şasynyň golasty bolandan ölenini gowy görýärler. Zulumyň-sütemiň öýjügi bolan Hywa hany bilen hem ata-babadan bäri oňuşman gelýäris – diýdim.

Öwezmyrat çaýyny owurtlady-da:

– Nyýazmyrat, bu aýdýanlaryň dogry, türkmenler şaha, hana boýun egmezler. Ýöne şulara ýapja bolman, uruşsyz--jenjelsiz parahatçylykda rahat ýaşamak üçin bir alaç gözlemeli – diýdi.

Men azajyk pikirlenenimden soň:

– Çopan batyr, Gara batyr, Däli batyr ýaly adamlar bu işe nähili seredeřlerkä? –diýip soradym. Öwezmyrat batyr bolsa:

– Çopan batyra çalarak ýaňzytdym welin, ol diňe gözüni alardyp, ýüzüme seretdi, şondan başga hiç zat aýtmady. Däli batyra çalarak duýdurdym, ol: "Aý, Öwezmyrat, öz ugruna geziber, bu iş ikimize eýgertjek iş däldir, bu türkmenleriň her haýsy bir kelledir. Munuň haýsy birine gep düşündirip çykjak?" diýdi. Gara batyra duýduryp hem boljak däl, ol yňdyrma adam, oýlanman, gylyjyny gerşiňden salyp goýberjek – diýdi.

Ol agşam bu hakda köp gürrüňler etdik. Ertesi men atlanyp ýola düşmekçi bolýan wagtym Öwezmyrat batyr:

– Nyýazmyrat, agşamky aýdan pikirim seniň öz ýüregiňe nähili, sen razylaşýarmyň?–diýip sorady. Men özümiň razylygymy aýtdym: "Batyr aga, dynçlyk-parahatçylyk düzgüni gurap, arkaýyn ýaşamak ugrundaky ýoluňyzda aýagymyň ýetip biljek ýerine çenli ýörärin, şol ugurda elimden gelip, bitirip biljek işlerimi hem aýamaryn" diýdim. Meniň üzeňňä basjak bolup duran wagtym aýdan bu sözlerim şol zamananyň söweşjeň ýigitleriniň kasamy ýalydy. Emma welin her gün: "Haý, ýagy, haw! Atlan, haw! Haý, pylan gala şahyň leşgeri çozupdyr-la, haw! Haý, pylan ýere Hywa hanynyň atlysy dökülipdir-le, haw!" diýen ses bizde geň-taň bir zat bolman, göýä ýylyň dört paslynyň aýlanyp, öz wagty-sagadynda gelip durşy ýaly, hemişeki adat bolup galypdy. Şonuň üçin hem her kimiň daş işiginde hemişe aty taýýar, öýüniň çep dulunda-da ýaragy taýýar durýardy. Gijäniň haýsy sagady bolsa bolsun: "Häý, ýagy, haw!" diýip, jarçynyň sesi çykdygy bes, hemme aýak üstüne galyp atlanýardy. Ýaragyny guşanyp atlanmak belli bir hökümdar tarapyndan ýöredilýän mejbury düzgün däldi, bu diňe ata-babadan adat bolup galan ar-namysyň çykaran düzgünidi. Haýsy-da bolsa galalardan biriniň üstüne duşman çozsa, şol wagt beýleki galalarda bir ýigidiň aty gazygynda daňylgy galaýsa, onda ol ýigidi ölendir ýa-da ölüm pellesinde ýatan keseldir diýip hasaplaýardylar. Ýow güni atyň gazykda daňyldy galmagyny örän erbetligiň nyşanasy hökmünde görýärdiler. Ýurduňa duşmanlar çozandan soň, sen onuň

garşysyna çykyp, tä soňky demiňe çenli söweşmeli, elbetde, söweş hem gansyz gutarmaýar. Bir gapdalyňda möjegiň ordasy uwlaşyp duran mahaly goýun sürüsini parahat otaryp bolmaýşy ýaly, ýurtbasar Eýran şasy bilen açgöz Hywa hany bir gapdalymyzda durka, biz hem şeýle agyr ýagdaýda ýaşadyk. Şu güzgünden ymykly dynmak barasynda pikir edýän ýaşulularymyz hem bardy.

Garrynyň sözüniň arasynda mekdep çagalarynyň aýdym sesi eşidildi. Ýaşuly ýylgyrdy-da:

– Eşidýärmiň, eşidýärmiň, bular siziň çagalaryňyzyň sesi... Geçen döwrümizde çagalar hiç beýle şatlykly aýdymy bilmeýärdiler, aýdyp hem bilmeýärdiler... Bize şu bagty beren mähriban hökümetimize ýüz--müňlerçe şöhrat bolsun–diýip, garry mylaýym güldi.

Gaty daşda bolmadyk mekdebiň beýik jaýynyň öňünde, çagalaryň aýdym sesleri ýaňlanýardy. Çagalaryň arakesme wagtyndaky üýşüp aýdyşýan aýdymlary bu garrynyň gulagyna ýetýän eken we bu garry hem şoňa örän şatlanýan eken. Garry uly guwanjy bilen dymdy... Emma welin meniň soramakçy sowallarym kändi, soramak üçin hem ýerlikli wagt gözlemeli boldum. Uzaga çekmän, ony hem tapdym...

Birnäçe minut geçenden soň, men bir gepiň gerdişi gelen ýerinde:

–Nyýazmyrat aga, soň ol Meňli bilen saňa görüşmek miýesser boldumy, ondan soň duşuşmadyňyzmy?–diýip, ýüregimde jemlän soraglarymdan birini daşyma çykardym.

Garry güldi-de:

– Örän gowy ýadyma saldyň... Ak ýürekli ýoldaşyňy ýatdan çykarmazlyk gerek, bu häsiýet sende-de bar bolara çemeli, şeýle hem bolmaly ahyryn...–diýip, garry sözüne başlady. Ol bir uly söweşiň öň ýanynda gazan kelle Meňli bilen duşanyny we ondan soň, hemişe onuň bilen aragatnaşykda bolşuny gyzykly gürrüň berdi. Ahyry hem ol: "Gazan kelle Meňliniň edil özi ýaly bagtly ogullary bar, olar häzir abraýly adamlar, uly ýerlerde işleýärler. Onuň ylymly, abraýly agtyklary hem bar..." diýip, olaryň adreslerine çenli gürrüň berdi.

Meniň başga-da beren köp soraglarym boýunça gyzykly gürrüňler berenden soň, ýaşuly biraz dymyp oturdy-da:

– Oglum, indi ikimiz kolhozymyzyň atlaryny synlamaga çykaly– diýdi. Men hem razylyk bildirdim.

## VII

Yaz aýynyň çogly Güni giç öýle ýerine ýetipdi. Asmanda bölejik gara bulutlar gezmeleşýärdi. Garry maňa gürrüň berip durka, donuny geýip, uzyn ak guşagyny biline sarady, kellesine gadymy türkmen telpegini geýdi, ullakan aýagyna hem galoşy sokdy-da:

– Hany ýör, bakaly, oglum, indi kolhozymyzyň atlaryny synlaly, men günde, günaşa diýen ýaly atlary synlaýan–diýdi.

Onuň eline hasa alanyny hem birinji gezek gördüm. Emma ol özüniň daýaw göwresiniň agramynyň ujypsyz bölejigini hem hasanyň üstüne atmaýardy. Biz ýolumyzy gysgaltmak üçin üzüm baglarynyň arasyndaky ýodajyk bilen gitmeli bolduk, şeýle ýodajyk bilen gideňde bolsa iki adamynyň ýanaşyk ýöremegine üzüm agaçlary ýol bermeýärdi. Şoňa görä hem häzir men ýaşulynyň yzyna tirkeşip barýaryn. Aslynda hem garry türkmenleriň adaty boýunça ol şeýle bolmalydy, ýörelip barýan wagty garrylaryň öňüne geçiberen ýa-da garrylar bilen egin deňläp, bir hatarda gidiberen ýaş-ýuş ýigitleri nadan ýa-da tekepbir diýip hasaplaýarlar. Garry ýol boýy barşyna gürrüň berýärdi, hasaly goluny hereketlendirip gürrüňine goşýardy. Gürrüňiniň käbir ýerinde bolsa, ýörite durup, yzyna öwrülýär we dopba-dogry menuň ýüzüme dikilýär-de:

– Hawa, ol hut şeýle bolup geçdi–diýip, hasasyny ýere dürtüp goýberýär. Soň ol ýene ýol ýöremegini dowam edip, parahatlyk bilen:

– Meselem, ol şeýle bir at boldy welin, ol bütin yklyma özüni tanatdy, ol ata Gyrguş diýýärdiler, onuň ýyndamlygyna at taý gelmeýärdi: bir toýda şol aty aç garçgaý-elguşy bilen hem ýaryşdyrdylar... Hawa, ol at guşdan hem ozdy, ony öz gözüm bilen

gördüm–diýip, hasasyny hereketlendirip goýberýärdi. Guş bilen aty nähili ýaryşdyryp bolarka? Şu ýeri maňa düşnüksiz boldy. Emma men heniz sorag bermänkäm, gürrüň arasynda garrynyň özi düşündiriş edip gitdi: "Garçgaý-elguşy bir gün aç sakladylar. Atyň çapyp gaýtjak pellesine elguşy hem göterip eltdiler. Guşuň eýesi bolsa toýhanada durup, albaý bulap, öz guşuny nahara çagyrmaga başlady. Çapyksuwar atyň başyny öwrüp goýberen mütdetinde guş hem albaýa baka goýberildi. At ilkibada özüniň kim bilen ýaryşýanlygyny bilmän, töweregine ýaltaklap, aňka-taňka bolan bolsa-da, toý märekesine ýakynlaşanda agyr märekäniň gykylygy göge göterilen wagty, atyň gözi depesinde ganat kakyp barýan elguşa düşüpdir. Şondan soň at gulaklaryny gyrpyp, bar güýji bilen öňe baka atyldy we guşy taýak basdyrym yzda goýup, toýhananyň duşundan geçdi".

Biz gyzykly gürrüňlere kellämizi gyzdyryp, kolhozyň bagçylygynyň etegine çykanymyzy duýman galdyk. Bagçylykdan çykan ýerimizde hem kolhozyň tohum gylýallary üçin hatara salnan athanasynyň beýik hem owadan görnüşli jaýlary göründi. Ol jaýlar indi bizden uzakda däldi. Şol ýerde ýaşuly:

– Bä, meniň atlaryň ýanyna soňky baryp gaýdalym bäri ep-esli gün bolaýypdyr-ow – diýdi.

Ozal ýaşuly her wagt baryp, atlary synlaýan eken, uly atlar, ýaş gunanlar hem ene gylýallar hakynda at idedijilere özüniň bildik maslahatlaryny berip gaýdýan eken. Şol ýerde ýaşuly hasasyna söýenip durdy-da, athanalara baka nazaryny dikdi hem:

– Ine, kolhozymyzyň athanasy, şeýle gowy jaýlar gadym zamanda han-beglerde-de ýokdy, dogrusyny aýtsaň, olaryň öz ýaşaýan jaýlary hem şunça ýokdy. Jaý hem jaý welin, tohum gylýallara eýelik göz bilen seredip, idetmek hem gerek–diýdi.

Biz baran wagtymyz athananyň öňünde üç-dört sany ýetginjek ýaş ýigit aýlanyşyp ýördüler. Olar bizi garşy alyp, salam

berdiler. Salamlaryna jogap berlenden soň, olar ýene öz işleri bilen meşgul boldular. Ýaşuly bilen ikimiz athananyň giň hem açyk duran işiklerinden girip, birýan ujundan atlary hem tohum gylýallary synlamaga başladyk. Giň athananyň içinde tagta germewler bilen her atyň özüne aýratyn jaý edilipdir. Her haýsynyň öňüne edilen tagta germewiň garşysyna baranymyzda, olar bize baka öwrülýär we biziň ýüzümize çiňerilip, gözlerini aýyrman seredip durýarlar.

Biziň birinji işikden giren ýerimizde, tagta germewiň aňyrsynda bir ene gylýal dur. Onuň ýanyndaky ýaşajyk taýy hem enesi bilen birlikde gözüni aýyrman, bize seredýär. Şol wagt ene gylýallar sähra meýdanda bakylýan eken, athanada diňe gunan hem uly atlar bar eken. Bu gylýaly hem ýaňyrak gulanlany üçin getiren ekenler. Biziň ýüzümize seredip duran owadan dorja taýdy, onuň iki öň aýajyklarynyň toýnagyndan ýokarsynda bir tutam ýeri akdy. Ýaşuly elindäki hasasyny uzatdy-da:

– Syn et... Görýärmiň, bu taýyň hem bilekleri ak... Biziň kolhozymyz şu taýyň uly doganyny taýlykdan ulaldyp, marşal Woroşilowa sylag iberipdi... Sebäbi onuň ozalky münýän atynyň hem bilekleri akdy, men ony suratynda gördüm. Ine, bu taý hem edil uly dogany ýaly ak bilek bolup dogupdyr – diýdi.

Ýaşulynyň sözüniň şu ýerinde men:

– Meniň eşidişime görä, ýoldaş Woroşilowyň münen atynyň bilekleri ak mata bilen saralgy eken. Şonuň üçin hem suratda ak bilek bolup düşüpdir diýýärler-le?–diýdim.

– Ýok, ol hiç beýle bolup bilmez, ol at hem biziň iberen atymyz ýaly asly eneden dogma ak bilekdir–diýip, ýaşuly özüniň berk ynanjy bilen aýtdy. Ondan soň men hem oňa garşylyk görkezip durmadym. Soň ýaşuly:

– Men oglanjyk wagtym Akbilek adynda bir atyň dabarasy ýklyma ýaýrapdy, şu taý hem şonuň neslinden bolsa gerek, eger arkaba-arka

ata-enelerini yzarlaberseň, şularyň hem aňyrsy şol Akbilege baryp diräýse gerek–diýdi.

Biz aýlanyp, birin-birin synlaýarys, ýaşuly bolsa hasasyny uzadyp:

– Bu Gyrguşuň neslidir, bu Dordepeliň neslidir, by pylanyň neslidir – diýip, atlaryň her haýsy barasynda gürrüň berýär. Şol wagt ol:

– Ine, şuny görýärmiň?–diýip, bir gunany görkezdi we onuň adyny ýadyna saljak bolup, azajyk oýlandy-da:

– Indi oglanlar atlara bir hili at dakýarlar welin, ol ady aýtmaga meniň dilim öwrülmejek bolýar... Şol Aşgabat–Moskwa at çapyşygyna giden atlaryň arasynda şunuň iň uly dogany hem bardy... Çenim çen bolsa, şu hem örän gowy atlardan biri bolup çykar–diýdi.

Iň soňky gapynyň öňüne baran wagtymyz, ýaşuly gapydan boýnuny uzatdy-da:

– Aý, oglum, munda gel, munda! – diýip, daşardakylardan birine gygyrdy. Ýetginjeklerden biri ylgap, işikden giren wagty, ýaşuly bir üýşmejik tezegi hasasynyň ujy bilen itekläp görkezdi-de:

– Bu näme, bu? Heý şeýderlermi, bu atlar aşagynda tezegi ýatmaly atlarmydyr? – diýip käýindi.

Yetginjek müýnli ýaly bolup, ylgap tezek aýyrýan çaluwyny hem sübsesini alyp, işe girişdi-de;

– Nyýazmyrat aga, edil şu wagtyň özünde tezekländir, men ýaňyja aýlanyp gidipdim, şonda ýokdy–diýdi.

Yaşuly bolsa indi ýumşaklyk bilen:

– Oglum, häli-şindi aýlanyp durmak gerek... Ynha, kem zadyňyz ýok... Biz bolsak atlarymyzyň tezegini synymyza guýup hem atardyk – diýdi.

Soň ol:

– Men henizem bolsa atlary maňa tabşyr, atlaryň tabyny men gowy taparyn, ýaş-ýuşlar hem öwrenerler diýip, hol baýak kolhoz başlygymyza aýtdym. Başlyk bolsa meniň çynym bilen aýdan gürrüňime güldi-de: "How, Nyýazmyrat aga, sen indi öýde salkyn saýada dynç

ýatmagy oňarsaň hem biz at bakyp berençe görjek" diýdi. Ol indi men halys garrap, eňkim gidendir öýdüp pikir edýär, heniz hem men şu ýaş-ýuşlaryň halypasy bolup biljek ahyryn – diýdi.

Nyýazmyrat aga bilen tirkeşip, athanadan daş çykdyk we bir gapdalda duran ýaşikleriň üstünde oturdyk. Daşarda athananyň öňündäki meýdançanyň ortarasynda daňyldy at gazygynyň töwereginde aýlanyp, başyny atyp durýar. Indi ýaşuly ikimiziň nazarymyzdaky şol atdy. Ol ata ak keçeden basyrgy keçe salypdyrlar welin, keçesi könedi. Bir salym pikirlenip oturandan soň ýaşuly:

– Muňa seret, bu atyň eşigine seret! Obamyzda biri garyp ýaşan bolsa, men hem şonuň biridim. Garyplygymyň derdinden eý görýän atyma ile meňzeş bir abat eşik hem salyp bilmän geçipdim. Bu ata salnan eşik hem şol wagtky meniň atyma salýan eşigime meňzeýär... Ýeri, siz bir tapar-tapmazmy? Bu at uly iliň aty, kolhozyň aty ahyryn... Eşigi hor bolsa, at bilen ýigidiň hem görki kem bolýar, at bilen ýigit egin-eşik bilen görküne gelýär ahyryn. Oglum, muňa salmaga gowurak keçe tapmadyňyzmy?–diýip, bir gapdalymyzda ýylgyryp duran ýetginjege ýüzlendi.

Ol ýetginjek bolsa:

–Nyýazmyrat aga, täze keçesi hem başga esbaplary bar welin, olary o ýana, bir ýana çykanda salýarys, ýatakda duranda köne keçesini salaýýarys–diýdi.

Ýaşuly başyny atdy-da:

–Öňde bir baýyň oglunyň "Toý çarygym öýümizdedir, onuň heniz tüýi hem gyrlan däldir" diýşi ýaly boldy-how bu... Aý bolýar-da, başga çalşyrgyjy bar hem bolsa ýagşy – diýdi.

Ondan soň ýaşuly gazykda duran atyň taryhyndan gürrüň etdi. Bu atyň ady Ülker eken, özi hem şol kolhozda dogup kemala gelipdir. Ýaşuly sözüni dowam edip:

– Biziň kolhozymyzyň ynanjy şu atdadyr, şu güne çenli Ülker Türkmenistanda birinjiligi goldan bermän gelýär. Moskwada bir

uly at çapyşygy boldy. Şonda-da Ülker birinjiligi aldy. Ýöne welin ýyndam atlar ýetişdirmek ugrunda başga-da çorbasyny sowadýan seýisler az däl. Indi olar ýeke Ahal, Mary, Daşoguzda däl, Gazagystanda-da kän. Meniň göwnüme bolmasamy, ýaňy-ýakyn wagtda ýaly, gazaklar bizden ahalteke tohumyny alyp gidipdirler, eýýäm olar ýyndam atlar ýetişdiripdirler, indi biziň bilen çapyşýarlar. Bu geň-taň bir zat däl, ol at söýüjileriň ussatlygyny görkezýär. Ine, häzir Gökdepede Saýawan diýen bir at täzeden peýda bolupdyr. Men Saýawan diýen aty göremok, ýöne gören oglanlar taryp edýärler... Ýakyn wagtda Aşgabatda boljak at çapyşygynda hem Ülker Saýawan bilen çapyşjakdyr, göreris-dä kim ozar, kim galar–diýdi.

Biz athanadan ýene yzymyza baka ugradyk. Bagçylygyň etegine ýeten ýerimizde men Nyýazmyrat aga bilen hoşlaşdym. Ol bagçylygyň pessejik haýatynyň üstüne çykyp, çommalyp oturdy-da:

– Oglum, gaýtsaň hoş wagtyň, ýene görüşýänçäk sag-salamat bol – diýdi.

Men bagçylygyň etegini syryp, garşymyzdaky demir ýol duralgasyna baka ugradym. Ýaşmaga ýakynlaşýan Gün ebşitden göterilýän gara bulut bölekleriniň arasyndan yşgalaňlaýardy.

Nyýazmyrat aganyň aýdyşy ýaly, Aşgabadyň at çapylýan aýlawynda Ülker bilen Saýawanyň çapyşyk ýaryşy boldy. Şol saparky aýlawda bolan çapyşykda Nyýazmyrat aganyň özi hem synçy boldy.

## VIII

Ýaz baýramynyň dabaraly günleridi. Bu gün baýram lybasy bilen beslenen Aşgabat adamlary oglandan-ula hemmesi aýak üstünde köçedediler, seýil-tomaşa bilen şadyýan gezýärdiler. Asmany gaplap

duran ýaz buludy käbir wagt sepeleýärdi we ýeriň gert-gubaryny ýok edýärdi. Hoştap ýaz howasynyň mylaýym şemaljygy hem öwüsýärdi. Dumly-duşda baýdajyklar galgaşýarlar. Aşgabadyň demirgazyk--günbatar çetindäki at çapylýan aýlawyň töweregi janly hereket bilen gymyrsydy, adam deryasy tolkun atyp, joş urýardy. Ýeňiljek awtomaşynlar, ýük maşynlary geçmäge ýol, saklanmaga ýer tapmajak bolýardylar, olar üznüksiz signal bermek bilen, zordan ýoljagaz tapýarlar we diwaryň düýbüne dykylyp saklanýarlar.

Şu hem meniň ýadymda: ozal on üç-on dört ýaşymda wagtym men birinji mertebe aýlawda at çapyşygyny synlamaga gelipdim. Şol hem hoşboý ysly sireniň ýaňy güllän wagty – bahar günleridi. Dogrudan-da, şol günler hem bahar günleridi, şu gün hem bahar günleri. Emma welin bu iki baharyň tapawudy gaty uly, edil ýer bilen gök ýalydy. Men birinji göremde, şu at çapylýan aýlaw Aşgabat şäheriniň daşynda bir boş ýatan ýandakly, syrkynly çöl--beýewandady. Onuň töweregi şagallaryň hem başga meýdan möjekleriniň mesgenidi. Onuň tegelek diwarlary bolsa, göýä çöl--beýewanda ýalňyz oturan äpet uly gala ýaly örän uzakdan magallaklap görünýärdi. Şu diwaryň töwereginde gaýmalaşýan märeke bilen birlikde düýe, eşek, ýaby ýaly ulag üçin ulanylýan haýwanlar doly bolardy. Tozanly köçeler bilen iki at tirkelen jaňly paýtunda gelýän gyrmyzy donly, ak telpekli adamlar gözlerini asmana dikip, şol mähelläniň hem haýwanlaryň arasynda köçe ýasap, tozan turzup geçip giderdiler.

Indi bu baharda nähili? Ine, heniz hem oturan şol aýlaw. Emma welin indi munuň daş-töweregi boş ýatan çöl-beýewan däl, indi munuň bir gapdalyny fabrik-zawodlaryň üç gat, dört gat jaýlary tutup, goýry tüssesini asmana burugsadyşyp oturýarlar. Ýene bir gapdalyny bolsa, okuw mekdepleriniň beýik ymaratlary tutup durýar. Ýene bir gapdalyny bolsa ýaşaýyş jaýlarynyň, beýik ymaratlary tutup durýar. Başga taraplaryny bolsa ýaşaýyş üçin salnan iki gat jaýlar tutupdyr. Aýlawyň haýbatly, beýik gala meňzeýän diwary indi beýik ymaratlaryň

ortasynda galypdyr-da, ýere siňip peselen bir bolgusyz heşemjige dönüpdir. Indi onuň öňündäki asfaltlanan köçedäkiler bolsa düýe, eşek ýa-da iki at tirkelen jaňly paýtun bolman, awtomaşynlar erişde--argaç gatnaýardylar.

Men at çapylýan aýlawyň öňünde durup, dumly-duşumdaky gözel görnüşleri, ruhubelent, şadyýan adamlary synlaýardym. Kolhozçylar öz kolhozlarynyň ýük maşynlaryna münşüp, dumly--duşdan onlarça kilometrlikden tomaşa gelýärdiler. Şol wagt biziň kolhozymyzyň hem iki sany ýeňil maşyny, üç sany hem ýük maşyny tirkeşip, ýetip geldi. Ýeňil maşynlaryň birinde Nyýazmyrat aganyň ýüzi göründi. Ol edil darajyk deşikden sümýän ýaly, özüniň äpet göwresini ýeňil maşynyň darajyk gapysyndan çykardy. Ol maşyndan düşen ýerinde hasasyna söýendi-de, dumly-duşuny synlamaga durdy. Şol ýerde hem men baryp, salam berdim. Ol salamyma jogap berdi-de:

– Senem bar ekeniň? –diýdi.

– Hawa, menem bardyryn–diýenimden soň, ýene ol az salym töweregini synlap durdy-da:

– Aşgabat indi hakyky Aşgabat bolupdyr–diýdi we sözüne bir dyngy berenden soň:

– Meniň Aşgabada soňky gelip-gidelim bäri hem köp ýyl geçen ýaly bolup görünýär–diýdi. Bu söz, az wagtyň içinde uly üýtgeşik diýildigidi.

Biz at çapyşygyny synlamak üçin aýlawa girip, tomaşaçylaryň oturan bassyrmasynyň aşagyna bardyk, bassyrmanyň aşagy hyryn-dykyn doludy. Oturmak üçin garra hormatly orunlarda ýer görkezdiler. Garry hasasyna söýenip duran ýerinde:

– Ýok-da, biziň üçin bu ýeri däl, biziň üçin hol seleň giň meýdan ýagşy–diýip, elindäki hasasy bilen toýhana münberiniň garşysyndaky giň meýdany görkezdi. Dogrudan hem, ol ýer bir seleň giňişlik meýdandy, ol ýerde diňe çapyljak atlar, şolaryň seýisleri hem olaryň çadyrlary dikilgidi. Biz

hem rugsat alyp, garry bilen şol ýere geçdik. Bu ýerde başga hem ýaşulular bardy welin, olar garrynyň oglunyň deň--duşlarydylar. Şoňa görä hem Nyýazmyrat aga olaryň ýanynda hem özüniň iň uly ýaşuludygyny unutmady we olaryň sakgalynyň köpüsi agaran bolsa-da, olaryň adyny "oglanlar" diýip tutýardy. Altmyş-ýetmiş ýaşan adamlara "oglanlar" diýmek, geň-taň ýaly bolup eşidilýärdi. Emma welin ol söz togsan ýedi ýaşan Nyýazmyrat aga üçin ozallardan endik bolan ýerlikli hem jaýly aýdylýan sözdi.

At çapylýan aýlawyň ortasyndaky giň meýdanda her kolhozyň atşynas-seýsi özleri üçin çadyr gurap, goş tutupdy. Biz Nyýazmyrat aga bilen kolhozynyň çadyrynyň gapdalyna bardyk. Bu çadyryň töweregindäki üýşmelegiň oglandan-ula hemmesi Nyýazmyrat aganyň öz obasynyň adamlarydy. Çadyryň daş ýüzünde atlara iýmlik üçin getirilen bir bogdak arpa durdy. Çadyrdan iki-üç ädimlikde göm-gök öwsüp, guşaklyga çykyp duran syrkynlaryň öňünde iki sany aksakgal otyrdy. Olaryň biri süňkbaşy iri daýaw, ýetmiş ýaşyna ýakynlan adamdy. Ikinji bolsa, agaç etli agras hem uzyn sakgallydy, onuň ýaşy, takmyn, altmyş bäş çemeleridi. Çadyryň gündogar tarapynda bolsa, çapuwa gitjek Ülker gazykda daňyldy durdy. Nyýazmyrat aga aty synlady hem onuň häzirki bezemen eşiklenişinden göwni hoş boldy-da:

– Atlary şeýle hem bezemen eşiklemeli ahyryn, bir ýyrtyk juluň içinde onuň eşekçe-de görki bolmaz, ynha indi birneme ýagşy – diýdi. Soň ol syrkynyň öňünde duran aksakgallara baka ýüzlendi-de:

– Aýt, oglanlar, ol at haýsydyr, ol at?–diýip, hasasyny bir tarapa baka uzatdy. Onuň hasasy beýle tarapdaky çadyryň öňünde gazygynyň daşyna aýlanyp duran aty görkezýärdi. Aksakgallardan biri aýak üstüne galdy-da:

– Nyýazmyrat aga, ol at Gökdepäniň «Azat Türkmenistan» kolhozynyň Saýawan diýen atydyr, şu gün biziň bilen uly ýaryşa gitjek atlaryň biri hem şol atdyr–diýdi.

Ikinji aksakgal bolsa:

– Hawa, Nyýazmyrat aga, şu gün biziň bilen ýaryşjak şol Saýawandyr, sen ony ýagşy synla–diýip, birinjiniň aýdanlarynyň üstüne goşdy. Nyýazmyrat aga bolsa ol aty synlamak barada pikir hem etmeýän ýaly boldy-da:

– Ol at näme, ol at?–diýip, hasasyny başga bir tarapa uzatdy. Aksakgallardan biri:

– Ol at Aşgabadyň Magtymguly adyndaky kolhozynyň atydyr–diýdi.

– Ol at näme?

– Kaka etrabynyň kolhozynyň aty.

– Ol at näme?

– Ol at Gazagystandan biziň bilen ýaryşmaga getirilen atlaryň biridir.

"Ol at nireden, bu at nireden?" diýip, garry bir meýdan soraşdyrdy. Aksakgallardan biri hem: "Ol at Marynyň pylan kolhozyndan... Ol at Daşoguzyň pylan kolhozyndan... Ol at at zawodyndan diýip, ýaltanman, birin-birin jogap berdi. Haçan "at zawody" diýlen söz gulagyna degen wagty, garry başyny atdy-da:

– Hä, at zawodyndan diýsene?–diýdi.

Şu ýerde men öz ýanymdan: "Nyýazmyrat aga Türkmenistanda iň birinji atçylyk zawodyny guran adamyny ýadyna salandyr" diýip pikir etdim. Dogrudan hem, şeýledir, çünki ozal hem Nyýazmyrat aga şol hakda köp gürrüňler berýärdi.

Şu sorag-jogapdan soň garry özleriniň aty bilen uly çapyşa gitjek Saýawany synlamak üçin onuň ýakyn ýanyna bardy we sesini-üýnüni çykarman, bir salym synlandan soň, ýene öňki ýerine öwrülip geldi. Aksakgallardan biri:

– Nyýazmyrat aga, aty neneň gördüň? – diýdi.

Nyýazmyrat aga iýmli haltanyň üstünde oturdy-da:

– Aty hiç neneň görmedim, aty çapuwa kemsiz taýýarlapdyrlar, ol at siziň Ülkeriňiz bilen çapyşyp biljek at, bäsdeşiňiz hem pes däl, indi siz hem görersiňiz-dä–diýip jogap berdi.

Syrkynlaryň arasyndaky adamlaryň üýşmeleňi durdugyça köpelýärdi. Tomaşaçylar üçin ýörite jaý bolan bassyrmanyň aşagy hem indi adamdan hyryn-dykyn doldy. Indi ol ýerde oturmaga orun galman, adamlar aýak üstünde durýardylar. Sazyň sesi ýaňlanyp başlady. Sazyň sesi bilen birlikde gazykda daňylgy duran atlar gulaklaryny keýerdişip, gopgunly herekete geldiler. Hol ýerde bir at agyzdyrygyny çeýnäp, çarpaýa galýar, beýlede bir at aýak aldygyna gazygynyň daşyna aýlanmaga başlady. Ol duran at bolsa sazyň sesine aýagyny goşup, dynman hereket edýärdi.

Oglandan başlap, uly adamlaryň hemmesiniň ýüreginde gopgunly hereket oýanyp, endamlarynda galpyldy peýda bolup başlady. Oturan aksakgallardan biri:

– Aýt, diýýän-ä, howa sowujakmy ýa-da meniň göwnümemi? Üşejek bolýan-la, çyplagrak hem çykaýypdyrys öýdýän–diýip, egnindäki ýalaňgat ýuka donunyň ýakalaryny çekişdirip gabşyrdy. Ikinjisi bolsa:

– Hemişeler ýaz baýramy günlerinde beýle salkynlyk bolmaýardy welin, şu sapar sowujak, bolmasa orak düşmeli wagty bolupdyr, bu salkynlyk nämäň hasabyka? – diýip, ýoldaşynyň sözüni tassyklady. Emma welin howa sowuk däldi, örän mylaýyn hem salkynlyk bilen ýagyş ýuwaşja çisňeýärdi. Bu iki aksakgal öz ýüreklerinde peýda bolup başlan galpyldyny howanyň başyna atdylar. At çapyşyk ýaryşynyň komissiýasy ýygnanyşyp, toýhana münberine çykdylar. Şundan soň adamlaryň gopgunly hereketleri has hem güýçlendi. Aksakgallardan biri oturyp-turmasyny, zowzuldamasyny güreltdi. Beýleki bolsa turman, oturan ýerinde çöp bilen ýer dyrmaýardy. Her kim bir hereketdedi, emma şol

wagt edýän hereketlerini adamlaryň özleri-de duýmaýardy. Nyýazmyrat aga bolsa örän parahat görnüşde sesini çykarman otyrdy. Her näme hem bolsa birinji we ikinji tapgyr çapyşykda syr saklandy.

Ine, atlar üçünji tapgyr çapyşyga baka ugradylar. Hanha, atlar bökjekleşip, gaýdyş pellesine baka ýetip barýarlar. Atlar gaýdyş pellesinde çugrugyşdylar, birdenkä baýdajyk galgap gitdi. Ýedi sany at birden öňe baka atyldy. Gök syrkynlaryň arasyndaky üýşmeleň gurap duran adamlar hem atlaryň gelýän ugruna baka topbagy bilen öňe süýşmäge başlady. Şol wagt olaryň arasynda dürli hereketler edýän adamlar bardy: ine, haýsydyr biri telpegini bir çykaryp, bir geýýärdi. Atlaryň çapyşygyna kelleleri gyzyp, edýän hereketlerini özleri-de duýmaýardylar. Giň hem uzyn giden bassyrmanyň aşagynda hyryn-dykyn dolup oturan tomaşaçylar hem hereketsiz parahat oturmaýardy, olar ör aýak üstüne galşyp tolgunyşýardylar. Gök syrkynlaryň arasyndaky üýşmeleň adamlaryň arasynda kimdir bir ýogyn göwreli adam: "Haýdaweri!" diýip, bogazyna sygdygyndan gygyrýardy hem başyndaky telpegini çykaryp, ýetişip bilşinden bulaýlaýardy, ol garynlak adam haslap, ylgaýanyny hem gygyrýanyny-da özi duýmaýan ýalydy. Emma welin onuň sesi bir ýarym kilometrlikden çapyp gelýän atyň hem, atyň üstünde oturan çapyksuwaryň hem gulagyna iljek gümany ýokdy.

Nyýazmyrat aga häzirlikçe öňki oturan ýerinde özüni parahat görnüşde saklap otyrdy. Emma ol iki aksakgalyň ýürek urgusy has güýçlenen bolmaga çemeli, olaryň biri çapyp gelýän atlara seredip hem bilmän, ösdün syrkynlara gabat bolup, ikinji tarapa garap otyrdy, ýöne elindäki çöp bilen dynman ýer dyrmalaýardy. Ikinji aksakgal bolsa çapyp gaýdan atlardan gözüni aýyrman, bir oturyp, bir turýar hem iki ädim öňe, iki ädim yza gezmeleýärdi. Syrgynyň öňünde oturan aksakgal:

– Atlar gaýtdymy?–diýdi.

– Gaýtdy – diýip, ikinjisi jogap berdi.

– Biziňki nädýär?

– Biziňkiden öňde iki at bar...

– Be, iki at bar diýsene?–diýip, ol aksakgal hem aýak üstüne galdy we çapyp gelýän atlara garaman, eýläk-beýläk bir-iki ädim ädimläp, ýene öňki ornunda oturdy. Soň ol:

– Nätdi, demirgazyk burçdan öwrüldilermi?–diýdi.

– Dolandylar.

– Biziňki nädýär?

– Entek üýtgän zat ýok...

– Be, üýtgän zat ýok diýsene?

Iki sekunt hem geçip-geçmänkä ýene ol sakgalyny sypalady-da:

– Ilerki burça ýakynladylarmy?–diýip we gobsunyp, çommalyp oturdy. Bir sekunt geçmänkä ýene ol oturyşyny ornaşdyrdy.

Ýerläp uçup barýan bir topbajyk sar ýaly bolup, atlar aýtymy giň aýlawyň ileri burçuna ýakynlaýardy. Olaryň käbirleri bolsa atyny gamçylaýardy.

– Ilerki burça ýakynlaýarlar–diýip, ikinji aksakgal jogap berdi.

– Biziňki nädýär?

– Hawa, biziňki öz-ä haýdaýar-ow...

– Biziňki gamçy çalýarmy?

– Ýok, heniz-ä gamçy çalanok– diýip, ikinji aksakgal beren jogabynyň yzysüre:

– Anha, biziňki biriniň yzyndan ýetip geçdi... Anha öňde barýan bilen hem dogabagyny deňledi–diýdi.

Şol wagt syrkynlaryň öňünde busulyp oturan aksakgal hem dim--dik bolup ýerinden galdy-da, ýoldaşy bilen egnini deňledi we ol ok ýaly bolup, öňe düşüp gelýän öz atlaryna seretdi-de:

– Alar, dorjam alar! Alar-la – diýip, sogduryp aýtdy we güldi. Toýhana münberiniň duşundan birinji geçip, soň hem birinji baýrak alan at tomaşaçylaryň öňünden ýöredilip geçirildi. Haçan

ol at gazyga baglanan wagty adamlar ol atyň töweregine üýşdüler. Bu üýşmeleň "Täze ýol" kolhozynyň adamlarydy. Şu saparky toýda bularyň ýedi sany aty çapylýardy. Atlaryň her tapgyr çapuwynda hem adamlarda ýaňky ýaly hereketler gaýtalanýardy. Kolhozyň başlygy bolsa toýhana münberinde synçylaryň arasynda durmalydy welin, ol bir ýerde durup bilmän, bir görseň tomaşaçylaryň arasynda dur, ine, bir görseň hem selme--syrkynlaryň arasyndaky üýşmeleňiň içinde aýlanyp ýörýärdi, garaz, ol bir ýerde karar berip oturyp bilmeýärdi. Atlar tapgyr--tapgyr ýaryşa goýberilýär, adamlaryň hereketleri hem durdugyça joş alýardy. Sagat-sagadyň yzyndan geçip gidip barýardy, emma çapyşyga kellesi gyzan adamlar wagtyň geçýänini hem duýmaýardylar. Ýaz buludynyň aňyrsynda gizlenen Günüň gijigýänligini howanyň görnüşinden hem aňlamak bolýardy. "Täze ýol" kolhozynyň alty sany aty eýýäm çapuw gezegini geçirdi, olaryň bäşisi birinjilik orny aldy, diňe biri ikinji baýrak aldy. Seýsiň aýtmagyna görä, soňky iki günde ol atyň gezime, şöwre çykarylyşynyň ugry bolmandyr, ol atyň ikinji orunda galyşyny hem şondan gördüler. Nyýazmyrat aga şu wagta çenli sesini çykarman, özüni parahat görnüşde saklap otyrdy, diňe şonda ol:

– Asyl siziň at idedişiňiz jana batanok, şonuň bir çetinde özüm bolmasam boljak däl–diýip, çyny bilen ýürekden syzdyryp aýtdy. Emma töwerekde duranlar dillenip, hiç zat diýmän, diňe biri-birleriniň ýüzlerine seredip ýylgyryşdylar.

Emma iň gyzgalaňly ýaryş häzir başlanjak, bu bolsa şu günki toýuň iň soňky tapgyr çapyşygydy. Şu tapgyrda iň uly atlar gatnaşýarlar, iň uly baýrak hem şulara bellenipdi. Bularyň Ülker diýen şöhratly aty hem şolaryň arasyndady. Daşkentde bolup geçen çapyşyklarda Ülker birinji baýragy birnäçe sapar aldy we Merkezi Aziýa boýunça birinji baýragy alyp, ýyndamlykda bütin Soýuzymyz boýunça birinji orun aldy. Ine, şol Ülker häzir şu taýda

hem çapuwa baka ugrady. Uly atlar bir topbak bolup, gaýdyş pellesine üýşdüler. Ýene hemişeki adat boýunça baýdajyk galgady, atlar ok ýaly bolup öňe atyldylar, kellesi kiçijik papakly çapyksuwarlar bolsa ýapyrylyşdylar. Emma welin bular kiçi atlar ýaly ýarym aýlaw ýa-da bütin aýlawa çapmaly däl, bular aýtymy giň bolan uly aýlawy iki sapar aýlanyp çykmalydy, bulara gaçmaga, kowmaga maý bardy. Atlar edil toýhananyň alkymyndan tomaşaçylaryň öňünden çapyşyp ugradylar. Azajyk wagt geçenden soň atlar bir aýlaw edip, ýene tomaşaçylara ýakynlaşdylar. Tomaşaçylaryň gykuw, şowhun sesi göge göterildi. Bu gykylyga atlaryň hem kellesi göçen bolmaga çemeli, olar ugrandaky toplumyny bozman, öňküden hem beter çapyp, ok ýaly bolup, tomaşaçylaryň öňünden geçip gitdiler. Indi olar biri-birinden öňe geçjek bolup haýdaýardylar. Aýlaw ýarymdan geçdiler, Ülker hemmesinden öňde dabyraýardy. Şol wagt birdenkä aýagy çukura giden ýaly boldy-da, Ülkeriň öň aýaklarynyň biri büdräp epildi we agsap galdy. Şol minudyň özünde edil atyň entemegi bilen birlikde diýen ýaly Nyýazmyrat aga:

– Wah, arman– diýip, ýerinden galyp, dim-dik boldy we hyrçyny dişledi, ol garry şondan başga hiç zat diýmedi.

Şeýlelik bilen, bu saparky çapyşda gökdepelileriň Saýawan atly aty birinji baýragy aldy. Şol güne çenli birinjiligi elden bermän gelýän Ülker bolsa öň aýagynyň birini göterip, agsap geldi. Büzmeýinliler çadyrlarynyň garşysynda daňlan Ülkeriň töweregine aýlanyp, halka gurap oturdylar. Oglandan-ula olaryň hiç birinden ses çykmaýardy, kimsi ýer dyrmaýardy, kimsi bolsa elindäki çöpi oýnaýardy, kimsi bolsa gamly gözlerini Ülkerden aýyrman otyrdy. Nyýazmyrat aga bir tarapda hasasyna söýenip, ör aýak üstünde durdy. Ol bu tukat dymyşmaklyga çydamady-da:

– Edil ataňyz ýaňyja ölen ýaly, näme beýle ýüzüňizi aşak salşyp otyrsyňyz? Atdyr-da, çapyşarsyň, ýa ozarsyň, ýa-da galarsyň. Ýyndam

at ýetişdirjek bolup sizçe çorbasyny sowdýan ýigitler indi az däl ahyryn... Şu toýda alty atyňyz çykdy, her saparynda hem şatlanyşyp, telpekleriňizi göge zyňdyňyz. Indi bolsa dymşyp otyrsyňyz, bu nämä gerek, bu nämä gerek? – diýdi we soňky jümlesini has batly aýtdy.

Oturanlardan biri:

– Nyýazmyrat aga, ol çykanlar kiçi atlarymyz, bu bolsa hemişe birinjiligi alyp gelýän atly at ahyryn–diýdi.

– Boldy boldy-da ýyndam at, indi näme şondan başga ýyndan at döremeli dälmişinmi? Ol dörär...

Garrynyň şu sözlerinden soň gürrüň açylyp başlandy. Kimdir biri:

– A-haw, adamlar, biz ýyndamlykda indi biziň öňümize geçen at bolar öýtmedik, biziň gözümiz ýer görmedi, pälimiz uly boldy, bizi şol uly pälimiz-niýetimiz tutdy–diýdi.

Hol bir çetde oturan aksakgal bolsa:

– Bu sapar biziň atymyza göz degdi, ýogsa heý düz ýerde-de at büdräp agsarmy?– diýdi.

Nyýazmyrat aga ýene söze goşuldy-da:

– Bu ata göz hem degenok, dil hem, şeýle zadyň özi säwlikde bolaýgyçdyr. Her näme hem bolsa soňky tapgyrda galdyňyz, ony är ýaly boýun almagyňyz gerek, "Oýunçy utulanyny bilse ýagşy" diýlendir – diýdi.

Başga biri bolsa atlaryň seýsine igendi, şu saparky säwlikde bolan wakany hem seýsiň başarnyksyzlygyndan görjek boldy. Aý, garaz, oturanlaryň her haýsy öz ýüregindäkini orta atyp gürledi. Toýçular, tomaşaçylar bir eýýäm dargap gidipdir, aýlawyň içinde atlarynyň töwereginde aýlanyşyp oturanlar diňe büzmeýinlilerdi. Iň ahyryna çenli dymyp oturan kolhoz başlygy söze goşuldy-da:

– Indi ýaňka-ýaňka edişip oturmagymyzyň peýdasy ýok, boljak iş bolup geçdi, bu sapar galdyk, indi ýörüň gaýdalyň–diýdi.

Şundan soň hemmesi örüp, aýak üstüne galdylar. Kolhozçylar özleriniň ýük maşynlaryna doldular we atlary hem atçylary

çadyrda galdyryp, oba baka ýola düşdüler. Şol wagt ýaňy iňrik garalyp başlan wagtydy, men hem Nyýazmyrat agany kolhozyň ýeňil maşynyna salyp, onuň bilen at çapylýan aýlawyň öňünde hoşlaşdym. Ol göwnaçyk garry bilen şol hoşlaşygymyz hem iň soňky hoşlaşyk bolup galdy.





# GAJAR AGA

**"Är garrar, heňňam garramaz".**
*Türkmen halk nakyly*

## I

Gajar aga orta boýly, giň maňlaýly, ösgün gür gaşly, öküziňki ýaly ullakan gözli, ak sakgally adamdy. Onuň Güne ýanan bugdaý reňk ýüzüniň ýylgyran mahalyna duş gelmek kyndy. Onuň sümelgesi bolan köneje tam obanyň iň çetindedi. Ol şol köneje tamda özüniň üç-dört ýaşly agtygy Myrat bilen ýaşaýardy. Hawa, ol hem ogully-gyzly adamdy welin, onuň ykbaly şeýle bolupdyr: bir waka ýüz berip, onuň ýalňyzy bolan ýaş ýigit ogly bilen ýaş gelni aradan çykypdyr. Gajar aga hem özüniň ýaş agtygy bilen ýeke galypdyr. Gyzyklysy şunda: Gajar aganyň bu bethaýbat şekilini diňe bir sapar synlan adam: ″Şu ýaşajyk çaga neneň gorkman, bu adam bilen höwür bolduka?″ diýip pikir ederdi. Dogrudan-da, bir göräýmäge onuň sypaty şeýledi. Gajar aganyň okara ýaly gözleri kä wagtlarda dälirän öküziň gözlerine-de meňzäberýärdi. Emma welin, nämesindedir, belli däl, obanyň ähli çagalary Gajar agany söýýärdiler we ony hormatlaýardylar, gyşyn-ýazyn Gajar aganyň höwri hem şol çagalar bolýardylar, obanyň ähli çagalary onuň töweregine üýşýärdiler we meýlis gurýardylar.

Gajar aga gyş aýlary ilki agşamdan özüniň köneje demir pejini bozagan, ýowşan, garagan töňňesi, üzüm çybyklary bilen doldurýar. Garaňky gatlyşyp başlaýar welin, pejiň töweregi on-on iki, on üç-on

dört ýaşly çagalardan dolýar. Bir bada olar jagylda-jugul bolşup, öz aralarynda gyzykly gürrüň edýärler. Çagalyk jedellerini çözýärler. Ine, çagalaryň şu gürrüňlerinde hem, hamana diýersiň, edil uly adamlar bilen gürleşýän ýaly, Gajar aga-da olaryň gürrüňine goşulýar-da:

– Päheý, sen ony başarmansyň, seniň ýeriňe men bolan bolsamdym, ony ynha şeýderdim–diýip, garaçyny bilen ellerini hereketlendirip, gözlerini mölerdip, bolşundan hem beter ulaldýar. Oglanlardan biri: "Şu gün otarda gezip ýörkäm bir aýagy döwük towşan gördüm, arman tutup bilmedim" diýse, ýa-da biri: "Semizliginden çöken sakarbalaga duş boldum, tutup bilmedim" diýip, arman çekäýse, Gajar aga hem oňa goşulyp arman çeker we ol:

– Walla ynan, men ol baýaky togdaryny, ine, şeýtdirip tutdum– diýip, bir ýaraly togdarynyň üstüne donuny atyp, ahmallykda tutuşyny hemme hereketleri bilen görkezip, gürrüň berer ýa-da başga bir şoňa meňzeş säwlik bilen eden işini gürrüň berer we oglanlaryň haýsydyr birine:

– Arman, şo taýda seniň ýeriňe men bolsamdym, ine, şeýderdim, haýp, sen oňarmansyň... – diýer.

Gajar aganyň gürrüňçilik meýlisine üýşýän ýedi-sekiz ýaşly oglanlaryň arasynda, ulularyň meýlislerinde boluşlary ýaly, has öňe düşýänleri–özüni görkezýänleri hem bardy.

Berdi pökgen, Mele mekir, Bally wara, Ata pitik we başgalary, şu meýlisiň dilewarragy hem ekabyrraklarydy. Gajar aga hem şulary özüne ýakyn kömekçi hasaplaýardy.

Ine, gyş möwsüminiň ahyrky günlerinden bir gün, adatlary boýunça, çagalar Gajar aganyň pejiniň töweregine ýygnandylar we hemişekileri ýaly ilki bada öz aralarynda hemaýyn gürrüňe başladylar, özara jedelleşdiler, bir salym şowhun turuzdylar. Gajar aga hem bularyň gürrüňlerine goşuldy. Az salymdan soň, köneje tamyň içi dym-

-dyrslyk boldy, oturanlaryň birinden hem ses çykanok. Hemişeki adat boýunça, öňe düşýänräklerden biri, ine, şu ýerde dillenmelidi. Bu sapar Berdi pökgen oturan ýerinden gobsundy-da:

– Hawa, Gajar aga, ýogsa-da, sen öten agşam sary top hakyndaky gürrüňiňem gutarman goýduň-a, hany gürrüň bersene, Gajar aga – diýip, söze başlady. Çagalaryň hemmesiniň arzuwy hem şonuň ýaly gyzykly gürrüňleri diňlemekdi. Beýle çetde oturan Mele mekir, kiçijik gözlerini gyrpyldatdy-da:

– Öňki agşamky garry bagban hakyndaky gürrüňiňem, Gajar aga, gutarmandyň–diýdi.

Ata pitik garnyny gaşady-da:

– Ýok-la, olar däl-le, Gajar aga, başgalaryny aýtsana – diýdi. Bally wara hem öz gezeginde:

– Haýsam bolsa aýdybersene, Gajar aga! – diýdi.

Gajar aga agras ýüzüni aşak salyp, äwmeýän ýaly dymyp otyr. Ol birden ýüzüni ýokary galdyrdy-da:

– Ýeri, ynha gün-günüň yzyndan gelip geçip durýar, men size ýarajak täze-täze gürrüňleri her gün nireden tapaýyn?–diýdi.

–Taparsyň-la, Gajar aga, bolmasa gürrüň tapmasaň, erteki aýdyp beräý – diýip, ýene Berdi pökgen töwella etdi. Gajar aga azajyk dymandan soň:

– Ýok, men erteki aýtman, oglum, şu günkini tapyp durkam ertirkini nämedeýin–diýdi we edil bir işe başlamak üçin taýýarlanýan ýaly, ullakan kellesine köne şypyrmany geýdi. Bu etegi çöwrük köne şypyrma ony dagyň gowaklarynda ýaşaýan terkidünýä galandar–derwüşlere meňzetdi. Emma welin onuň şu ýatyş telpegini geýmegi onuň şähdiniň açyk bolup, "Size şu gün hezil gürrüň berjek" diýen alamatydy. Ol şu ýatyş telpegini geýmedimi, onda onuň keýpiniň ýoklugynyň hem şähdiniň açyk däldigini alamaty boldugydy, ony

oglanlar gaty gowy bilýärdiler. Ahwalynyň şeýle günlerinde hem Gajar aga "o ýan, bu ýan" diýip, ownuk-uşak gürrüňler eden bolardy, emma welin onuň gürrüňinden göwünleri hoş bolmadyk oglanlar gamgyn bolup dargardylar, özi olardan hem beter gamgyn bolup galardy. Gajar agada şeýle ahwalatyň özi gaty az, çendan bir wagt bolardy, köplenç, ol keýpli gürrüň bererdi. Ine, şu gün hem ol gyzykly gürrüňler bermäge taýýarlandy. Oglanlar bolsa onuň başlamagyna alňasap, edil burunlary deşilen ýaly, sessiz-selemsiz aňkarylyşyp otyrdylar.

## II

Gajar aga hemişeki adaty boýunça ellerini we ýüz keşplerini, bütin göwresini herekete getirip, söze başlady:

– Meniň oglan wagtym uly il darajyk galanyň içinde gabalyp oturardy... Ol wagtlar mekdep ýa-da başga terbiýe jaýynyň nam--nyşanasy ýokdy, terbiýe diýlen zat ýokdy, çagalar aç garyn enteşer ýörerdiler, ysmanak-selme ýygardylar. Men siziň ýaly mahalym aşa ýakymsyzdym, şeýle garagoldym–urşardym, köýnekden, balakdan çykyşardym ýa-da atlary ürküzerdim, eşekleri boşadyp, bir-biriniň üstüne küşgürerdim, eşekler aňňyryşyp, biri-birini gemrişerdi, galanyň içini ala tozan edip, uly gopgun turzardylar. Şeýle bir garagolçylyk etmedik günümi gün hasap etmezdim, şol agşam ukymam tutmazdy. Kakam-ejem meni urardylar, kakam pahyr: "Sen, doňuz, iru-giç ile ot ýakdyrmaýan tüýkesme ogry ýa-da garakçy bolarsyň, düzüwli zat bolmarsyň" diýip käýinerdi. Emma maňa alaç bolanokdy, teý ahyry men öz garagollygymdan bela sataşdym.

Biziň galamyzda bir garry bardy, oňa ussa Gurban diýerdiler, onuň öýi galanyň ilerki derwezesine ýakyndy. Gurban aganyň işi--pişesi däri ýasamakdy. Ol öýüniň daş ýüzünde, bir gapdalynda çukur

gazyp, onuň içinde hem ýogyn söwütden ýasalan ullakan soky oturdypdyr. Çukuryň bir gapdalynda beýijek luň edip, onuň üstüne-de uzyn agaç atypdyr. Agajyň bir başyna ullakan soky daşy daňyldy, ol hem soka laýyk goýlupdyr. Ine, şeýtdirip, agajyň beýleki başyna aýak bilen bassaň, daş ýokary galýar, aýagyňy gowşatsaň hem daş gütläp soka inýär. Gurban aga pahyr, "düňk-düňk" edip, şol sokuda däri döwerdi, haçan görseň, ýer depip duran ýaly, yranyp şol agajyň bir başyna basyp durandyr. Günleriň bir güni biz oglanlar bolup, galaň bir burçunyň* üstüne çykyp, garga ýaly üýşüp otyrdyk. Ilki bada ýaý atmakdan gürrüň başlady, daşa atmak, dogry urmak, ine, gürrüňimiz şudy. Birden gürrüňimiz hyrly atýan mergenlere baka geçdi. Kimdir biri: "Ok tüpeňiň agzyndan näme üçin zarply çykýarka?" diýdi. Ýene birimiz: "Gurban aganyň därisiniň güýjündendir" diýdi. Ine, edil şol wagt meň kelläme erbet bir pikir geldi: "Geliň, Gurban aganyň däri döwýän sokusynyň içindäki däri ýokuny otlap göreliň!" diýdim. Birnäçelerimiz: "Ýok, ýok, golaýyna barmalyň" diýdiler. Men we maňa meňzeş ýoknasyzlar bolsa, "gorkaklar" diýip, olara gyjalat berdik.

Gajar aganyň azajyk dyngy beren ýerinde diňçi oglanlar ýerli--ýerden:

– Ýeri, onsoň – diýşip, yzyny eşitmäge howlugyşdylar.

– Hany, onsoň, men indi şol garagollygy etmesem, gije ukym tutjak däl, ýeke menem däl, başga menden bäş-beter, ýene biri-ikisi bar. Tomsuň süýr günortany jöwza yssy mahaly, Gurban aganyň hem başgalaryň öýlerinde dynç alyp, uklap ýatan wagtlary: "Şu mahal bir pelle" diýip, bäş-alty oglan bolup ugradyk. Ol wagtlarda otluçöp diýilýän zadyň ady-sory ýokdy, galanyň ortarak bir ýerinde "çilim ody" diýip, sönmez ýaly, ot edip goýardylar. Birimiziň etegini külden

* Burç – diň, minara.

dolduryp, üç-dört sany közi hem külüň üstünde goýup, alyp bardyk. Közleri sokynyň içine atdyk. Däri ýoky bir bada göçmedi welin, aňyrsyndan-bärsinden eglip, üflemäge başladyk. Ol birnäçe ýyldan bäri içinde däri döwlüp, däri bilen eýlenen köne soky, onuň üstüne-de Günüň aşagynda gyzan mahaly, birden bir gümmürdi boldy, ot sowurdy, soky zyňyldy, daşy bir tarapa gütläp düşdi. Gümmürdi çykan wagty men arkanlygyma ýazdym, emma ot arkalarymy, bütin endamymy çawlapdyr. Şol gaçyşyma galadan çykyp gitdim. Günortanyň yssysynda ukuda ýatanlaryň hemmesi oýanypdyr, bütin gala aýak üstüne galypdyr, aýal-erkek hemme ilerki derwezä baka ylgaşypdyrlar. Gurban aga bolsa, zähresi ýarylan ýaly bolup, ukudan oýanypdyr hem: "Ýer çeken peläketler! Soky bilen, däri bilen hem oýun bolarmy?" diýip gygyryp, hasasyny talawladyp, iki ýana ylgapdyr. Men şol elemtas bolup barşyma galanyň daş ýüzündäki çukura girip gizlendim. Galanyň içindäki galmagal gulagyma gelip durýardy: "Bu Gajaryň işidir" diýip gygyryşýardylar. Endamlarymy barlaşdyrdym, ak biz köýnegim, balagym gap-gara bolupdyr, köýnegim sal-sal, balagymyň gonçlary arym-darym bolupdyr, her niçik bolsa-da balagym köýnegimden bitinräk galypdyr. Endamymyň käýeri larsa-larsa galypdyr. Indi ol awuşamaga başlady, uly ilim bilen "waý" diýip, gygyryp aglasym geldi. Emma taparlar öýdüp, gorkyma sesimi çykaryp bilmedim. Ýeri, soky bilen, däri bilen, iliň aty-eşegi bilen siziň nä işiňiz bar diýseňiz--le, gidiň öz işiňizi ediň, başga oýunlar oýnaň ahyry – diýip, Gajar aga, altmyş ýyldan hem ozal bolup geçen işi, göýä ýaňy bolan iş ýaly görüp, özüne käýinip we ökünip gürrüň berýärdi.

– Hawa, onsoň garaňky düşýänçä şol çukurdan çykmadym, garaňky düşdi, derwezeban derwezäni mäkämlejek wagty menem urup, gala girdim. Derwezeban meni tanady-da: "Häý, garagol, dur entek" diýip gygyrdy. Onuň çagalara rehimlidigi bize ozaldan mälimdi. Men

durdum. Ol derwezäniň zynjyrlaryny bekeldýärdi, temme urýardy. Men welin, endamymyň awusyna çydaman, bir ýerde durup bilemokdym. Ol: "Häý, ýakymsyz! Häý, şeýle-de bir iş ederlermi, ol zyňlan soky daş biriňiziň üstüňize düşen bolsa-ha myžžykdyrjak eken, ussa Gurbanyň sokusynam-a ýakdyňyz, ýeri ol biçäre indi sokyny nireden tapsyn, bu töwerekde sokulyk söwüdem-ä ýok... Häý, ýoknasyzlar, heý şeýderlermi? Hany, ýör öýe" diýdi. Sesimi çykarman, yzyna düşdüm. Ýene ol: "Endamyň gaty ýandymy?" diýip sorady. Men ýok-la" diýen boldum, emma şonda möňňürip aglasym geldi welin, zordan saklandym. Ol öýüne baryp, ýowşan ody bilen yşyk etdi, endamyma seretdi: "Bow, durşuňa ýanypsyň" diýdi. Onsoň duldan bir suw kädini aldy, onuň içinde bir hili gara ýag bardy. Men ony gotur düýelere çalynýan garaýagmyka diýip güman etdim. Emma haçan ol bir esgijigi batyryp, endamymy suwamaga başlanda, onuň tutup barýan ysyndan garaýag däldigini bildim we gymmatly dermandyr diýip oýlandym. Şu wakanyň üstünden ýigrimi bäş-otuz ýyl geçip, nebit köpelenden soň, şol oglan mahalymda endamyma çalnanyň hem garanebit ekenligini bildim... Hawa, onsoň ol meniň endamymy suwap: "Indi öýüňize bar, kakaňa men tabşyrandyryn, gorkma" diýdi. Men "bolýar" diýip gitdim, emma ol gije öýümize barmadym, galaň burçlarynyň biriniň aşagynda ýatdym. Ertesi kakam işine giden wagtydyr güman edip, öýümize bardym. Emma welin kakam bilen ejemiň "Ol bir ýerde ýanyp ölendir" diýip, gije ukulary tutmandyr. Kakam käýinip, dilinde "Degme, ýok bolsun, ölsün" diýen bolupdyr. Emma ertirden soň gala garawuly ýagynyň ýoklugyny, töweregiň dynçlykdygyny habar beripdir. Derwezeban derwezäni açan badyna kakam meniň gözlegime ugrapdyr. Men öýe baran wagtymda, ol meni tapman gaýdyp geldi we meni gördi-de hiç zat diýmän, beýleräkde oturdy. Belki, ol meni ursa-da urardy, ýöne ejem oňa öňünden zat

degme diýip tabşyran bolsa gerek. Emma käýediler, sökdüler. Tomsuň jöwzasynda itler yssydan gaçyp, haslaşyp, özlerine çuň sürenler gazynýarlar, günortanyň yssysynda şol sürenlerine gaçyp atýarlar. Ine, men hem şonuň ýaly, yssydan gaçyp, iki aýlap, it janawarlaryň sürenlerini eýeläp, özlerine bermedim. Gün dogup, gyzyp ugraýar welin, ýaralarym burç sepilýän ýaly, awap başlaýar, men hem iňňildäp, salkyn ýer gözläp, ol sürenden bu sürene çapýaryn. Ojak ýasamak, tamdyr suwamak üçin aýallar gala düýbündäki hendekleriň içinden toýun gazyp, çuň sürenler edipdirler, kä wagt şolara-da girip ýatýan. Gün dagdan aşýar welin, galaň burçuna çykyp, bir şemallaýan, soň hem öýümize gelýärin. Emma welin men şeýle erbet garagolçylygym sebäpli Gurban aga uly zyýan berenime, ile-güne hem uly azar bolanyma, öz janymy gynanyma düşündim. Şeýtmeli däldim ahyryn. Ine, şeýdip, öz elim bilen özüme iki aýlap, azap berdim. Derwezebanyň garaýagy hem maňa uly kömek berdi, şonuň üçin her iki-üç günden onuň ýanyna baryp, şol garaýagy bilen endamymy suwadardym.

Gajar aga sözüne dyngy berip, böwrüni diňleýän ýaly boldy, şol wagt Mele mekir:

– Ýeri onsoň, Gajar aga, ol ýoldaşlaryňa näme bolanlygyny aýtmadyň-la?– diýdi.

– Hawa, hawa, dogry, ýoldaşlarymyň ikisine hiç zat bolmandyr, beýlekisiniň bolsa, biri ýuwaşrak ýanypdyr, biri mendenem beter ýanypdyr... Obamyzdaky hol Jully kör-ä tanaýansyňyz?

–Hawa, hawa, tanaýarys – diýşip, oglanlar ýerli-ýerden seslendiler.

– Ine, gaty ýanan şoldy, onuň ýüzüne-de ot çabrapdyr, çep gözüne--de şonda şikest ýetdi, ol iki-üç ädim gaçyp, özünden gidip ýykylypdyr, adamlar ýetişip, oduny söndüripdirler, onsoň ony öýe

göterip alyp gidipdirler. Soň galanyň oglanlary soky hakynda aýdymjyk goşdular. Şol aýdymjygy kim aýtsa, Jully şol oglan bilen urşardy. Indi ol garrapdyr, emma şindiz hem şol aýdymjygy siz şonuň ýanynda aýdaýsaňyz, ol hökman sizi kowalar, onuň ýanynda däri döwülýän soky hakynda gürrüň edäýji bolmaň, ol şondan bäri köje döwülýän sokyny hem ýigrenýändir. Şondan soň ol Jully kör adyny, men hem Gajar ýanyk adyny aldym, şindiz hem garrylar maňa Gajar ýanyk diýýärler ahyry. Emma Gurban agaň sokusy maňa köp akyl berdi, şondan soň men hemme garagollygy düýbünden taşladym– diýip, Gajar aga pejiň üstünde gaýnap duran kündügini çäýnege demlemäge durdy. Şol mahal Bally wara:

– Gajar aga, Jully körüň burnunyň bir gapdaly hem ýok-la, olam şol soky otlananda boldum-a? – diýip, bilesigelijilik bilen sorady.

Gajar aga demlän çaýyny öňüne aldy, kündügi ýene dolduryp, pejiň üstüne atardy. Tamyň bir burçundaky haltadan bir jama gara üzümiň kişmişini saldy, oglanlaryň her haýsyna bir gysymdan paýlap, özüniň ýanynda-da bir şonça goýdy. Çaýyny agdaryp, käsesine guýdy. Alňasaman-äwmän şol zatlary edip gutarandan soň:

– Ýok, ol başga garagollyk sebäpli boldy – diýip, berlen sowala jogap berdi.

Gajar aga indi gök çaý içmäge hem gürrüň etmäge başlady:

– Menem garagoldym. Jully kör menden hem bäş beter, tüýs sagty garagol eken. Şol mahallarda biziň galamyzda demrini tapsa, kömrüni tapman, kömrüni tapsa, demrini tapman ýören bir demirçi bardy. Jully şol demirçiniň dükanyna baranda bir demir bölegini görüpdir, ussanyň gözi sypynan badyna şol demir bölegini biz balagynyň çermegine düýrüp, üstünden hem köýnegini goýberip, çykyp gidipdir (Biziň oglan wagtymyzda demir diýilýän zat gaty gyt, gyzyla barabar zatdy, indi ol siziň oglanlyk döwrüňizde dumly-

-duşa çaşyp ýatyr). Hawa, onsoň, demirçi ol demir bölegini gözläpdir, tapmandyr, onuň dükanyna gelip gidýän hem kän, kimden görjegini hem bilmändir. Jullynyň ogurlan demri bir garyş çemesi uzynlykda togalak, içi deşik demir eken. Ussanyň ýasan hyrly tüpeňleriniň biri uzynrak bolupdyr-da, şony hem ujundan kesip aýran bolmaga çemeli, ýa-da ol demriň bir ýan ujy ýenjilende jaýrylyp, yş açany üçin kesip aýran bolsa-da biçeme däl, sebäbi, şol demriň bir ýerinde deşik ýeri hem bardy. Her näme-de bolsa Jully ol demriň bir ýan tarapyny gurşun bilen mäkämläpdir, bir agaçdan gundag ýasan bolupdyr we demri şol agajyň üstünde goýup daňypdyr. "Men tüpeň ýasandym, atmaga gideli–diýdi–kakamyň däri gutusyndanam däri ogurlap aldym, okam ýasadym" diýip, ol meni hiç goýmady. Men bir ýyl şondan ozal bolup geçen sokyň galmagalyny ýada salyp: "Walla, Jully, şunymyz häsiýetli zat däl, gel şu işi goýaly, ussanyň demrini hem ýene özüne duýdurman, öňki ýerine taşlaly, ýogsam ýene otlanarysmy, näderismi" diýdim. Onda ol: "Päheý, munuň aýdýan gürrüňini, bu däri döwülýän soky däl ahyry, indi biz asyl sokyň golaýyndanam geçmeris, bu tüýs hyrly ahyryn" diýip, bir eňegine tutdy. "Gorkýan bolsaň, ýöne ýoldaş bolaý, meniň hyrly atyşyma bir syn et..." diýdi. Elbetde, gorkak bolmagam namys ahyry, "hä, bolýar, ýör" diýdim. Şol günler tomsuň ilki aýlarydy, ikimiz galanyň gaýraky derwezesinden çykyp, selme, syrkynly öleňlik jeňňellige urup gitdik, galadan ses ýetmez ýaly ýere uzaklaşdyk. Jully indi özüni uly mergenleriň bolşy ýaly tutup, daş-töwereklere gözüni aýlan bolup, onsoň därili düwünçegini, oklaryny hem köne esgiler çykaryşdyrdy. Men şol mahal hol beýläk çekilip, ondan on-on bäş ädim arany açyp durdum. Ol bolsa: "Haý, gorkak, towşan ýürek" diýip, maňa gülýär hem öz "hyrlysyny" doldurýar. Ol kakasynyň hyrly dolduryşyna

köp syn edipdir, emma däriniň kadaly guýum ölçeginiň barlygyna düşünmeýän bolsa nädersiň! Şol demriň içine ilki däri guýdy, onuň yzyndan hem ok saldy, ýene üstünden esgi dykyp synçgady. Soň "hyrlysynyň" agzyny bir tarapa baka öwürdi-de, tüpeňiniň aýaklaryny ýere dikdi. Ol ýerinden turdy-da, hamana, uly mergenler ýaly: "Hol süňki elt-de, hol tümmejigiň üstünde dik!" diýip, maňa buýurdy. Ol ýatan süňk üstünden ýyl aşan düýe kellesidi. Men "Entek tüpeňiň agzyny şol ugurdan sow" diýdim welin, Jully hahahaýlap güldi hem: "Haý, gorkak-eý" diýip, tüpeňiniň agzyny başga tarapa sowdy. Men süňki göterip, tümmejigiň üstünde dikdim-de, ýene ylgap, yza baka öňküden hem daşa çekildim hem syrkynlara bukulyp, synlamaga başladym. Jully ilki çakmak çakyp, gow bilen ot aldy we ony pagtadan edilen peltä düşürdi. Soň özi edil uly mergenler ýaly ýatyp, nazar almaga başlady, pagta pelte bolsa sag tarapynda tütäp durýardy. Şol demriň üstündäki deşijekden içindäki därä ot düşsün üçin ol deşige-de däri dykypdyr. Ine, başy otly peltäni alyp, şol deşikdäki därä degirdi, birden "güw" boldy, men näme bolanyny bilmän galdym, ýöne Jullynyň bir tarapa togalananyny gördüm. Ylgap barsam, Jully bir ýerde özünden gidip, gana bulaşyp ýatyr, onuň "hyrlysyndan" nam-nyşan ýok. Ok içinden geçip, Jully ölendir diýip, güman etdim. Indi ber habaryňy, näme iş etmeli? Gala baka ylgadym... Ýeri, baryp öldi diýsem özümem ýenjerler, "Sen näme oňa bu işi etme diýmänsiň?" diýerler. "Men etme diýdim ahyryn, özi ýoknasyz, alaç bolmady" diýsem hem meniň gürrüňime hiç kim ynanmaz diýip, öz-özüm bilen gürleşdim, ýene gala gitmegi goýup, yzyma baka ylgadym. "Ýoldaş bolup gelmesem bolmaýarmy?" diýip, öz-özüme käýindim. Baryp görsem, Jullynyň şol dem-düýtsüz ýatyşy, kellesini galdyrdym, görsem burnunyň bir gapdaly goparylypdyr. Şonda men: "Be, tüpeň

oky tersine-de atylýan eken-ow" diýip pikir etdim. Töwereklerini aýlanyp gözden geçirdim welin, holha bir ýerde, Jullynyň "hyrlysynyň" gundagy ýatyr, holha demri ýatyr, ol taýda "hyrlyň" aýagy ýatyr, ol ýerde ýanan esgi ýatyr, her haýsy bir tarapa atylyp, çalam-çaş bolupdyr. Jullynyň "hyrlysynyň" nilini elime aldym, ýanan däriniň porsy ysy hapba burnuma urdy, seretsem demriň iki tarapy hem ozalky bolşy ýaly deşik. Paýhaslanyp otursam, Jullynyň niliň syrt tarapyna berkiden gurşuny özüne baka, niliň agzyndan salan oky hem öňüne baka atylypdyr. Gün ikindä ýakynlady. Jully birden gözüni açyp, kellesini galdyrdy hem: "Näme boldy aýt?" diýip, menden sorady... Görseňiz-le muny, bar işi eden özi, ýene gaýta menden soraýar.

– "Hyrly" tüpeňiň bilen bar belany turuzýan özüň, ýene menden soran bolýarmyň– diýip, men gaharlanyp gygyrdym, emma ölmänligini görüp, öz içimden şeýle bir begendim, heý, sen goýaý. "Yagşy bir mergençilik etdiň, hanha, burnuň bir tarapynam-a ok alyp gidipdir, ýeri indi, oňa näme diýjek, şu işi etmäli-haw diýsem, sen gaýta beter etdiň" diýip hüňürdedim. Ol şondan soň burnuny sermeläp gördi hem möňňürip, aglamaga başlady. Ondan ozal heniz ol özüne näme bolanyny bilmeýän ekeni, indi agyrysyny hem bilip başlan bolara çemeli. Ikimiziň köýnegimiziň ýagyrnişliklerini goparyp alyp, onuň burnuny saradym, ondan soň egnime ýapyşdyryp, gala baka alyp gaýtdym. Jullynyň kakasy pahyr mergendi, ol hemme zada hem gaty usullydy, tebipçilikden-de habarlydy, emma onuň şeýle bir häsiýeti bardy, Julla gaty käýinmezdi, ýa-da urmazdy, ýöne ony söz bilen köteklärdi, örän ýumşak adamdy. Bu sapar hem agşam namazlary olaryň öýlerine baranymyzda, daş işikde Jullyň kakasy bizi garşy aldy. Ol daş gapyda oglunyň ýarasyny açyp seretdi, men wakany oňa aýtdym. Ýene ol ýumşaklyk bilen: "Oglum, tüpeň atmak

ugrunda ýarty burny harç edipsiň, gowy mergen bolmak üçin bütin burnuňy sarp etseň hem aýby ýok welin, emma habardar bol, därini öz guýumyndan artyk guýsaň, bir gün özüňi hem heläk edersiň" diýdi. Soň ol öýe girip, tenekar hem başga dermanlar çykaryp, Jullynyň serpilen burnuny ýerli-ýerinde goýup, tenekar sepip tutdurdy. Her näme-de bolsa, Jully birnäçe aýlap, azap çekdi, ahyry hem bitaý burun boldy.

Soň Jully şeýle diýýär: "Şol biziň nyşana goýan süňkümiz, ýöne bir süňk bolman, şol bir ýagşyzadanyň süňki eken, şol öwlüýäň süňki bolansoň, okumyz tersine atylypdyr" diýdi. Men oňa: "Haw, Jully, ynan, onuň bir garry düýäniň kelle süňküdigini öz gözüm bilen gördüm, ol bir garry düýäniň kelle süňküdi" diýip, şunça aýtdym, emma Jully: "Ýok, ejem hem şeýledir diýdi ahyry, öwlüýäň süňküdir, ol seniň gözüňe bolsa düýe süňki bolup görnendir" diýip, meniň aýdanyma hiç bawar etmedi. Emma bir ýyl geçenden soň hem şol süňküň meniň eltip diken ýerimde ýatanyny gördüm, ol bir garry düýäniň kelle süňküdi, emma Jully bolsa, özüniň garagolçylyk eli bilen eden işini başga bir ýok sebäpleriň, biderek zatlaryň üstüne atýar. Ine, Jullynyň mergençiligi hem şunuň bilen gutardy.

Gajar aga gürrüňine dyngy berip, ullakan çiliminiň başyna temmäki salyp, çilim çekmäge taýýarlanyp başlady.

## III

Oglanlar azajyk salym ümsüm bolanlaryndan soň, ýene hemişekileri ýaly, ýerli-ýerden:

– Hä, Gajar aga, ýeri onsoň, gürrüňe başlasana – diýişdirler. Gajar aga bolsa bilindäki ak biz guşagyny çözdi, hywa donunyň

üstünden ullakan agyr içmegini ýasgynjak atyndy, pejiň bir gapdalyny durşuna ýeke özi tutup, jaýlaşyp oturdy. Ondan soň:

– Hol Sary kör bardyr-a – diýdi. Oglanlaryň birnäçesi:

– Hawa, hawa – diýişdiler.

Bally wara bolsa: – Gajar aga, hol köçäniň öwrümindäki öňi gara öýli tamda ýaşaýan Sary kör dälmi?–diýdi.

–Hawa, şol. Onuň öňki bolşuny bilýän dälsiňiz–diýip, Gajar aga gürrüňe başlamakçy boldy. Şol mahal Berdi pökgen ara düşdi-de:

– Hawa, onuň bir gözüniň nämeden kör bolanyn-a bilemok, öz-ä bir gözi duz ýaly agaryp dur – diýdi.

Bally wara bolsa:

– Ol hem oglan wagty gör, soky otlanmydyr ýa-da däri otlanmydyr, şonuň ýaly bir garagollyk edendir, kör bolandyr-da, başga nämedir öýdýäň–diýdi.

– Ýok, ol beýle däl, ol oglan wagty ejesi-kakasy onuň elinden mama-çäçek sançdyrmandyrlar, onsoň oňa mama gür çykypdyr, şonda bir gözüni ak mama kör edipdir, şindi üns berseň ýüzünde-de mamanyň yzy bardyr, ol şondan bolupdyr – diýip, Gajar aga düşündirdi.

– Be, şeýle diýsene – diýşip, oglanlar geňlenişdiler. Gajar aga gürrüňini dowam edip:

– Hawa, onuň gözi mamadan... Emma ol jahyl wagtynda baryp ýatan tüýkesme ýurt ogrusydy, eger şu gün bir zat ogurlap bilmese, Sary körüň şol gije ukusy tutmaz eken, onsoň ol şol gije goňşularynyň gara öýüniň daş işiginde ýatan diregi göterip, öz gapylaryna taşlap ýatar eken, ýa hem bolsa öz telpegini bir ýerde goýup, bukdaklap baryp, şony ogurlap, onsoň ýatar eken. Ine, ol şeýle bir zannyýaman tüýkesme ogrudy, hemme obalar onuň elinden dat edýärdi. Kä wagtlar ony ogurlykda tutup, pürse sarap ýenjerdiler, gadym wagtda ogrulara görülýän çäre şeýledi. Onuň üstüne garyndaşlary hem ony ýenjerdi,

gijeler aýaza daňardylar. Soň ol ak patyşaň "öýüne" düşdi, birnäçe ýyl tussag hem bolup ýatyp çykdy, emma ogrulygyny goýmady, gaýta, öňküsinden hem beter etdi. Onsoň bir gün obanyň ähli aksakgallary, işan-mollalary ýygnanyp, Sary köri çagyrdylar we oňa:

– Eý Sary, sen mundan bu ýana ogrulygyňy goý, biziň öňümizde "Kişiniň bir çöpüni gozgaman" diýip söz ber, şondan soň tä ölinçäň maşgalaň bilen iýjek ryzkyňy biz bereli–diýdiler.

Şol ýygynçakda patyşanyň pristawy–beýigi-de bardy. Elindäki çöp bilen ýer synçgap oturan Sary kör ýüzüni ýokary galdyrdy-da: "Adamlar, men gaty erbet adam, bir erbet käri öwrenenim üçin men erbet bolup, bütin adamlaryň gözünden düşüpdirin, indi siz hem üýşüp, meniň dilimden söz aljak bolýarsyňyz, munyňyz gowy zat, emma welin "Ten bilen giren, jan bilen çykar", "Öwrenilen gylyk örkleseňem durmaz" diýen atalar sözi bar, şonuň ýaly, men siziň öňüňizde söz berip, ertir hem saklanyp bilmen welin, onsoň siziň şu sözleriňiziň hemmesi puç bolar" diýdi. "Sen biziň aýdanlarymyzy tut-da, ogrulygyňy goý ahyry" diýip, oňa köp aýtdylar. Emma Sary kör: "Boýun alyp biljek däl" diýip, turup gitdi. Adamlar: "Öldüräýmeseň bu ogrulygyny goýjak däl, öldürseň hem ganly boljak" diýip, käýinip galdylar. Şondan aksakgallaryň birine: "Men şunuň ogrulygyny goýdursam, maňa näme berersiňiz?" diýdim. Ol bolsa "Biz oňa ölinçä eklenjini berip, bir topar aksakgal bolup, ýalbaryp goýduryp bilemzok, sen bir onuň özi ýaly ýönekeý adam bolup, neneňsi goýduryp bilersiň? Bar, goýduryp bilseň, diýen zadyňy, bereli" diýdi. Onda men: "Ýagşy, emma sen şu sözi hiç ýerde aýtma" diýip, ol aksakgala sargadym.

– Ýeri, onsoň onuň ogrulygyny nähili goýduryp bildiň?–diýip, Bally wara ara söz goşdy.

– Äl, senem hemişe geçiň öň aýagy ýaly, öňe düşýärsiň, ynha özi aýdar ahyry–diýip, Berdi pökgen Bally wara igendi.

Gajar aga sözüni dowam edip:

–Sary körüň häsiýetleriniň hemmesi ogurlyk, ýalançylyk däldi, onuň sada hem ynanjaň, ýene başga häsiýetleriniň barlygyny men bilýärdim. Gepiň gysgasy, her zat etdim, bir zat etdim, garaz, Sary körüň ogrulygyny hem ýalançylygyny goýdurdym, il-güni şondan dyndardym–diýdi.

Oglanlar ýerli-ýerden soraglar berdiler we:

– Ýeri, onsoň, hä... – diýşip, yzyny eşitmäge howlukdylar. Gajar aga hemişekisi ýaly alňasaman, äwmän çilimini täzeläp, çekmäge durdy, soň gürrüňini dowam etdi:

– Hawa, men Sary körüň nirä gidýänini, näme işler edýänini aňtap başladym, onuň haýsy-da bolsa bir gorkuly hasaplanýan ýerden geçen wagtyna gabat geljek bolup gezdim. Elbetde, gabat gelmeli ýer hem onuň wagty bilen jebis gelmeli, şonuň üçin hem bu ikisini jebis getirip bilmän, birnäçe wagt gezdim, "Saklandan aňtan ýeňer" diýen ýaly, aňtap ýörseň ahyry bir gün jaý ýeri hem geläýýär...

Ine, bir gije il ýatar çenidi, Sary kör ogry köpek ýaly sümsüldäp, obanyň ýakynynda üýşürilen harmandan bugdaý dessesini ogurlap, iki arkany öýüne daşady. Şol gije hem desseleriň başlaryny tokmaklap, bugdaý etdi. Ol harman hem özüniň goňşularyndan Hal mergeniňkidi. Sary kör uzyn gije işläp, ertesi günortana çenli ýatdy. Soň ol ýene şol bugdaý eýesi Hal mergeniň ýanyna baryp: "Bir bogdajyk bugdaýym bar, şony degirmene eltip, müşdek edip getirmek üçin eşegiňi ber" diýip diledi. Ogurlyk bugdaýyny eşege ýükläp, degirmene gitdi. Men hem bir işi bahanalan bolup, degirmene bardym. Görsem, Sary körüň öňünde doly ýükli nobat kän. Ol: "Meňki bir sähelçe zat" diýip, aradan guýup, üwetmekçi boldy. Emma

kilwan we ýük çekenler: "Sary kör, şu ýerde sen gürrüňi köpeltme, öz hakyňa kaýyl bol-da, nobatyňa garaş-da otur" diýip, oňa hemle urdular. Näme, ogry bolandan soň hemme adamynyň ýanynda onuň dili gysga, sussy pes, Sary kör başga alaç tapman, köne donuny ýanynyň aşagyna taşlap, degirmen tamynyň gapdalynda gyşardy. Onuň öňünde bolan nobatlardan ölçeg edip, men öz ýanymdan: "Sary kör il ýatar çeninde oba gaýtmaly bolar" diýip çakladym hem öýe gaýdyp gelip, şaýymy tutdum. Bir uzyn taýagyň başyna bir gysga taýagy atanaklaýyn daňdym, ol uzyn taýagyň başyna bolsa, aňry-bäri letdeler saradym hem şah ýaly zat oturtdym. Indi ol serçeden, sardan üzüm hasylyny goramak üçin dikilen garantga meňzedi. Iki sany boşan otluçöp gabyny tapyp, her haýsyna bir atymjyk däri saldym. Onsoň garaňky düşdi welin, şu zatlary göterip, hol köne galanyň ýykyk burçuna baryp oturdym. Ol burç hem il içinde iň gorkuly hasaplanýan ýer ahyry, özi edil düýbünden geçýän köçäniň üstüne abanyp durýar.

Gajar aga gürrüňiniň şu ýerinde köne galany suratlandyrdy, garaňky gijede gorkunç köne galanyň garalyp duran aýylganç burçy, oglanlaryň gözleriniň öňünde oýnaklady, göýä arkalaryndan bir zat çykaýjak ýaly, birnäçeleri peje baka süýşüşdiler. Bally wara daş--töweregini ýalt-ýultlady hem ileri süýşdi-de:

– Ýeri onsoň, Gajar aga – diýip, ýüreginde peýda bolan gorkyny aňlatmajak boldy. Mele mekir gözlerini gyrpyldatdy-da:

– Gajar aga, sen gürrüň edýärsiň welin, Bally şu ýerde oturyp bilenok, sen ol burça gije baryp, nähili oturyp bildiň? – diýdi.

– Kim şu ýerde oturyp bilenok? – diýip, Bally wara Meläniň üstüne gygyrdy.

– Sen oturyp bileňok! – diýip, Mele oňa jogap berdi. Bally wara bolsa:

– O sensiň oturyp bilmeýän, şu wagtyň özünde gidip, şol burçuň depesinde gazyk kakyşyp gaýtsaňam men bar. Pahaý, muňa sered-ä– diýip gyrydy.

Berdi pökgen:

– Gürrüňi ýokdur. Bally wara ony hökman eder, asyl şol burçy ýykyşsaňam ýykyşar – diýip, ony ýaňsylady. Şol wagt ýene Gajar aga ara düşüp:

– Siz gündizler baryp, şol köne galada ýaý atýarsyňyz, serçe höwürtgelerini bozýarsyňyz, ýylandan, içýandan gorkman, jaýryklara eliňizi sokýarsyňyz, şeýle dälmi, eýsem? – diýdi.

– Hawa, şeýle–diýişdiler.

– Şeýle bolsa, gaýta siziň şu işleriňiz gaty gorkunç. Ýeri, eliňden ýylan sokaýsa nätjek?

Bally wara ýene ara düşüp:

– Gajar aga, ol galada iň gorkunç zat gije gezýärmiş ahyry – diýdi.

Oglanlaryň haýsynyň nähili derejede gorkanyny aňlap oturan Gajar aga:

– Ýok, Bally, bu sözler düýbünden ýalan. Bally, hiç ynanmagyn... Siz görünýärmiş diýilýän zada hiç ynanaýmaň, olaryň hemmesi ýalandyr. Sary kör ýaly, il üçin gorkunç adamlar gijeler sümsünip gezýärler, şolardan başga gije göze görünýän zat ýokdur, ol gürrüňlere men düýbünden ynanamok. Düşündiňizmi?–diýip, ýüreginden syzdyrdy.

– Hawa, onsoň ine, Sary körüň gürrüňini diňläň – diýip, Gajar aga sözüni dowam etdi.

– Sary kör degirmenden gaýdaýsa, şundan başga geçjek ýoly ýok, eger ol pyýada bolan bolsady, onda başga göni ýol hem bar, emma eşekli bolany üçin hökman şu köne galaň düýbündäki köçeden geçmeli,

bolmasa, ol obanyň daş ýakasyndan aýlanmaly. Sary körüň hökman şu köçeden geljegini men bilýän, ýöne onuň ýany ýoldaşly ýa-da ýeke geljegini bilip bilemok, eger onuň ýany ýoldaşly bolaýsa, onda bu gije men oňa zat edip biljek däl. Tüm garaňky gijäniň bir wagty, il ýatyp, it uklady, men burçuň üstünde bukulyp garaşyp otyryn. Ine, bir atly geçip gitdi, ine-de bir düýeli geçdi, indi başga ýolagçylar geçip gutardy. Şol mahal birden bir aýdym sesi gelip başlady, men Sary körüň sesidigini dessine tanadym. Sebäbi ol hemişe bir ýerden ogrulyk edip, sag-aman sypandan soň, tä öýüne barynça aýdym aýdardy. Onuň aýdym sesini eşidenler: "Sary körüň oljasy oňupdyr-ow" diýşerdiler. Şu mahal hem şonuň ýaly, ol aýdym aýdyp, köçäni dolduryp gelýär, arasynda hem "hyh" diýip, öňünden ýorgalap oturan eşegi taýaklaýar. Men sary körüň diňe ýeke özüdigine açyk gözümi ýetirdim, dessine taýýarlanmaga başladym, donumy çöwrüp, ak işligini daşyna edip, şol atanak taýaga geýdirip taýýarladym. Otluçöp gaplaryndaky därini hem, öl palçykdan tokgalap taýýarlan gumlarymy hem taýýarlap, bir gapdalymda goýdum. Aýtjak sözlerimi hem içimden gaýtalap, suwara boldum. Köne gala ýakynlaşansoň, Sary kör aýdymyny tapba kesdi, indi ol hatda eşege-de "hyh" diýmeýärdi. Şu bolşy onuň gorkýanlygyny aňladýardy. Onuň bu ýagdaýyna meniň göhüm gelýärdi, keýpim göterilýärdi. Şol barmana ol eşegini öňüne salyp, garaňkynyň içinde salgym atyp göründi. Meniň oturan burçumyň gabadyna ýetmäge on-on bäş ädim galdy. Şol mahal men: "Haý, ýu-wa! Gyýu-wa!" diýip, şeýle bir çirkin gygyrdym hem sesimi adamynyň sesinden düýbünden başgaça çykardym, sesim burça düşüp, köp ses ýaly bolup eşidildi. Emma eşek melgun meniň sesimiň adamyňkydygyny eýýäm bilen bolmaga çemeli, ürkmän, zat etmän gelýärdi. Men, haýdan-haý otluçöp gabyndaky bir atym därini otladym, "güp" edip däri göçdi, gözüňi gamaşdyrýan ýagty emele gelip, özümden hem ýokaryk garantgany

uzaltdym, şonuň bilen birlikde hem: "Sary kör!" diýip, sogduryp, aýylganç gygyrdym. Ine, Sary kör şol mahaldan: "Kulhu..." diýip, doga okamaga synanyşdy, emma ol doganyň yzyny tapman sakanaklady. Ony ýadyna salyp bilmänden soň ol: "Alhu..." diýip ikinji doganyň başyny gaty sesi bilen gygyryp aýtdy... Edil şol mahal hem men aýylganç sesim bilen: " Sary kör, sen ogry, kezzap, ýalançysyň!" diýip gygyrdym. Beýleki doganyň hem yzyny tapman sakynan Sary kör bolsa: "Hawa, hawa, ämin, ämin" diýip sözlerini yzly-yzyna gaýtalady. Men çaltlyk bilen: "Sen haramzada!" diýip, hemle urdum-da: "Sen doňuz. Hal mergeniň bugdaýyndan ogurlap, ýene onuň eşegi bilen un çekinip barýaň!" diýip gygyrdym. Şonda hem Sary kör: "Ras, ras, dogry... ämin, ämin" diýip, yzly-yzyna gaýtalady. Şonuň yzy bilen men: "Eşitdim, eşitmedim diýme, Sary kör, eger sen ogrulygyňy hem ýalançylygyňy goýsaň, saňa döwlet ýar bolýar, eger sen şol kärleriňi goýmasaň, tohumyňy-tijiňi ýer bilen ýegsan ederin... Eder-etmez diýip güman etmegin, Sary kör, hökman ederin!" diýip gygyrdym. Şol mahal hem ikinji otluçöp gabyndan därä ot berip, gapdalymda ýatan bir tokga öl gumy hem bir tarapdaky ullakan erik agajynyň üstüne baka sepdim, ol hem uly şagyrdy boldy. Men dessine garantgany burçuň içine çekdim, özüm hem gizlendim. Şol mahal Sary kör büdräp ýüzünligine şarpyldap ýykyldy. Ol ýene "Ämin, ämin" diýip ýerinden turup, eşeginiň yzyndan ugrady. Emma onuň aýaklary edil duşaklanan ýalydy, iki ädip, bir ýykylýardy we "ämin" diýen sözi gaýtalaýardy. Men taýaklary aýryşdyryp taşlap, donumy geýdim hem köçäniň daş ýüzünden ylgap, bir öwrümde bukulyp, Sary köri synladym. Melgun eşek, dogrudan hem, adamdan başga gorkunç zadyň ýoklugyny aňlapdyr, ol edil öz peýwagtyna, bir bolşunda ýorgalaýardy. Emma Sary kör bolsa on-ýigrimi ädim eşegiň yzyna galypdyr we heniz hem "ämin, ämin" diýip samraýardy, onuň eşekden habary hem ýokdy.

Şol gelşine arkasy müştekli eşek öz ýatagyna baryp, gapdalyndaky daňylgy sygyrlaryň galyndy otlaryndan iýmäge başlady. Sygyrlar bolsa öz otlaryna gelen eşegi gabanyp, şahlaryny talawladyp, ýerlerinden turdular. Eşek hem öz üstüne çozýan sygyrlara gaýtawul bermek üçin gulaklaryny gysyp, syrtyny öwrüp, goşa toýnak salmaga başlady. Hal mergeniň mallarynyň ýatagynda boldy bir güpür- sapyrlyk, turdy bir tozan. Bu galmagala gapyda ýatan Hal mergen oýandy hem ol: "Eý, oglanlar, turuň, bir serediň, bu näme boldugy, ýa-da doňuz Sary körüň bu-da bir oýnumyka?" diýip gygyrdy. Hal mergeniň oglanlary ýerli--ýerinden turup, Sary köri gözlemäge başladylar. Ilki onuň öýüne bardylar, Sary körüň garry ejesini turuzdylar hem eşegiň ýatagyna gaýdyp gelşini gürrüň berdiler. Onuň ejesi: "Waý, oňa bir bela duşandyr" diýip gygyrdy we nalamaga başlady. Şol mahal men bolýan wakany synlap, daş-töwereklerinde aýlanyp ýörýärdim, öz içimden: "Bir adamynyň ganyna galdym, dagdan agyr günä etdim. Ýeri, ogry bolsa bolupdyr-da, seniň oň bilen nä işiň bardy?" diýip, öz-özüme käýindim hem eden işime köp puşman etdim. Onsoň men hem hiç zatdan habarym ýok adam bolan bolup, olaryň ýanyna bardym. Hal mergeniň ogullarynyň ulusy:

– Sary eşekli degirmene gidipdi–diýip, bolan işleri maňa düşündirdi. Onda men: "Pahaý, oňa hiç döw çalmaz, ol eşegi öz ugruna goýberip, özi bir tarapa sowlandyr, erik ýa başga bir zat ýygýandyr, gije onuň eliniň dek durmaýanyny özüňiz gowy bilýärsiňiz ahyry" diýip, olara göwünlik berdim. Emma "Her niçik-de bolsa ugruna bir çykalyň, gözläliň, bir ýerde eşekden ýykylyp, seňseläp ýatan bolmasyn" diýip, Hal mergeniň iki ogluny yzyma tirkäp, eşegiň gelen ugruna baka köçä düşüp gitdik. Ep-eslije ýöredik, ine, görsek bir öwrümde, eşekden galan goş ýaly bolup, gijäň içinde Sary kör garalyp ýatyr. Ol özüni bilenokdy. Onsoň göterip, öýüne eltdik. Pagta

bilen bogazyna suw damdyrdyk. Men Gün dogýança onuň ýanyndan aýrylyp bilmedim, ertirden soň gözüni açdy hem bir hili gorkýan ýaly, gözlerini erejekledip, töweregine seretdi. Biz ýerli-ýerden: "Sary, Sary, saňa näme boldy, oglan?" diýişdik. Sary kör gorkýan şekilli, busulyp düýrüldi. Biz ýene ýerli-ýerden: "Sary, sen öýüňde ýatyrsyň, hany, gözüňi aç, oýan" diýişdik. Ol gözüni açyp, töweregine jiňkerip seretdi, ol diňe şol mahal özüniň ýatan ýeriniň öýüdigini aňlady. "Eý, Sary, saňa näme boldy?" diýip soradyk. Ol bir zat aýtjak bolup synandy, emma onuň dili basylypdyr, "bazzy-buzzy" edip, hiç zat aňlatmady. Ýöne gözünden ýaş dökdi. Şol gün ol gepläp bilmedi, diňe ertesi onuň dili aýlanmaga başlady. Ol ilki sözünde:

– Hal mergen agany meniň ýanyma çagyryň–diýdi. Hal mergen gelip oturdy, şonda Sary kör:

– Mergen aga, işany-mollasy, aksakgallary üýşüp, "Ogrulygyňy goý" diýdiler, men etmedim, ondan soň ýene gaty köp ogurlyk etdim, düýnüň özünde hem seniň harmanyňdan desse ogurladym, ony hem seniň eşegiň bilen degirmene alyp gitdim, gijäniň bir wagty gaýdyp gelýärkäm, birden köne galanyň içinde zenzele peýda boldy, soň birden onuň köne burçunda asmana ot sowruldy, şol burç durşuna ot boldy. Birden hem bir uzyn ak zat çykyp, asmana galdy, onuň depesi göge ýetdimikä diýdim. Men agzymyň ýetişip bilşinden doga okamaga başladym, bir ýerde doga bolsa goýman, baryny sanadym. Eger-eger, doganyň biri hem oňa kär etmedi. Ine, onsoň ol aýylganç ses bilen şeýle bir gygyrdy welin, depämiň tüýi üýşüp gitdi. "Sary kör, sen ogry, ýalançy, kezzap" diýip gygyrdy. Mergen aga, seniň harmanyňdan näçe desse bugdaý ogurlanyma çenli aýtdy. Soň hem "Sary kör, sen ogrulygyňy, ýalançylygyňy taşlasaň, döwlet taparsyň, eger şol kärleriňi şu günden şeýläk taşlaýmasaň, boýa gazan ýaly gazyp, tohumyňy-tijiňi

ýer bilen ýegsan ederin, eşitdim, eşitmedim diýmegin!" diýip gygyrdy. Soň onuň agzyndan bir ot sowruldy welin, dünýäniň ýüzi durşuna ot boldumyka diýdim, onuň zarbynyň ýelginine ýogyn erik agaçlary yranyşyp şagyrdaşdy, soň ol zat gözümden ýitdi. Şol köne gala jynlaryň tüýs mekany eken, ol burçuň üstüne ot bolup çykany bolsa, şol jynlaryň patyşasy bolara çemeli–diýdi.

"Gorkanyň gözüne goşa görner" diýen halk nakyly bar ahyry, şonuň ýaly, meniň şol ýerde eden hemme hereketlerim Sary körüň gözüne goşa görnen bolara çemeli, her näme-de bolsa, onuň öler ýaly gorkany çyndy. Hal mergen:

– Ogrulykdan-jümrülikden gaýtmadyň, il-bendäni çürkediň, ahyryn almytyňy alypsyň, saňa al görnüpdir, şindiz hem şükür et, ol saňa zeper ýetirmändir, gaýta köp ýagşylyklar aýdypdyr. Ýeri, o ýekeje gözüňi hem alan bolsa, ine, şonda nädersiň? Bu sapar ol saňa tabşyrypdyr, eger pis käriňi goýmasaň, indi ol saňa hezilem bermez–diýdi.

Men hem onuň gapdalyndan goşulyp:

– Hawa, gaty ýaman zat görüpdir, "al" diýilýän zat bir görnen adamsyny ýanar ýörermiş, Sary bu sapar ujyz gutulypdyr–diýdim. Sary kör bolsa:

– Mergen aga, şol un seňki, şony al, menden razy bol, şu günden şeýläk iliň gyzyl-tyllasy, meýdanda çaşyp ýatsa hem şoňa men elimi uzatman–diýdi.

Hal mergen bolsa:

– Ine, şol işi bitirip bilseň, biz şonda senden razy bolarys, bu ogurlap edinen unuň saňa ene süýdünden halal bolsun–diýdi.

Ine, Sary körüň ogrulygynyň soňy şol boldy, ondan soň ol daýhançylyk etmäge başlady. Şol günden başlap: "Sary kör eýe görüpdir, al bilen urşupdyr" diýen habar obanyň içine dabara bolup

düşdi. Şondan soň köp wagtlap obada bir aýalyň ýaşy boljak bolsa, "al bilen urşan adam" diýip, Sary köri çagyrýardylar, Sary kör bolsa, "Al gören adam" bolan bolup baryp, şolaryň öýüniň gamşyna oýkanýardy, tamyň daşyndan aýlanýardy, şuňa meňzeş zatlar eden bolup gaýdýardy. Şu edip ýören em-ýomlaryna Sary körüň özi hem "Al-arwahlary şu öýüň daşyndan kowýandyryn" diýip ynanýardy. Ýeri, bu bolşa näme diýjek, näme aýtjak? Menden başga Sary körüň gözüne görnen zat ýokdy ahyry, aslynda "al-arwah" diýilýän zat düýbünden ýok zat ahyryn...

Bally wara ilerräk omzady-da:

– Be, ýokmukan-aý, Gajar aga?–diýdi.

– Elbetde, ýok zat, şu ýaşymyza çenli heniz biz-ä göremzok...

Mele mekir gözlerini gyrpyldatdy-da:

– Eger Gajar aga şu wagta çenli görmedik bolsa, onda şol ýokdur, oglan, munuň gezmedik ýerleri ýok ahyry, eger bar bolsa, şu görerdi–diýdi.

Berdi pökgen dodaklaryny ýalady-da:

– Ýeri onsoň, Gajar aga, onuň ogrulygyny goýduranyň üçin obaň aksakgallary saňa bir zat berdilermi? "Bereli" diýip wada-ha edipdirler ahyry–diýdi.

– Pahaý, berme nirede, zat nire, gaýta olar mende bolsa aljaklar--la... Gaýta soň olar: "Biz ähli aksakgallar hem işanlar bolup eden töwellamyzy almany üçin hudaý tarapyn Sary körüň gözüne gorkunç zat görnüpdir" diýip, öwlüýälik satdylar, oba içinde keramatly öwlüýä bolan boldular–diýip, Gajar aga jogap berdi... Gajar aga uludan demini aldy. Azajyk dymandan soň, ol ýene hemişeki ýaly:

– Duruň, duruň!–diýip, töweregine diň saldy we– Eşidýärmisiňiz, eşekler aňňyrýar, ýary gije bolupdyr, indi ýatmak gerek–diýdi.

– Erte agşama çenli manysyny tapyp geliň–diýip, ýene hemişekisi ýaly bir matal aýdyp, oglanlary öýli-öýüne ugratdy.

## IV

Eger-de Gajar aganyň agzyndan çykan hemme hekaýalar doly ýazylan bolsady, onda ol içi janly durmuşdan doly bolan we özi hem ýönekeý çeper dil bilen suratlandyrylan ullakan küti bir kitap bolardy. Gajar aganyň hekaýarynyň her haýsy bolsun: garyplar-baýlar hakyndaky, ýa-da jomartlyk-gysgançlyk hakyndaky, akyllylyk--akmaklyk hakyndaky, ýa-da dogrulyk-egrilik hakyndaky, ak ýüreklilik we gara ýüreklilik hakyndaky, garaz, gepiň gysgasy, Gajar aganyň hekaýasy näme barasynda bolsa hem halkyň deňiz ýaly giň, çylşyrymly durmuşyndan bölekleri şekillendirip, gözüň öňüne getirýärdi. Emma welin Gajar aganyň hemme hekaýarynda hem, her bir sözünde hem hakykat, dogruçyllyk, ynsaply adalatlylyk, päkize ak ýürekli namysjaňlyk göge göterilip dabaralanýardy.

Gajar aganyň köneje tamyna baryp, onuň köne pejiniň başyndan oturyp, bir agşam onuň hekaýaryny diňlän adam hiç wagt ony unutmaýardy, Gajar aganyň päk göwünli, sada görnüşli we ajaýyp zehinli hekaýaçylygy bilen boluş-sypaty diňçiniň ýüreginde ornaşyp galýardy. Çagalar hemme pikirlerini berip, onuň hakyky ýönekeý hekaýaryny diňlärdiler.

Gün geçýär, aý geçýär, ýyl dolanýar, Gajar aganyň meýlis halkasynyň gürrüňçileri-de täzelenip durýar. Berdi pökgen, Bally wara, Mele mekir, Ata pitik, ýene başga köp oglanlar ýigit çykdylar, mekdebi gutaryşyp, ýokary ylym almak üçin şäherlere dargaşyp gitdiler. Köneje pejiň töwereginde olaryň orunlaryny täze çagalar eýelediler. Öz agtygy Myrat ýetişip, obada mekdebi gutaryp, instituta okamaga gidende hem Gajar aganyň töweregi çagasyz bolmady, onuň pejiniň töweregi her agşam çagalaryň üýşmeleň ýeridi.

Soň bolsa agtygy Myrat instituty tamamlap, öz obalaryna mekdep

mugallymy bolup geldi. Berdi pökgen bir ýerde okap, inžener bolup ýetişipdir, Bally wara ofiser bolup ýetişipdir, başga-da şonuň ýaly, Gajar aganyň dostlarynyň hemmesi okuwly-bilimli, hünärli adamlar bolup ýetişipdirler. Olaryň her haýsy bir ýerde ak ýürek bilen Watana hyzmat edip ýörýärdiler.

Beýik Watançylyk urşundan soň, günleriň bir güni Gajar aganyň köne dostlary özleriniň önüp-ösen obalaryna ýygnanyşdylar. Bu ýygnanyşyk tötän ýerden däldi. Gajar aga özüniň togsan bäş ýaşan gününi belläp, toý etmegi ýüregine düwdi we dost-ýarlara habar gönderdi. Bu günki ýygnanyşyk hem şonuň üçindi. Gajar aganyň köneje tamy heniz hem öňki ýerindedi. Emma welin tamyň üç-dört metr öňünde ekilen üzüm agaçlary, şeýle bir ösüpdir welin, adamynyň goşary ýaly bolup, alkymynda dikilen beýik paýalaryň üstaşyry geçipdir-de, Gajar aganyň köne sümelgesini bütin üsti-başy bilen büräpdir. Daşdan seredeňde indi ol sümelge üzüm agaçlarynyň basyp, hümer eden tümmegine meňzeýärdi, dalbarlaryň aşagyna sümlen wagtyň bolsa, diňe şonda Gajar aganyň sümelgesiniň köneje gabsalaryny görýärsiň we öz-özüňe: "Be, ine şol gabsa, belki, Gajar aganyň köne, ýemrik peji hem öňki ýerinde oturandyr" diýip pikir edýärsiň.

Emma welin häzir Gajar aganyň köne sümelgesi bilen duldegşir bir beýik jaý peýda bolupdyr. Bişen kerpiçden salnan bu beýik jaýyň üç-dört otagy we giň hem seleň eýwany bardy. Bu jaý Gajar aganyň agtygy mugallym Myradyň tamydy.

Ýaz aýlarynyň açyk howaly günleriniň biridi. Üzüm gülleriniň ýakymly atyr ysy burugsaýardy. Gün ortadan agandan soň myhmanlar gelip başladylar. Garry atalarynyň togsan bäş ýaşynyň dabarasyna gelen myhmanlary Myrat we onuň gelni garşylaýardy. Gelýän myhmanlaryň kimsi stollaryň başyna geçýär, kimsi bolsa giň eýwanyň

bir gapdalynda ýazylan halylaryň üstünde ornaşýardylar. Gün aşak sallandy, geljek myhmanlaryň hem agłabasy gelipdiler. Şol wagt, birdenkä, Gajar aganyň köne tamynyň agzy açyldy we ýaş üzüm ýapraklarynyň arasyndan Gajar aganyň salyhatly, mähirli ýüzi göründi. Onuň egninde garma dony, başynda hem ullakan gara telpegi bardy. Ol işikden daş çykan badyna eýwanda oturanlar aýak üstüne galdylar we şowhun göge göterildi. Berdi pökgen bilen Bally wara bolsa ylgap, hormatly garryny garşyladylar we baryp her haýsy bir goltugyna girdiler. Gajar aga togsan bäş ýaşan bolsa hem ol häzir daýawdy we kişi tekgesine mätäç däldi. Emma ol häzir özüne hormat goýulýanyny bilýärdi we Berdi pökgen hem Bally wara bilen hatardaş ädimläp, eýwanyň basganjagyndan ýokary galdy.

Gajar aga alňasaman, äwmän eýwandakylary gözden geçirdi. Ondan soň ol:

– Bally, Berdi, men garrynyň hatyrasyny saklap gutlamaga siz hem gelen ekeniňiz, köp sag boluň, men köp hoşal, sizi görmegime men köp şat. Dogrusyny aýdanda, biz köne dostlar ahyryn, her agşam köne pejiň töweregine üýşerdik, söhbetler gurardyk, ýürekden syzdyryp gürrüň edişerdik, elbetde, şeýle köne dostlar hiç wagt biri-birini unutmaly däl ahyryn... Ine, tüweleme, indi siz adam bolup ýetişdiňiz, gursaklaryňyzda ordenler, medallar lowurdaýar, egniňizde bolsa, zerli pogon ýalpyldaýa... Gaty gowy, men guwanýaryn... Ýöne welin men siziň araňyzda Meläni, Pälwany, ýene käbir dostlarymy göremok... Olar men garrydan öňürtilediler...

Şu ýerde Gajar aganyň ýüregi joşdy-da damagy doldy we onuň sesi sandyrady, gamly ýüzüni aşak salyp, azajyk dymandan soň, ol batyrgaýlyk bilen sözüni dowam etdi:

– Hawa, arman, olar aradan çykdylar, olar indi ýok. Emma olar

il-halkyň bagty üçin, beýik Watan üçin söweş meýdanynda mertlik bilen janlaryny gurban berdiler. Watan öňündäki borçlaryny ak ýürek bilen ýerine ýetirdiler. Olar, gör, nähili ýagşy ýigitlerdi, men olary hemişe ýatlaýaryn... Hawa, men bu toýa sizi gamlandyrmaga çagyrmadym. Men garryny hormatlap geleniňiz üçin men köp şatdyryn... Oturyşyň, iýiň-içiň, saz-söhbet guruň, şatlanyň...

Gajar aga haly düşekleriň üstüne geçip oturdy, myhmanlar onuň töweregini gurşap oturdylar. Birnäçeleri bolsa stoluň başynda ýerleşdiler. Uly-kiçi hemme oturanlaryň nazary Gajar agadady, hemme oturanlar hem Gajar aganyň gözüniň öňündedi. Göwnüňe bolmasa, ol özüniň ullakan öküz gözlerini bir nokada dikip oturan ýalydy, emma welin dumly-duşundaky kiçijik bir hereket hem onuň nazaryndan sypmaýardy.

Giç öýle ýerine baran ýaz gününiň şöhlesi giň äleme nur saçýardy. Mylaýym ösýän bahar şemaly sämeýärdi we üzüm gülleriniň hoşboý atyr ysyny, baglaryň ter ýapraklarynyň ysy bilen gatyp-garyp ýakymly ys bilen eýwanda dolanýardy. Nahar çekilmäge başlandy: üsti etli bugaryp duran palaw, et bilen kartoşka garyşyk ýagly çekdirme myhmanlaryň öňüne guýlup, iýmek-içmek başlandy.

Şol arada birden Berdi pökgeniň ýüregi joşdy. Ol çaltlyk bilen bulguryny elwan reňkli şerapdan doldurdy. Boýnundaky ýüpek galstugyny düzetdi-de ýerinden turdy. Oturanlaryň hemmesiniň gözi syratly daýaw inženeriň güne ýanan ýüzüne dikildi. Hatda Gajar aganyň özi hem gür gaşlarynyň aşagy bilen ullakan gözlerini mölerdip, assyrynlykdan oňa seredýän ýalydy.

– Gajar aga! – diýip, Berdi pökgeniň çasly sesi giň eýwanda ýaňlandy. Ol gülgün şeraply bulguryny sag elinde berk tutup, sözüni dowam etdi.

– Gajar aga, häzir biz seniň töweregiňe ýygnandyk... Gör, biz näçe köp ekenimiz? Bir wagt biziň hemmämiz hem çaga bolupdyk, her agşam seniň hoş sözüňi, gyzykly hekaýalaryňy diňlemek üçin seniň ýanyňa baka ylgardyk. Gajar aga, sen bize öz gyzykly hem hakyky hekaýaňyzy aýdyp berýärsiň, şunuň bilen hem sen bize durmuşy birinji düşündiren mugallym bolduň. Gajar aga, sen bize öz hekaýalaryňy aýdyp bermek bilen päli ýaman gara ýüreklileri, kezzap galplary, ogry-talaňçylary, bigaýrat-namartlary, ejize ganymlary, husyt--gysgançlary we başga şulara meňzeş haramzadalary itden beter ýigrenmegi birinji gezek bize sapak beren sen bolsuň... Şunuň bilen birlikde hem ýagşy niýetli bolmagy, dogruçyl, mert bolmagy, ejizlere rehimli bolmagy we hakykatyň yzynda gaýduwsyzlyk bilen durmagy hem birinji gezek sen bize sapak beripdiň, Gajar aga! Men dogry aýdýaryn gerek, dostlar!

– Örän dogry aýdýarsyň. Örän dogry aýdýarsyň – diýşip, oturanlar töwerek-daşdan seslendiler.

Gajar aga bolsa, gür gaşlaryny çytýardy, göýä diýersiň, Berdi pökgen oňa agyr töhmet ýapýan ýaly, ol ullakan gözlerini alardyp, Berdi pökgene seredýärdi.

Berdi pökgen sözüni dowam edip:

– Sen bize terbiýeçi ata hökmünde bolduň, Gajar aga, bize ak ýürek bilen işlemegi ak ýüreklilik bilen ýaşamagy öwretdiň. Örän köp sag bol, Gajar aga, ýaşyň uzak bolsun!

– Ýaşyň uzak bolsun! – diýip, oturanlar hem gygyryşdylar.

Gajar aga ýüzüni aşak salyp, pikir edip otyrdy. Onsoň ol ýüzüni galdyryp, Berdi pökgene baka gözlerini dikdi-de:

– Köp sag bol, oglum, men senden köp razy. Dogrusyny aýdanda bolsa, mugallymçylyk nire, men nire, sizi terbiýelemek nire?! Harp tanamaýan adamdanam mugallym-terbiýeçi bolarmy? Aslynda bolsa,

gyşyň uzak gijelerini ýeke-ýalňyz tukatlykda geçirmek örän kyndy, şonuň üçin hem sizi töweregime üýşürmek maňa adat bolup galdy. Onsoň men öz başymdan geçenleri hem görüp-eşidenlerimi size hekaýa edip bermeli bolýardym...

Şol wagt Bally wara geçen çagalyk häsiýetini ýatlady-da:

– Gajar aga, ýene bir gezek könäni ýatla-da gyzykly bir hekaýa aýdyp bersene! – diýdi.

Oturan ýigitler hem ýerli-ýerden:

– Gaty dogry, Gajar aga, näme-de bolsa bir gyzykly zat hakynda gürrüň ber–diýşip, Bally waranyň sözüni göterdiler.

Gajar aga, azajyk dymandan soň, başyny ýaýkady-da:

– Ýok, hiç zat aýtjak däl, şu mahal wagty däl... Häzir palaw, çekdirme iýmeli, bu mahal keýpi-sapa wagty... Ýöne welin men size bir zat aýtjak: gadymdan aýdylyp gelýän bir nakyl bardy: "Är garrar, heňňam garramaz" diýerdiler. Indi pikir berip otyryn welin, şu nakyl menden hem bäş beter garrapdyr. Indi ol nakyly "Är garrar, heňňam ýigdeler" diýip aýtmak gerek... Watanymyz durmuşy bilen ýigdeldi. Hanha, görüp dursuňyz, bir gapdalyňyzda towuk ketegi ýaly, meniň köneje tamym otyr. Biz bolsak häzir giň eýwanly beýik jaýda toý--meýlis gurap otyrys. Köne zamanda şeýle jaýlarda diňe hanlar-begler, baýlar keýpi-sapa sürerdiler. Indi bolsa obamyzda her maşgalanyň şunuň ýaly täze jaýy bar. Hakykatdan hem, heňňam ýigdeldi, bütin oba ýigdeldi, ýer-suw hem, baglar hem, hatda depämizdäki asman hem täzelendi, ýigdeldi... Şatlyk guwanjymdan ýaňa men hem ýigdeldim... Ylmyň-bilimiň kuwwaty bilen siz, ýigitler, ýigdeltdiňiz. Köne wagtda düýe bilen alty aýlap ýörelýän ýoly siz uçýarsyňyz-da, birnäçe sagadyň içinde kesip geçýärsiňiz. Sandyk ýaly guralyň ýanynda oturýarsyňyz-da, bütin dünýäde bolup duran gürrüňleri diňleýärsiňiz. Bularyň hemmesi örän ýagşy. Ýöne mundan hem

gowusyny etmeli. Goý, giň Watanymyz mundan hem gowy ýigdelsin... Goý, bütin Garagum çöli gül-gülzarlyk, bag-bakja bolsun, baglarda bilbiller saýraşsyn. Siz şulary ediň... Ine, şonda maňa-da çagajyklara gürrüň bermek üçin zat tapylar. Siz maňa "Gyzykly gürrüň ber" diýýärsiňiz, indi siziň özüňiziň her haýsyňyz bir dilewar hekaýaçy bolupsyňyz ahyryn... Men size häzir hem gyzykly hekaýalar aýdyp bererdim welin, bir wagt size hekaýa aýdyp berýän wagtym hemişe kelläme geýýän ýatyş telpegimi itler alypdyr-da, arym-darym edäýipdirler, meniň hekaýaçylyk kuwwatym hem şol telpekdedi ahyryn, men onsuz hekaýa aýdyp bilemok – diýip, käsesini çaýdan doldurdy-da:

– Oglanlar, ýigdelen eýýamyň, täzelenen dünýäniň gadyryny biliň, öňa gulluk ediň – diýip, käsesini ýokaryk göterdi.

*1946*

# Mazmuny

Dordepel hakda dessan .......... 3

Dordepel .......... 9

Gajar aga .......... 87

**Ata Gowşudow**

# DORDEPEL

*Powest we hekaýa*

| | |
|---|---|
| Redaktor | *G. Gulbaýew* |
| Suratçy | *D. Akyýew* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |

34 086 m.

Ýygnamaga berildi 5.08.2007. Çap etmäge rugsat edildi 25.10.2007. Möçberi 70x100 $^1/_{16}$.
Ofset kagyzy. Edebi gatniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Fiz. çap listi. 9.68.
Şertli reňkli ottiski 11.26. Hasap-neşir listi 6.1. Çap listi 7.5.
Sargyt №3036. Sany 7 500.

**Türkmen döwlet neşirýat gullugy.**
**744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.**

**Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.**
**744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.**


26



Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy
adyndaky Milli Kitaphanasy
*T3-43634*



## Ata Gowşudow
(1903-1953)

Görnükli türkmen kyssaçysy Türkmenistanyň halk ýazyjysy Ata Gowşudow 1903-nji ýylda Ahal welaýatynyň Büzmeýin obasynda (häzirki Abadan şäheri) dogulýar. Ol ilki oba mekdebinde okaýar. Soňra düýpli bilim almak üçin Aşgabatdaky mugallymçylyk mekdebinde we Moskwada okuwyny dowam etdirýär. Moskwadan gelensoň, Aşgabatda dürli wezipelerde işleýär. Ýazyjy 1929-njy ýylda ilkinji "Ganly jeňňel" pýesasyny ýazýar.

A. Gowşudow 1933 – 1938-nji ýyllarda "Türkmenistan" gazetinde işleýär. Şol ýyllar ol "Gyzyl puluň gullary", "Ýolumy düzetdim", "Azaşan yzyny tapdy", "Garryny ýigdelden guwanç" eserlerini döredýär. 1938-nji ýylda ýazyjy Türkmen döwlet ylmy-derňew dil we edebiýat institutyna işe girýär. Şol ýyllarda ýazyjy halk döredijiligine degişli "Türkmen halk ertekileri", "Aýal-gyzlaryň aýdym we läleleri", "Görogly" ýaly eserleri çapa taýýarlaýar. "Magtymguly we halk döredijiligi", "Bagşy we şahyrlar" diýen ylmy makalalary ýazýar. Şondan soň A. Gowşudow has hem önjeýli işläp, "Watan ogly", "Iň soňky arçyn", "Dordepel", "Gajar aga", "Juma", "Mähri – Wepa", "Köpetdagyň eteginde", "Perman" ýaly ajaýyp eserlerini okyjylara hödürleýär. Bu eserler çeperçiligi, sada dilde beýan edilişi bilen türkmen edebiýatyny baýlaşdyrdy.